enedilim.com

Allaýar Çüriýew

# Bir soragyň ýigrimi ýyllyk sütemi



ALLAÝAR ÇÜRIÝEW

*Kakam Çüri Çary*
*oglunyň ýagty ýadygärligine*

# BIR SORAGYŇ ÝIGRIMI ÝYLLYK SÜTEMI

«Meşrep» neşirýaty
Aşgabat – 1993

A. Çüriýew sowet döwründe şahsyýet kulty ýyllarynda nähak pida bolan ykballaryň ýüzlerçesi hakynda ýazylan kitaplaryň birnäçesiniň awtorydyr.

Kitapda öň okyjylara az mälim bolan wakalar barada söhbet açylýar. Ozal, sowet döwründe seýrek, şeýle hem subýektiw ýazylan, tas unudylyp ugralan wakalar dogrusynda, türkmeniň gerçek ogullary, türkmen halkynyň aýaga galmagy üçin köp iş bitiren, soň hem jemgyýetiň pidasy bolanlaryň, şeýle hem ýigrimi ýyla golaý öz ömrüni sowuk ülkelerde sürgünlikde geçirmäge mejbur bolan Türkmenistanyň halk ýazyjysy Hydyr Derýaýewiň we beýleki onlarça adamlaryň ömürleriniň «ak tegmilleri» hakda anyk taryhy dokumentlere salgylanyp gürrüň edilýär.

Kitap giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenendir.

# «DAŞ DAŞA DEGDI»

Şahyr Şaly Kekilowa otuz ýedinji ýylda nähak töhmet atylýar. Ol «halk duşmany» hökmünde türmä basylýar. Onuň şo wagt bary-ýogy 31 ýaşy bardy. Şahyryň ömrüniň şo döwri hakda Türkmen sowet ensiklopediýasynda şeýle setirler ýazylypdyr:… «1936-njy ýyldan tä Beýik Watançylyk urşunyň başlanan gününe çenli «Sowet edebiýaty» žurnalynyň we «Sowet Türkmenistany» gazetiniň redaksiýalarynda jogapkär wezipelerde işledi»…

Gynansak-da, bu jümle onuň ömür ýoly hakda okyjylara anyk we doly düşünje berip bilenok. Şonuň üçinem biz şahyryň aýaly, 77 ýaşly Bibi Kekilowa bilen duşuşmagy, onuň bilen söhbetdeş bolmagy makul bildik. Bibi eje biziň bilen söhbetdeş bolmaga göwünjeňlik bilen razylyk berdi.

* * *

— Bibi eje, gürrüňi başdan başlaýalyň. Şaly Kekil bilen haçan, näwagt durmuş gurduňyz?

— Başdan başlasak, onda şeýle jigim. Kakamyz Seýitli, oňa obadaşlary Serdar hem diýerdiler, raýispolkomyň başlygy bolup işledi. Şalam şo döwürde Arçmanda mugallym bolup işleýän eken. Kakam ejeme zada-da geňeşmän meni

ol oglana durmuşa çykardy goýberdi. Kakam «Gyzym şondan rahat tapar. Şol oglan bihal oglan bolmaz» diýdi. Ejem kän gynandy şoňa. 29-njy ýylda Şaly meni Köşä getirdi. Obadan ýerem bir aldy. Aman, Çary, Gara tehnikumdady şo wagt. Okaýardylar.

— Kim olar?

— Aman Kekil, Çary Aşyr, Gara Seýitli. Gara meniň süýtdeş doganym. Ol menden iki ýaş kiçidi.

— Şeýdip ýaşap ýörüs, 37-nji ýylam ýetip geldi. Tutha-tutluk başlandy. Oraz Täçnazar gitdi. Yzyndan Hojanepes Çaryny äkitdiler.

37-nji ýylyň haýsy günüdigi ýadyma düşenok, ýöne Hojanepes tutulandan bäş gün geçensoň, onam äkitdiler.

Üç gün möhlet berdiler. «Çykmasaň, özümiz çykararys» diýdiler. Ýalňyşmasam, şo wagt Ýazyjylar soýuzynyň başlygyna Mätjanow diýýärdiler. Soň o-da tutulypdyr. Soň Kemal Işan boldy. Tä Şaly çykyp gelinçä soýuza başlyk boldy. Ol maňa kän hossar bolandyr. Baý, gelneje diýip gowy görerdi. Olar teke bazary töwereginde, bizem orus bazary töwereginde ýaşaýardyk. Gatnaşýardym. Gelniniň adamkärçiligi gowudy. Ýekeje gyzjagazy gujagynda, ýer titrände wepat boldular. Meni gören ýerinde durup «Çagalar nähili?» diýip, ýekän-ýekän soraşdyrýardy. Ýöne başga adamlaň hemmesi bu köçeden gelýän bolsa, o köçä sowulyp geçýärdiler.

Şalyň kakasynyň doganyna Işan aga diýýärdiler. Şol maňa ilki Köşüde ýaşamaga ýer berdi. Sygyr ýatagy. Daş-

-daşa degdi. Eltim brigadire baryp şeý diýipdir: «Men şo gelni getirjek weli, nädip getirjegimi bilemok» diýse, brigadir «gelneje, şo gelne dört sany pyrgun bererin» diýipdir. «Al-da gaýdyber» diýipdir. Göçüp geldik. Sygyr ýatagynyň ortasyndan peçjagaz gurduk. Ölen gyzym Suraý ýadyma düşýä şu wagt. Şu ikijigi oturandyr, o ýanda biri, bu ýanda biri. Gije Şalyň agasy gelip «Nähilek gelin, Şala peredaçy berip bildiňmi?» diýip giderdi. Raýondan peredaçy bermek aňsadrakdy. Men zol Ata Nyýazyň aýaly Maýsaň yzyna düşüp giderdim. Bir gezek on bäş gün ýatdyk gaýraky türmäň gapysynda. Bir saparam görkezmediler. Diňe sudda görkezdiler.

— Sudy nirede etdiler?!

— Lenin bagynyň içinde sud bardy. Şonda sud etdiler. On bäş-ä soldat, on bäş sanam it, sud edilenlerem Musa Ysmaýyl, Ýakup Nasyrly, Ruhy Aly, Şaly, Ata Nyýaz. Hemmesine şo taýda sud etdiler. Şala on ýyl-a tussag, bäş ýylam hukuksyz bolmaly diýip, ýyl kesdiler. Itlerine-de biziň atan zatlarymyzy berdirenokdylar. Sud on bäş gün dagy dowam etdi. Ýyl kesjek bolanlarynda «hany, aýallary gelsin, görüşsinler» diýip maşgalalaryny goýberdiler şo taýyk, şonda meň gyzym bilen Maradyň (Ata Nyýazyň ogly) aglap «papam», «atam» diýip gygyryşlary ýadymda. Olary türmä çenli ugratdyk.

— Esasy ýöňkelýän günä näme?

— Tersçil diýip sudda aýtdylar. Şaly iki ýyldan soň boşap geldi. Sibirden birje gezek hatyny aldyk. «Posylka iber»

diýip ýazypdyr. «Içine suhary hemem sarymsak sal» diýipdir. Iberdim. Başga hat gelenokdy. Iki ýyl dagy geçensoň ilki Musa Ysmaýyl geldi. Soň Ruhy Aly, Ýakup Nasyrly, Ata Nyýaz, Şaly çykdy. Şaly tutulmanka Engels köçesinde oturardyk. NKWD-äň jaýyna golaý ýerde. Soň Şaly «Çagalammyň hem sesi çykanok, olaram ýok edendirler» diýip pikir etdim» diýerdi.

Hojanepes Çary bilenem bir kamerada oturypdyr. Bileje bir çilim çekip. Biz oň bilen ýöne-möne goňşy bolan däldiris.

Alty Garly, Aman Gulmämmet, ýazyjylar, terjimeçiler, hemmesi öýümizde bir goýun iýip giderdiler. Şaly tutulandan soň hemmesem ýüz sowdy: «Nähilisiň?» diýen adam bolmady. Döwür şeýle boldy-da!

## Awtoryň döwür hakda oýlanmasy

Şo wagtlar «Sowet Türkmenistany» gazetiniň redaktory şahyr Oraz Täçnazarow «halk duşmany» hökmünde basylandan soň döredijilik işgärleriniň hem bir toparynyň daşyna geçip ugraýarlar. Ata Nyýazow, Şaly Kekilow, Hojapepes Çaryýew, Allaberdi Geldiýew, Anna Muhadow... Bu spisogy ýene-de uzatsa bolardy. Elbetde, döwür galagopludy. Her kim birek-birege müňkürlik duýgusy bilen garamaga başlapdy. Men şo döwrüň «Sowet Türkmenistany» gazetiniň sahypalaryny agdaryp otyrkam «Halkyň duşmanlaryny ahyryna çenli paş etmeli» diýen ýazgyda gözüm saklandy.

Bu ýazgy şo döwrüň ýüzüni hiç bir düşündirişsiz mälim edýär: «...Şeýle duşmanlardan ýene biriniň Täçnazarowyň ýakyn dosty we onuň pikirdeşi çüýrük liberal Şaly Kekilowyň hem üstüni açdy.

Şaly Kekilow, Täçnazarowyň bütin antisowet işleri bilen tanyş bolsa-da, onuň bütin hyýanatçylyklaryny bilse-de, ony öz wagtynda paş etmändir we bu-da onuň Täçnazarow bilen pikirdeş bolandygyny tassyk edýär.

Şaly Kekilow üsti açylan troskist Ata Nyýazow we Çaryýewler bilen dyngysyz arak içip, pýan bolup we her hili ýaramazçylyklar edipdir.

Ol haramzadalar bilen birigip, biziň ýoldaşlarymyz hakynda hapa sözler aýdyp gelipdirler.

Köçeden geçip barýan ýaragly gyzyl esgerleri görkezip, Şaly Kekilow özüniň ýanynda bolan bir adama «şu ýaraglary görýärmiň, bu ýaraglar adam öldürmek üçin öndürilýärler»... diýip, antisowet gürrüň aýdypdyr.

Sowet Soýuzynda ýarag goranmak maksady üçin ýasalýar. Biz adam öldürmek maksady bilen ýarag ýasamaýarys diýip gaýtawul berilse hem ol ýene-de bu pikiriniň üstünde durupdyr...

Biz mundan buýana hüşgär bolmak bilen, her bir ýere burnuny sokup, girip galan duşmanlary we olaryň lagerine geçip, biziň watanymyza hyýanatçylyk edýän haramzadalary ahyryna çenli paş etmelidiris»...

Şeýle paş etmeler sowet halkyna ýeňil düşmedi. Millionlarça günäsiz adamlar türmelerde çüýredi, olaryň kö-

püsiniň mazary hem belli bolman galdy.

* * *

— Şalyň tutulan güni ýadyňyzdamy?

— Hojanepesi tutup äkitdiler. Şondan bäş gün dagy geçensoň Şaly işden gelip «Çaý içeli» diýdi. Işleýän otagynda tok çäýnegi bardy. Şony oturtdy. Çaý içdik. Şol wagtlar ol täzeje kostýum tikdiripdi. Çaý içip bolduk weli, ol maňa «Şuny geýip, Lenin bagyna aýlanyp geleýin. Çagalary äkitmäýin, ýöne özüm aýlanyp geleýin» diýdi. Pikir edýär-de. Gitdi. Şaly gitdem weli, Ata Gowşut geldi. «Hä, sag-aman otyrmysyň?» diýdi. «Hany, Şaly?» diýdi. «Şaly şu taýlaryk bir gezelenç edip geljek diýdi» diýdim. «Aý, göräýjekdim. Ata geldi diýde aýdaý» diýdi. Ol gaty aladaly görünýärdi. Geldi weli, «Ata geldi». diýdim. «Kim Ata?» diýdi. «Dostuň-da, Ata Gowşut» diýdim. «Bä, o nähili geläýdikä?» diýdi, görgüli. Elbet, ýüregi syzýandyr-da, birnäçe wagt geçensoň «Meni gelip äkidäýseler, çagalary oýarmagyn. Görmesinler» diýdi. Sagadam näçedigini bilemok, o tamda ýatdam weli, gapymyz kakyldy. Näm bar? Stoluny çekdiler. Öýümizde hiç zat ýok. Öý bilen işleri ýok olaň. Şeýtdiler-de, ýazanja zatlaryny alyp, aldylar-da ötäýitdiler.

— Türmeden boşap gelensoň öz başdan geçirenleri hakda näme gürrüň berýärdi?

— Gören görgüleri hakda hiç gürrüň etmezdi. Ýöne bir gezek şeý diýdi. Fronta gitjek uçurlarydy. Baba Baýramow diýip goňşymyz hem otyrdy (soň ol ministrem boldy) şon-

da «Endamymdan toguň awusy gitmäkä, gitmeli boldum» diýdi. Hawwa. Amanam otyr. Ýene kim bardy, gyz. Aman şonda: «Şaly, hiç yzyňy gaýgy etme. Meň çagalam näme iýse, olaram şony iýer, meň çagalam näme geýse, geýerler» diýdi. «Meň janym sag bolsa, pikir etme» diýdi... Şalam: «Aý, Aman, şol oturana bor näme bolsa» diýip maňa ümledi. Meň horlanjagymy bilýä-de ol. Amanam «sag-aman gel dogan. Nädeli. Uruş-da. Belki, menem ertir giderin» diýdi.

Her hatynda «Aman bamy? Gara bamy? Şolar saglykmy?» diýip ýazardy.

Berdi Kerbaba-da, ony frontda görüpdir-ä. Ol «Türkmen oglanlaryndan kim bar?» diýip sorapdyr. «Şaly Kekil bar» diýipdirler. Görşüpdirler. Şonda Şaly meni sorapdyr. Berdi aga-da «Alada etme yzyňy, hemmesi mes-gurgun» diýipdir.

Soň Berdi aga gülen bolup, muny maňa-da gürrüň berdi. «Soldat eşigem baý gowy gelişýän eken» diýdi.

— Frontdan iberen hatlary barmy?

— «Gulagymyň ýeňsesinden birazajyk ýaraly boldum weli, gospitala salmadylar» diýip, bir haty geldi. Onsoňam «Toýa ugraýas» diýipdir. Şo toýa ugraýşy boldy. Şo hatlar ýok mende. Men o hatlary ýer titremesinde ýitirdim. Ýer yrananda biziň jaýymyzy gazmadylaram. Tapjagam bolmadylar. Özümiz çykdyk. Goňşymyz Baýramowyň ähli çagasy ýeriň aşagynda galdy. Ýekeje emdirýänje çagasy bilen galdy. Baýramowyň özi kurortdady. Aýalam Mara gidipdi. Artelde işleýärdim. Başlygymyz «Artelimiz harby gospitalyň ýanyna göçjek. Arteliň zatlaryny ýerden gazyp almasaňyz, hiç

kimi hiç ýere goýberjek däl» diýdi.

Menem aljyrap, gyzlary yzyma tirkäp, obadaşymyz Annaguly Mämmetgulyýewiň howlusyna göçüp barýan. Şo ýerden gatnap işledim. Uly oglum ýaraly boldy. Daşkentde ýatyp geldi. Şondan soň ýykylan jaýymyzy görmek üçin bardym weli, ermeni goňşularym käýäp «Nämüçin beýtdiň, obadan dagy gelip, bir zatjagaz edip beräýseler. Ömür goňşy bolduk. Bile ýaşaly» diýip başladylar. Onsoň oglanlaryň ýanyna baryp: «Tagta kän, maňa-da bir zat ediberiň» diýdim. Tä Kalinin köçesine göçürýänçäler, Engelsde ýaşadyk. Berdi aga-da «Göçmeli boljak. Bu taýyny dileýärler» diýdi.

Görülmedik gün ýokdur, jigi. Meň başymdan geçeni, her bir musulmana salmasyn. Dogry, Aman hor etmedi. Seretdi. Gowam gördi. Ýöne türme bir başga boldy-da.

— Şaly basylansoň, elbetde, size ýeňil düşen däldir. Olaram iýdirmeli, geýdirmeli. «Halk duşmanynyň» maşgalasyna işe ýerleşmegem ýeňil bolan däl bolsa gerek.

— Şaly basylansoň, eýdip-beýdip fabrige işe ýerleşdim. Işdeş ýoldaşlarymam kileň alili aýallar. Olar «Gyzym, sen bir ýaş gelin. Saňa näm boldy? Bu taýyk işe girdiň?» diýip soraýarlar, «Aý, adamym prowodnik. Aýlygymyz ýetmän giräýdim» diýip gülerdim-dä. Işläp ýörün. Hiç kime «Men Şaly Kekiliň aýalam» diýemok. Zarýadnik bolup otuz alty maşyny işledýän. Direktorymyza Muhy Mämmedow diýerdiler. Nohurly. Men bir ýyl şotaýda işledim weli, bir gün ol meni ýanyna çagyrdy. Bilenok kimiň aýalydygymy.

— Size gorodokdan jaý berjek — diýdi. Oňa-da Sapar-

muhammedowa diýip orunbasarymyz bardy, şol aýdypdyr.

— Ýok, men göçjek däl. Birtopar türkmeniň arasynda otyryn. Şo taýda oturaýjak — diýdim.

— Onda özüňiz biliň — diýdi.

Soň ol Şaly türmeden çykyp gelensoň oňa «Wah, men seň aýalyňdygyny soň bildim» diýipdir. Şalam «Ol aýtmaz» diýipdir. Şeýdip gülşüpdirler.

— Şaly Kekil kimlere aýratyn sarpa goýýardy. Dost-ýarlary kimlerdi?

— Muň ýaly dostlaryny gowy göregen ýokdy. Ol Oraz Täçnazar bilen gaty gowy dostdy. Ol öýmüze ýygy-ýygydan gelerdi. Öýmüzde gowy bufedimiz bardy. Oraz her gelende «Bufediňi maňa sataý» diýip, degişerdi.

Kemal işan maňa gaty köp kömek edendir-ä. Ýüregi awady-da maňa, neressäň. Ýazyjylar soýuzynyň başlygy bolubam işledi.

Beki Seýtäkow gyzyl ýaly adamdy. Maňa dagy «Köplüge barma. Ýazyjylaň jaýyna höwes etme. Ikimize şuň ýalak çola ýer gowudyr. Şalyň howlusyny giderme» diýip, kän aýdandyr. «Men dostlugymdan aýdýan muny» diýerdi, pahyr.

Ýöne, Şaly tutulmanka bir ýazyjyň üstünde Beki bilen gaharlaşdam… Bekä käýäpdir. Men Şala şonda «muny oňarmansyň» diýip, aýtdym.

Ýer titränden soň Aman Çärjewde işledi. Soň ol Aşgabada gelensoň: «Gelneje, işlän bolaňda näme aljak?! Çagalaryň arasynda otur. Kömek ederin» diýdi. Kömegem


enedilim.com

etdi. Oň daşyndanam Şaly bilen çagalara 120 manat alýardym. Çagalar okuwdan çykansoň o pulam kesdiler-de, Kyrk manat berip başladylar. Şol kyrk manady aldym ýördüm, aldym ýördüm. Şalyny tanaýan pensionerler «Näme üçin sen SK ýüz tutaňok» diýýärler. «SK-da näme işim bar» diýýän. Ahyry ministr Kekilowanyň pensiýasyny 60 manat bir etjek bolalyň» diýipdir. Indem bir ýyldan bäri 60 manat pensiýa alýan.

Günüme elli köpükden düşýä. Goňşulam «Bibi eje, günüňe bir manat bilen ýaşap bilýäňmi?» diýip soraýarlar.

60 manadam näme şu ýaşikden alýan, o ýaşikde-de töläp gaýdýan. Işläýin diýsemem, gurbum ýok. Golaýda urşa gidip gelmedikleň yzynda galan dul gelinleri ýygnadylar. Adymy tutan bolmady.

— Bibi eje, gaýrat ediň-dä! Kynçylygy şu gün görmeli däl-ä siz.

— Ýok, jigi, günümden nalamok. Açlygynam gördük, ýalaňaçlygynam. Baş alyp çykdyk. Bir dilegim, ýurt abatlygy bolsun. Uruş-jenjel bolmasyn. Biz gördük, bizden soňkular welin görmesin indi bu zatlary.

*Dekabr, 1989.*

# ÝAŞULY ŽURNALIST

82 ýaşly Gazak Geldiýew Baýramaly şäherinde ýaşaýar. Ol otuzynjy ýylda «Şuralar Türkmenistany» gazetinde işläpdir. Şo ýyllar bu gazetiň redaksiýasynda işlänlerden indi ýek-tük galypdyr. Gazak aga bilen men 1990-njy ýylyň aprelinde söhbetdeş bolupdym.

— Gazak aga, siz türkmen sowet metbugatynyň ýaşuly wekilleriniň biri. Gazete işe gelşiňiz hakda birki agyz gürrüň beräýseňiz?

— Onda men gürrüňi başdan Aşgabatda sowet-partiýa mekdebinde okan döwrümizden başlaýyn. Men bu dört ýyllyk mekdebi ýigrimi ýedinji ýylda gutardym. Meni «Goşçular» soýuzynyň garamagyna iberdiler. Oň başlygyna-da Saparja Amanekow diýerdiler. Olam meni Baýramaly raýon «Goşçular» soýuzyna işe iberdi. Oň başlygyna-da Garakese Mergen diýerdiler. Birwagtlar TKP MK-nyň[2] birinji sekretary bolup işlän Jumadurdy Garaýewiň kakasy. Mende onuň goly çekilen dokument hem bar. O ýerde-de bir ýyl işlämsoň daýhanlar öýüniň müdiri bolup işläp başladym. Soň mekdeplerde mugallym ýetmänsoň, mugallym bol-

[2] TKP MK – Türkmenistan kommunistik partiýasynyň merkezi komiteti.

maly diýdiler. Mekdepde-de bir ýyl işledim. Şo ýerde-de gazete habar ýazyp başladym. Habarçylygam gyzykly bolar eken. Gazetde ýygy-ýygydan çykyş edip başladym. Otuzynjy ýylda redaksiýadakylaryň hem gözlerine ilendirin-dä, meni «Şuralar Türkmenistany» gazetine işe aldylar. Şo döwürde gazetde Berdi Kerbabaýew, Garaja Burunow, Şaly Kekilow, Aşyr Annabaýew, Aşyr Keşik dagy işleýän eken. Gazet arap elipbisinde çykýardy. «J. Ý. Halmyradow ýa-da Gurtmyradow» diýlip gazete gol çekilýärdi. Ol TK(b)P MK-nyň[1] hem-de Türkmenistan Sosialistik Şuralar Jemhuriýetiniň Merkezi Ijraýyl Komitetiniň organydy. Işläp ýörün. Öwüt-nesihat ýok. Konsultantam ýok. Birsalym bir bölümde saklap, biriniň-ikisiniň ýanynda goýýa, bir aýdan soň başga ýerik geçirýä. Eline papka berip, komandirowka ugradýandyr. Çärjewe, Kerkä, Mara, Daşhowza kän iberenokdylar. Ol ýerler howpludy. Janyňa kast edilýän halatlary az bolanokdy.

Komandirowka baramyzda, raýkoma girmezdik. Öňi bilen GPU-a[2] barardyk. Redaksiýada komandirowka gitmeziň öňünçäsi «Şoň işiginden garagyn. Şahadatnamaňy görkezgin» diýýärdiler. Ol ýere baraňsoň, bellik ederdiler-de, «Dolanyp geleňde ýene gel» diýip tabşyrýardylar.

Dogrusyny aýtsaň, şo wagtlar redaksiýada ýolbaşçylyk gowşakdy. Tejribesizlikden makala ýazaňda şo itinip duransyň.

---

[1]TK(b)P MK – Türkmenistan kommunistik (bolşewikler) partiýasynyň merkezi komiteti.

[2]ГПУ – Государственное Политическое Управление.

Bir gezek men Türkmengala komandirowka gitdim. Hojalyklara aýlanyp, işlerimi bitiripdim. Şonda maňa bir Işanyň ýetişen üç gyzynam durmuşa çykarman saklaýandygyny gürrüň berdiler. Biri ýigrimi, biri ýigrimi alty, birem otuz ýaşynda.

Aşgabada gelemde men muny gürrüň berdim: «Hany ber maňa» diýdi, Agahan Durdy-ha däldi. Ýadymda däl. Ýazdy. Nähili ýazypdyr: Bir gün giçläp öý eýesi gelýär. Aýallar ýatyr. Çykarynyp girdi welin iki gyzyň arasy eken. «Aý, kaka, mendirin» diýýä gyzy. «Tokmakda» bardyr şol. Şuňa meňzeş wejera zatlaram ýazyldy. Häzir saklanylýa. Dürtmeräk ýagdaýda işledik.

— Gazetde işlemegiňize sowet-partiýa mekdebini tamamlamagyňyzyň hem kömegi degendir-le?

— Gürruňi näme? Ýöne mekdepde okamyzda ýekeje-de türkmen mugallymy ýokdy. Köpüsi azerbaýjandy. Atabaýew, Aýtakow, Sähetmyradow dagam aýda bir gezek gelip, leksiýa berýärdiler. Atabaýewiň elinde kişmiş ýa-da hozdur. Döwýänje zadam bardyr. «Hä, oglanlar, şü tamlary, şü tamlary, köçeleri görýäňizmi» diýýädi. «Biz oglankagam şu zatlar bardy. Bularyň gitjek ýeri bolmaz» diýýädi. «Häzir okuwyňyz bilen boluň. Okanyňyz okanyňyzdyr. Bular gaçyp gitmez» diýýä.

Ýene-de bir gezek Atabaýew şeý diýdi:

«Biziň türkmenimiz birhili ýagdaýda. Nesihat berýäň, töwella edýäň. Alanok. Indi oňa näme etmek bolýa. Gatyňy görkezmeli bolýa. Şu taýda wokzalyň ýeňse tarapyndan

türkmen obasy bar. Şemiller diýip, iki-üç dogan bar weli, işleri adam öldürme. «Bu kärlerini goýsunlar» diýip, telim adam iberdim. Etmediler. Ahyry ýygnamaly boldy. Indi günälerini boýunlaryna goýup, özlerinem öldürmeli boljak» diýip aýdany ýadymda.

— «Şuralar Türkmenistanynda» köp wagtlap işlediňizmi?

— «Daşhowuzda täze gazet açylýa» diýip eşitdik. Esen Soltannyýazam Merkezi Komitetde metbugat bölüminde işleýä. Bir gün meni tutdy. «Men-ä gitjek däl» diýdim. «Gitmeseň gaty erbet bolar» diýdi. Özümem komsomol[1] çleni, 26-27 ýaşlarymda. Gitmeli boldum. Şeýdip o gazetem ýola saldyk. Wagtynda-da çykaryp bilmedik. «Bolşewik» ady bilen çykdy.

Daşhowuz raýonynyň MTS-niň syýasy bölüminiň naçalnigine Oraz diýerdiler. Ýeňil maşyny bar. Bi barýa-da meýdanda işläp ýören aýallara barmagyny görkezip «Gel» diýýär. Hiç kimden çekinenok. Kisesinde sapançasy bar. Olam gelýä. «Maşyna mün, seni gezdirmäge äkideýin» diýýär. Äkidýär. Agşam getirýämi ýa öýüne äkidýämi, alla bilsin. Ertesi ýene bir başga kolhoza gidýä. Şeýdip ýör bi. Şo wagtlar Merkezi komitetiň görkezmesi bardy: syýasy bölümiň naçalniginiň adresine tankydy zat ýazmaly däl. Men ondan habarlydym.

Bu ýakasy gaýyşly naçalnigiň eden-etdiligi hakda gazetiň bir sahypasyny dolduryp tankydy makala ýazdym. Ähli

[1]Комсомол - коммунистический союз молодёжи.

pyssy-pyjurlygyny görkezdim. Ol şikaýat edip, ilki okružkoma ýüz tutupdyr. Okružkomda-da maňa «indikile gaýtalama» diýip, käýäp goýberdiler. Naçalnik muň bilenem kanagat etmän, Merkezi Komitete hat ýazypdyr. Ýokardanam hat gelipdir: Meni wezipeden boşatmaly. Daşhowuz okružkomynyň sekretary Han Atamyşew maňa käýedi. Aýyrmagam kyn görýär. Kadr ýok.

— Sen syýasy bölümiň naçalnigini tankyt etmeli däldigini bilmeýädiňmi? — diýip sorady. Menem:

— Bilýädim — diýdim.

— Onda näme beýdýäň? — diýdi.

— Edýän zady çydar ýaly däl — diýdim.

— Seň işiň däl. Haramzada — diýip sögündi.

Şo gürrüňçilikde tankyt edilen adamam, GPU-nyň naçalnigem otyr. Karar kabul etdiler: işden boşatmaly gürrüň gutardy. Okrispolkomyň başlygy Begjanow ertesi meni ýanyna çagyryp:

— Seni okrispolkoma[1] işe aljak. Instruktor bolup işlärsiň — diýdi. Işe başladym. birnäçe wagtdan soň yzymdan habar geldi «öýerjek» diýip, Baýramala «Täze ýol» gazetine işe geldim. Işläberdim. 1943-nji ýyla çenli şo, gazetde işledim. Kolhozlara pyýada giderdik. Azyndan on bäş-ýigrimi kilometr ýol ýörärdik. Hemme zat hakda ýazýardyk. Ýöne edýän işimize ýürekden uýýardyk.

— Otuz ýedinji ýylda işdeş ýoldaşlaryňyzdan tutulany boldumy?

[1]Окрисполком – окружной исполнительный комитет.

— Men şo wagt «Täze ýol» raýon gazetinde işleýärdim. Redaksiýamyzda bir sakgally ýaşuly adam işleýärdi. Hoja gazaklaryndan. Özem Aýtakowyň tiresinden eken.

Menem jogapkär sekretar. Başga-da redaksiýada 4-5 adam bardy. Aýtakowyňam tutulan wagtlary. Şo ýaşuly «Aýtakow nähak tutuldy» diýip gürrüň edýärdi. Pahyry bir gün tutup äkitdiler. Şo gürrüňleri üçin ýygnalypdyr diýip eşitdik. Soň ol öwrülip gelmedi.

— Ýene-de mekdep ýyllaryňyza dolanaýalyň. Her niçigem bolsa oglanlyk ýyllarynyň ýatlamalary adamy şo ýyllara dolan ýaly edýär.

— Elbetde, adam garrasa-da, göwni garramazmyş. Nyzama durup, marş aýdymlaryny aýdardyk.

Sahatowdyr partiýanyň başlygy,
Işçi-daýhanlaryň göwün hoşlugy,
Merkezmiziň Aşgabatdan daşlygy
Indi Aşgabada geçdi diýdiler.

Ine, biziň bir marş aýdymymyz. Abdysalamow diýip komandirimiz bardy şo wagt. Ertir irden ylgadyp, birküç gezek aýlaýa uly howlyň daşyna.

Haýyrsyz, sahawatsyz, eý, gan içen baýlar,
Baýlyk sizden gider, döwran eglenmez.
Köşekli, torumly gumdaky baýlar,
Köşek sizden gider, torum eglenmez.

Şular biziň marşymyzdy.

Meň bilen bile okan klasdaşlarymdan Ata Mäne Tejendendi. Öwezdurdy Gylyçdurdy Tejendendi; Aşyr Keşik, Kakabaý Ataýew Aşgabatdan, Aşyr Annabaý bardy, Sahy Jepbar hem biziň bilen okady weli, soň taşlaýdy. Nahara gelýäs weli gygyryp aýdym aýdyp oturandyr. Beýlekilerem nahar iýýä. Herrikgaladan, Ýasmansalykdan, Gypjakdan, Gökjeden adam köpdi. Marydanam iki-ýeke bardy: Bähram Hanow, men. ...Tejenden oglanlar köpdi. Galpak Herräýew, Gulkişi Gulmyradow, Gulluk Hojaýew, Bazar Amanow bardy. Maşatköwdendi köpüsi.

Bir gün mekdepde ýygnak boldy: «Aşgabatda teatr açylýa, isleýäniňiz artist bolmaly» diýdiler. Ýaňkylar ýazyldy. Men-ä ýazylmadym.

— Soň fronta gitdim. Ukraina frontunda söweşdim. Doganlarymyň ikisi söweş meýdanynda galdy. Kiçimizden derek tapyldy. Ol Kaliningrad söweşlerinde wepat bolan eken. Golaýda şo ýerde esgerler garym gazyp ýörkäler, medalyň üstünden barýarlar. Medalyň ýüzünde nomeri bar. Şo nomeri takyklaýarlar. Olam meň doganym Alty Hojageldiýewiňki bolup çykýar. Adresi Baýramaly raýony, Gökje Gadyrýap obasy, Kalinin adyndaky kolhoz. Gyzy, onuň adamsy gidip üstüne ýadygärlik galdyryp geldiler. Beýleki özümden kiçisi Oraz Geldiýew hakda heniz hiç zat bilemzok.

*Maý, 1990.*

# «GERDIŞI KEÇ GAHBA PELEK ELINDEN...»

— Otuz ýedinji ýyl basa-baslyk başlandy. Atabaýew, Aýtakow, Gurban Sähedow, Sähetmyradow we başga-da gaty kän tanyş-biliş tutuldy.

Bir gün edarada işläp otyrdym. O wagtlar men «Türkmenbirleşigiň» partorgy. «Partiýanyň şäher komitetinde ýygnak bar. Şoňa gatnaşmaly» diýdiler. Bardym. Ýygnagy Merkezi Komitetiň sekretary Anna Muhammedowyň özi alyp barýar. Ol şonda özüniň Moskwa, Staliniň ýanyna barşy hakda gürrüň berdi. Onuň gürrüňi, ýalňyşmasam şeýleräkdi: Staliniň ýanyna girmek üçin kabulhanasynda üç gün oturýar. Üçünji günüň agşamsy, gijara ol oň bilen gürleşmäge wagt tapýar. Özüniň Türkmenistan Kommunistik bolşewikler partiýasynyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretarydygyny aýdýar. Ol şonda:

— Näme üçin Eýran, Owgan serhedinden basmaçylar geçýär? — diýip soraýar.

Anna Muhammedowam basmaçylaryň garşysyna berk göreşýändiklerini aýdýar.

Soň ol Atabaýewiň Moskwa gelende zol-zol Rykowyň

ýanyna barýandygynyň sebäbini soraýar. Anna Muhammedowam «Hojalyk meselelerini çözmek üçin» diýip jogap berýär. Şondan soň Stalin oňa başga sowal bermän, «Bar ötägit» diýipdir.

Anna Muhammedow ýagdaý bilen tanyşdyryp, çykyş edip bolandan soň, adamlar geýdirilişip ugradylar. Şonda GPU-nyň başlygy çykyş edip:

— GPU-nyň ýerzemininde halk duşmanlarynyň 250-si ýatyr. Ertire çenli bu san hasam köpelse gerek — diýdi.

Dogrudanam, ýygnakda oturan enkewedeçiler köpdi. Bir oňa seredýäler, bir muňa seredýäler. Ertesi gördük weli, aktiwde oturanlaryň ençemesiniň basylandygyny eşidip galdyk.

Noýabryň ýa 21-di ýa-da 22-sidi, meň yzymdanam Bolşakow familiýaly sülçi geldi. Şo wagt işdedim…

## Söhbetdeşimiň terjimehalyndan setirler

Familiýasy — Baýramow, ady — Bäşim. 1902-nji ýylda Köşi obasynda doglan.

1919-njy ýylda partiýa hataryna giripdir.

1919 — 1920-nji ýyllar — komsomolyň Poltorask uýezd komitetiniň jogapkär sekretary.

1920 — 1921-nji ýyllar — komsomolyň Türkmen oblast komitetinde jogapkär işgär.

1921 — 1922-nji ýyllar — Moskwada Gündogar zähmetkeşleriniň kommunistik uniwersitetiniň studenti.

1923 — 1926-njy ýyllar — Daşkendiň Orta Aziýa uniwersitetiniň rabfagynyň[1] okuwçysy.

1926 — 1927-nji ýyllar — partiýanyň Kerki okružkomynyň[2] jogapkär sekretary.

1927 — 1930-njy ýyllar — «Türkmendöwletneşirýatynyň» müdiriniň orunbasary.

1930 — 1931-nji ýyllar — Gökdepe raýispolkomynyň[3] başlygy.

1937-nji ýyla çenli hem TSSR[4] Sosial-üpjünçilik halk Komissarlygynyň we «Türkmenbirleşigiň» sistemasynda jogapkär wezipelerde işleýär.

## Söhbetiň dowamy

Hawa, kabinete giren Bolşakowy görüp, nämäň-nämedigini bada-bat göz ýetirdim. Ol mendäki partiýa guramasyna degişli ähli dokumenti aldy. Ýanymda rabfagy gutaranlygym hakda diplomym, partbiletim bardy, onam aldy. Soňam maşyna mündürip, türmä äkitdi. Türmede birnäçe gün ýatdym. Aşgabadyň gaýraky türmesinde. Soň soraga çagyrdylar. O jaýda-ha Aýtakowa sorag edip durlar, bu taýda-da menden. Meni tutup getiren Bolşakow menden sorag edýär. Aýtakow boýun alanok. «Ýalan — diýýä — hemmesi». Şeý diýip durdy weli — «Ýok, gol çekersiň» diýip

[1]Рабфак – рабочий факультет.
[2]Окружком – окружной комитет.
[3]Райисполком - районный исполнительный комитет.
[4]TSSR - Türkmenistan Sowet sosialistik respublikasy.

sülçiň gazaply sesini eşidýän. Olam «Çekmen» diýýä. Şo wagtam iki sany soldaty çagyrdylar. Olar Aýtakowy urup başladylar. «Wah, wah» diýdi pahyr. Äkidenlerinde meň üstümden geçip gitdi, şonda ol maňa garap «Bäşim!» diýdi. Menem «hä» diýdim. Oňa deňiç çykaryp äkitdiler. Menden sorag edip oturan Bolşakow howumy basjak bolup:

— Gördüňmi? — diýdi.

— Gördüm. Näme, urasyň gelýämi? Ur! — diýdim.

Soň ol:

— Aýdan zatlaňňy bolşy-bolşy ýaly, üýtgetman ýazdym diýdi.

Ol ýazan zadyny ýeter-ýetmez görkezen boldy.

— Göremok — diýdim.

— Galmagal etme. Ýaňkylary çagyryn — diýdi.

Onýança-da gapydan harby eşikli adam girdi. Ýüzüne bir seretdim weli, tanyş ýüz...

## Karamýans

Men Kerki okružkomynyň sekretarykam Karamýans okrugda GPU-nyň başlygydy. Aýalam okružkomda maşinistka bolup işleýärdi. Garaz, Karamýans bilen aramyz gowudy. Ol gapydan girenden:

— Galmagalyňyz näme? — diýdi. Ol gürrüňimizi ozal eşidip oturan ekeni.

— Men Baýramowa belet. Aslam garyp. Kerki okružkomynyň sekretary bolup işledi. Bile işledik. Onuň aras-

salygyna kepil geçýän. Onuň üstünden ýazylan material töhmet. Töhmet ýazanlaryň özlerini tutmaly. Baýramowa muň üçin azar bermäňi goý — diýip, gaharly gürledi. Bolşakowam elindäki ruçkasyny stoluň üstüne urdy-da:

— Onda işi özüňiz alyp baryň — diýdi.

Karamýansam:

— Bolýa. Sen häzir git. Ertirden başlap şu taýda işlemersiň. Sen meň kimligimi bilýänsiň — diýip jogap berdi.

— Bilýän — diýip, Bolşakow çykyp gitdi. Ýanymda Karamýansyň özi galdy. Şonda ol:

— Bäşim, elimden gelen kömegi etjek borun. Seň familiýaň atylmaly adamlaryň spisogynda. Ýöne spisogy täzeden peçat edip, familiýaňy aýraryn. Atyljak adam kän — diýdi.

Hakyt şeý diýdi.

— Häzir men seni türmä ibereýin. Şu ýerde seni gaýdyp adam çagyrmaz. Arkaýyn bol. Ýöne garaş. Atuwdan galdyrsam-da, on ýyl bererler — diýdi.

Ol şonda maňa ýene bir zat aýtdy.

— Menem tutarlar, başlygam tutarlar. Şumat ýokardan gelýän buýruklar gaty aýylganç. Ýagdaý şeýle.

Türmede dört aý ýatdym. Soragam ýok, zadam.

Türmede Marydan bir kolhoz başlygy bilen bile bolduk. Daýaw adamdy. Kerkide prokuror bolup işlän Ysmaýylow bardy. Köşüli Hajymuhammet Işan bardy. Pahyr ol şo ýerde agyr derde uçrady. Gäwersli bir ýigidiň özüniň nähili tutulyşy hakda beren gürrüňi ýadymda.

Staliniň «Üstünlikden baş aýlanmak» diýen işi çap edil-

ýär. Şonda ol Staliniň portretine seredip: «Öz başyň aýlanan bolaýmasa» diýen ýaly gürrüň edipdir. «Ýanymda hiç kim ýokdy şony aýdamda. Ýöne yzyma dusýän ekenler» diýip aýtdy.

Ýaňky Marydan tutulan kolhoz başlygynyň gürrüňi hem ýadymda.

— Aýtakow kolhoza gelip ýygnak geçirdi, ýygnakdan soňam meniň öýüme baryp, bir çaý içdi.

Mahlasy, kolhoz başlygyny ýygnanlarynda «Aýtakow siziňkä baranda saňa bir kagyz beripdir. Şony Türkiýä gowşurmagy saňa tabşyrypdyr. Şony boýnuňa al» diýipdirler oňa. «Düýbünden boýun almadym» diýdi. Elini görkezdi. Barmaklary ýolunypdyr. «Bir zada sokýalar-da: «Aljakmy boýnuňa ýa-da ýok. Gol çek» diýýärler» diýdi. Bir gezek ony 25 dagy adam bilen atuwa äkidipdirler. Bekrewäň ilersinde çukur gazylan bora çemeli. Hatara durzup «Näme islegiňiz bolsa ýazyp gol çekiň» diýip aýdypdyrlar. Olam «Men-ä atuw isleýän» diýip jogap berýä. Pahyr atuwa razy gelipdir-dä. «Atmaly» diýip buýruk berýäler. Adamlar «Waý, waý» diýip çukura gaçyp ugraýar. Olam özünden gidip ýykylypdyr. Görüp otursa, ony şeýdip gorkuzyp gol çekdirjek bolupdyrlar. Soň ony yzyna getirýärler. Ýerzeminde Atabaýewiň orunbasary Gurban Sähedowa duşýar. «Sähedowy gije atuwa äkitdiler, soň gaýdyp görmedim» diýip ol aýtdy.

Kolhoz başlygyny ýerzeminden türmä geçirýärler. Şo ýerde-de biz onuň bilen bile bolduk.

Şu ýerde men saňa bir zat aýdaýyn. Basha-baslyk otuz

ýedinjide başlandy diýýäler. Ýok, ol has ir başlandy. Adamy sähel gürrüň bilen yzarlamak, ony düýp-teýkary bilen ýok etmek ir döwürden başlandy. Men muny öz mysalymdanam bilýän. Günäm ýok ýerinden iki ýana çekelendim. Häzir men şo wakany gürrüň bereýin, günäm bamy ýa-da ýok, özüňe aýdyň bor...

## Gökdepe raýispolkomynyň başlygy

— Meni otuzynjy ýylda Gökdepe raýispolkomynyň başlygy edip saýladylar. Menden öňki raýispolkomyň başlygy daýaw aýaldy. Oňa on ýyl iş berlen eken.

Ýaňy işe başlan döwrüm raýkomyň karary bilen meni, ýene-de iki adamy guma iberdiler. Maňa-ha sapança berdiler. Ikisine-de tüpeň berdiler.

Az ýöräp, köp ýöräp, Mämmetýar guýusyna bardyk. Adam gara ýok. Göçülen ýurt ýaly. Ahyry biz köne donly, şypyrma telpekli, aýagam çokaýly oturan birine gabat geldik. Üç-dört sanam goýny ýanynda.

— Kim borsuň-ow? — diýsem.

— Men-ä çopan — diýdi. Hä, Bäşim aga tanamadyň-ow — diýdi.

— Tanamok.

— Men zawmag[1] — diýdi. — Bäşim aga bäri gaty howatyrly. Ýaňam birküç atly gelip gitdi. «Raýispolkom geldimi?» diýip soradylar. Menem «Geldi» diýdim. «Nirede

[1]Завмаг – заведующий магазином.

olar?», «Geçip gitdiler Ýerbende garşy» diýdim. — Dessine ugraň — diýdi.

Yzyňa gaýtmaly. Gelseňem hezil berilmejegini bilip durun. Maý aýy. Ýanymdakylaram «Yzymyza gaýdalyň» diýip goýanoklar meni. «Gideliň. Ýagdaýy aýdarys» diýip, belli netijä geldik.

Ikindinara raýona geldik. Garaşyp duran ýaly. Raýkoma ilki meni çagyrdylar. Soň beýleki ýoldaşlarymy. Raýkomda NKWD[1], partkontrol, raýkomyň täze sekretary otyrlar.

— Gaçyp gelipsiň. Basmaçy ýok ýerinden basmaçy bar diýip ýalan sözleýäň — diýdiler.

— Basmaçy baryny-ýoguny özüňiz gowy bilýänsiňiz. Öýüňizden çykyp bilmän ýatyň şu taýda — diýdim. Soň görüp otursam, meniň yzymdan 25 atly iberipdirler. Bularam ho taýda bir zat görýäler-de, yzlaryna gaçyp gelýärler. Menden soň.

Men gelmäkäm eýýäm, raýispolkomyň sekretaryny tutup äkidipdirler. Atypdyrlar. Galanlaryna-da 10 ýyl — 10 ýyl iş beripdirler. Raýkomyň býurosynda meni partiýadan çykarmaly etdiler. Tutjaklar indi. Özümem TSSR MIK-niň[2] çleni. «Şolaň karary bolmasa, meni çykarmaga hakyňyz ýok» diýdim.

Şeý diýip çykyp gaýtdm.

Näme etmeli? Töhmetiň pidasy bolaýmalymy? Kelläme bir pikir geldi. Wokzalyň naçalnigi bilen aramyz gowudy.

[1]НКВД – Народный комиссариат внутренних дел.
[2]MIK – Merkezi ispolnitel komiteti.


enedilim.com

Ýanyna bardym.

— Ilkinji ugraýan otly bilen meni Aşgabada aşyrmaga kömek et — diýdim. Olam:

— Häzir teplowoz gelýä. Men seni maşinistiň ýanyna mündüreýin — diýdi.

Agşam sagat onbirlerde Aşgabada geldim. Nirä gitmeli? Faktorowiçiňkä barmaly diýen karara geldim. Men oň bilen ozal «Türkmendöwletneşirde» bile işläpdim. Ol-a direktordy, menem oň orunbasary bolup işläpdim. Baryp gapysyny kakdym ýüz-gözümden aňandyr-da:

— Bä, Bäşim, näme, eýgilikmi? — diýip sorady. (Gürrüň şu ýere ýetende Bäşim aganyň aýaly «Men-ä onda işime gitjek. Özüň bir zatlar edersiň-dä» diýýär. Bäşim aga-da «Bor, ötäýit. Ýöne entäk göläni goýberme» diýýär. Gürrüňimizi dowam etdirýäs.)

— Faktorowiçe-de saňa gürrüň berşim ýaly, baryny aýtdym.

Faktorowiç Merkezi Kontrol Komissiýasynda sekretary bolup işleýärdi. Soň MKK-da[1] maslahat boldy. Raýkomyň býurosynyň hem ähli çlenleri maslahata çagyryldy. Şo maslahatda MKK-nyň işgäri Sary Işmekow çykyş edip: «Bäşimiň günäkär ýeri ýok» diýdi. Onam ters oturtdylar. Ahyry «Raýkomyň kararyny tassyk etmeli» diýdiler. Işimi prokurora geçirdiler. Öýüme-de baryp bilemok. Bir gezek barsam, goňşym «Yzyňdan gije geldiler. Tapman gitdiler» diýdi. Nirä arz etmeli? Ozal Kerkide prokuror bolup işleýän

[1] MKK – Merkezi kontrol komissiýasy.

Ysmaýylow diýip tanşym bardy. Şoňka bardym. Başymdan geçen wakalary gürrüň beremden soň ol «Bäşim, Daşkende, Sähetmyradowa telegramma ibereli» diýdi. Telegrammany gowy edip ýazdyk. Ertesem Ysmaýylowyň adresine jogap geldi. Telegrammany alyp, Faktorowiçiň ýanyna ylgadym. Habarly eken. «Görjek adamlaňňy gör, tizräk Daşkende ugraly. Biledi özüm alaryn» diýdi.

Daşkende gitdik. Faktorowiç-ä öz myhman ýersine, menem Halmyrat Sähetmyradowyň öýüne bardym. Özem, aýalam öýünde eken.

— Telegrammany aldyňmy? — diýdi.

— Aldym — diýdim.

Şonda ol:

— Bu zatlar Atabaýew bilen Aýtakowyň biligi bilen edilýändir. Kararda näme ýazylypdyr? — diýdi.

— «Basmaçy bar diýip dowul turuzdy» diýilýär. Birtopar adam atyldy, tutuldy. Meňem işimi prokurora geçirdiler — diýdim.

— Orta Aziýa býuroň başlygy bilen gepleşerin — diýdi. Ertesi Komissiýa bardyk. Üç adam bolup otyrlar. Oturanlaň biri: — On dokuzynjy ýyldan bäri partiýa çleni. Gaçmasaň bolmadymy? — diýdi.

Men düşündirdim. Soň Faktorowiçe söz berdiler. Olam: — Baýramowyň işine seredip, karar çykaramyzsoň, çet raýonlaryň GPU-synyň başlygyndan basmaçylaryň hereket edýänligi hakda maglumat gelip gowuşdy. Şonda Baýramowyň günäkär däldigi ýüze çykdy. Giç boldy. Ýalňyşlyk

goýberdik. Muňa-da «Basmaçy bar» diýse ynanmadylar. «Basmaçy düýbünden ýok» diýdiler.

— Basmaçyň barlygy hakda ýanyňda maglumat barmy? — diýip, Faktorowiçden soradylar.

Olam:

— Bar — diýdi.

— Hany, onda oka!

— Tejen raýonynda iňlis ýaraglary bilen ýaraglanan pylança basmaçy, Gökdepede munça, Gazanjykda pylança - diýip, Faktorowiçem sanap başlady.

— Umuman sany näçeräk?

— Bir müň üç ýüz töweregi basmaçy Garagumda hereket edýär — diýip, Faktorowiç jogap berdi.

Komissiýanyň başlygy, megerem Manžara bolsa gerek:

— Eger şeýle bolýan bolsa, Baýramow hakdaky raýkomyň kararyny ýatyrmaly — diýdi.

Maňa-da öňki işimde işlemelidigimi aýtdy. Men oňa indi ol işde işläp bilmejekdigimi aýtsam: «Onda Merkezi Komitete bar. Şo ýerde iş meseläňi çözerler» diýdi.

— Men elim dokumentsiz Merkezi Komitete görnüp biljek däl. Sebäbi häzir meni gözläp ýörler o taýda — diýsem, ol:

— Dokumentiň ýerine Faktorowiç bar. Entek biziň kararymyzy Moskwa tassyklansoň, saňa dokument bereris — diýdi.

Faktorowiçe-de men hakda berk tabşyrdy.

Aşgabada geldik. MKK-da otyrys. Edil şo wagtam prokuror jaň edip, meni sorady. Faktorowiçem oňa ýagdaýy bolşy ýaly aýtdy.

Şondan soň meni TSSR sosial-üpjünçilik halk komissarlygyna işe iberdiler. Respublikanyň inwalidler kooperasiýasy soýuzynyň başlygy wezipesinde üç ýyl töweregi işledim.

Indi gel, ýene otuz ýedinji ýyla dolanaly. Ýaňky gürrüňimiň bir ýerinde Sähetmyradowyň Atabaýew bilen Aýtakow hakda aýdan zadyny gürrüň berdim. Sähetmyradow bilen Atabaýewiň aralarynyň gowy däldigi hakda biz bilýärdik. Ikimiz hem köşüli bolamyzsoň, Sähetmyradowyň belli bir derejede maňa goltgy berendigini olar gowy bilýädi. Sähetmyradow Daşkende işe gidensoň meň başymdan ýaňky waka bolup geçdi. Megerem, Halmyrat munda Aýtakow dagynyň eli bar diýip düşünen bolmagam ähtimal. Hawa, indi otuz ýedinji ýyl. Türme. O ýerde-de sudsuz-zatsyz üçlügiň çykaran karary bilen meni on ýyl azatlykdan mahrum etdiler.

Bizi ilki «Melek» sowhozyna etap etdiler. Özbekistanda bir ýyl töweregi sowhozda işledik. Soň birnäçe adam bilen Daşkende äkitdiler. O ýerdenem Gazagystana, Aktýubinskä etap etdiler…

1937-nji ýylyň 28-nji noýabrynda türmä salnan Bäşim Baýramow şo ýylyň 2-nji dekabrynda 10 ýyl azatlykdan mahrum edilýär. 1947-nji ýylyň 28-nji noýabrynda hem boşap Aşgabada gelýär. Gelse, aýaly ýer titremesinde wepat


enedilim.com

bolupdyr. Çagalarynyň hersini bir ýerden ýygnapdyr. Işe ýerleşipdir. Öýlenipdir. Ýaňy ody sönen ojagynyň oduny ýakyp, ýaňy onuň gyzgynyna çoýunyp ugranda ýene ony ojak mährinden mahrum edýärler.

1949-njy ýylda stalinçilik tutha-tutlugynyň ikinji döwri başlanýar. Bu gezek ol Sibire ömürlik sürgün edilýär.

## Sibir sürgünliginde

— Aşgabat türmesinde dört aýlap sakladylar. Şo ýerdenem göni Sibire garşy iberdiler. Nowosibirskide bolduk. Üç etažly gaty berk türmesi bar eken. Onda adam öldüren jenaýatçylar saklanýan eken. Bir ýola uruşda ýesir düşen türkmenistanly esgerlere gabat geldik. «Gabawa düşdük. Ýöne gabawdan her edip-hesip edip gaçyp çykdyk. Ýöne herimize 25 ýyl — 25 ýyl iş berdiler. Özümizem indi Irkutskä iberilýäs» diýdiler. Ertesi bizi — bir topar adamy gämä mündürip, bir obaň çetine dökduler. Soňam teležkaň bir çetine mündürip bir ýerlerik äkitdiler. Ol ýerde-de «onýyllykçylar gelýä» diýip, aýallar öňümizden çykdy. Bizi bu taýda-da goýman Pyhtowka obasyna getirdiler. Meni bolsa Kolsowka obasyna ugratdylar. O ýerde-de işçi atlaryny ýetişdirdik. Bugdaý, süle ekilýä. Jebir barysyny gördük. Hormat hat berdiler. Az-kem aýlyk beren boldular.

Bir gezek obkompartiýadan bir wekil geldi. Doklad etdi. Çykyşynda «onýyllykçylar bilen aragatnaşyk etmäň. Çagalary goýbermäň» diýdi. Menem oturybilmedim-de:

— Bizem-ä okružkomyň sekretary bolupdyk. Beýle gorkar ýaly iş-ä etmändik. Biz nähak düşdük — diýdim. Ol «Sem bol-da, otur» diýip, maňa gödek jogap berdi.

Şondan bir aý geçmänkä «Stalin öldi» habaryny eşitdik. Birnäçe wagt geçenden soň ýene şol adam geldi. «Şu adamlaň günäsi ýok. Bulary goýbermeli» diýdi.

Menem:

— Düýn dälmi bizi garalap duranyň, iki günüň içinde aklanaýdykmy? — diýdim.

— Syýasat üýtgeýä. Nähak işler kän edilipdir — diýip, jogap beren boldy.

Ýene bir gezek şo taýynyň NKWD-siniň naçalnigi geldi. Gelip «Baýramow senmi?» diýdi. Haty elime berip «Oka» diýdi. NKWD-niň karary bar eken. Aşagynda-da Beriýanyň goly bar. Hatda «Ozal üçlügiň tussag eden adamlary tussaglykdan boşap, ikinji gezek sürgünlikde ýörenler şo ýerde ömürlik galýarlar» diýip ýazylypdyr. «Düzgüni bozan adamyny aýagy gandally işletmeli» diýilýär.

Şu ýerde bir zat aýdaýyn. Gaty awunamsoň yzyma gaýtmajagam boldum. Aýalym Baýramdursun yzymdan gelip:

— Seň bilen gidenleň köpüsi geldi. Seni nämüçin goýberenoklar? — diýdi. Bäş-on gün boldy. Ony ugratdym. Işlerimi düzedişdiribem Aşgabada gaýtdym.

## Partiýa hatarynda

Aşgabada gelip, TKP MK-nyň birinji sekretary Suhan Babaýewiň ýanyna bardym. Başdan geçirenlerimi jikme-jik gürrüň berdim.

— Bä, ýaman günler görüpsiň-ow — diýdi.

— Ýoldaşlarymyň köpüsi şo ýerde galdy — diýdim.

Meň meseläme TKP MK-nyň býurosynda garadylar. Çagyrylan güni býuro bardym. Kabulhanada otyryn. Ýanymda on ýyl oturyp gelen başga-da bir rus adamsy bar. Ilki ony çagyrdylar. Ýarym sagat-bir sagat bolup aglap çykdy. — Nämüçin aglaýaň? — diýdim.

— Partiýalylygymy dikeltmediler — diýdi. Bu gitdem weli meni çagyrdylar.

Sowal berdiler. Jogap berdim. «Çyk» diýdiler. Ikinji etaždan aşak düşdüm weli, yzymdan partkomissiýa wekili:

— Bäşim aga, dursana — diýdi-de, elini berdi. — Seniň partiýalylygyňy dikeltdiler. Karar ertir Şäherkoma barar. Partbilediňi şo ýerde gowşurarlar — diýdi.

Begenip gaýtdym.

Soň meniň bilen TKP MK-nyň sekretary Çaryýew gürruňdeş boldy. Oba hojalygyny alyp barýan eken.

— Bäşim aga, seni basanlaryndan soň biz aýalym ikimiz seň jaýyňda kireýine ýaşadyk. Oba hojalyk institutynda aýalym ikimiz okaýardyk. Birküç ýyl siziňkide ýaşadyk. Aýalyň ilki bilen bizi naharlardy. Duz-çöregiňi kän iýdik. Elmydam şu gapy seň üçin açyk — diýdi.

— Maňa hiç zat gerek däl. Ýöne men häzir işsiz. Iş gerek — diýdim.

— Seni atçylyk zawodyna ibereýin. Ertir ministriň ýanyna bar — diýdi.

Atçylyk zawodyna geldim. Bu ýerde maňa doňuzlara seretmegi tabşyrdylar. Aýalym ikimiz bir topar wagtlap doňuzlara seretdik. Soň iri şahly mallary tabşyrdylar. Soň ferma müdiri boldum. 1972-nji ýylda pensiýa çykdym. Şo wagtdan bärem işlämok. Soýuz ähmiýetli pensiýa alýan...

Gadyrly okyjy! Türkmenistanda ilkinji komsomollaryň biri, 1919-njy ýyldan bäri partiýa çleni Bäşim Baýramow hakdaky söhbetimizi şu ýerde-de tamamlasak bolardy. Ýöne gojanyň oglanlyk ýyllary hakdaky ýatlamasyna ýüzlenmesek göwnüme bolmasa, onuň öňünde özümi bergidar duýýan ýaly bolup durun.

On dördünji ýylda onuň kakasy altmyş dört ýaşynda bokurdagyndan zat geçmän ýogalýar. Garry ejesi bilen galýar. Iliň pagtasyny ýygyp gün görýärler. «Patyşa ýykyldy» diýip, myş habar eşidilýär. Birtopar wagt geçensoňam bolşewik gelýär. Aklar bilen gyzyllaň söweşi başlanýar. Oraz serdaryň wokzaldaky ştaby gojanyň ýadynda. Ol öz deň-duşlary bilen ştabyň töweregine barýan ekenler. Soň ştab dagaýar. Kim-kime, baş-başa bolup gaçylýar. Aşgabada tatar polky gelýär, top gurulýar. Köşiň üstünden birküç gezek top atylypdyr. Top okunyň sarsgynyna ýykylan jaýlaram bolýar. Köşi şo wagt ilerde eken. Türkmen obkomynyň sekretary

Garry Kulyýew, Döwlet Mämmedi, Annaguly Artygy, Bäşim Baýramowy, Gurban Sähedowy ýanyna çagyrýar.

— Bizde bilimli adam ýok. Sizem Komsomol. Sizi Moskwa okuwa iberjek. O ýerde ähli milletden okaýar. Bu sowat bilen milleti özüňe dartmak kyn — diýdi. Olaram razylaşýar. Daşkentde olara birtopar özbek goşulýar. Moskwada olary garşy alýarlar.

— Baran ýerimizde kän milletiň wekili bar eken. iňlislerdenem bar. Özem açlyk. Iňlisleriň iýmit ýagdaýy gowy. Bize berilýän iýmitiň ugry ýok. Bir ýyl geçdi. Sowugam alyp barýar. Şinel berdiler. Birinji kursy gutaramyzsoň bizi Daşkende iberdiler. Hemmämiz şo ýerde rabfaga girdik. 100 manadam stipendiýa berýärler. Bol ýetýä. Milli-döwlet bölünişigi bolanda Döwlet Mämmedow Özbegistanyň Ýustisiýa halk komissary boldy. Menem Aşgabada gelip üç aýlyk kursda okadym. Berdi Kerbabaýew, Hudaýguly Hanow, Ata Gowşudow dagy okatdy. Sähetmyradow leksiýa berdi.

Kursy gutaramyzsoň birtopar oglany Jüneýit hanyň garşysyna söweşmäge ugratdylar. Meni bolsa Aşgabatda alyp galdylar.

Bary-ýogy ýigrimi dört ýaşly ýigidi Kerki okružkomynyň jogapkär sekretary edip işe iberýärler.

— Kerki okrugyna alty raýon girýärdi. Bile işleşen adamlaryň köpüsi otuz ýedide gitdi. Sadu Ungalbaýew okružkomda işleýärdi. Çuli Haýydow «Goşçular» soýuzynyň başlygydy. Fomkin meň orunbasarymdy.

— Fomkin pahyr boldy!

— Fomkin ýogaldymy? Men bar diýip ýördüm. Köp wagtdan bäri Annaguly Artygy görüp bilemok. Gözüň bolmasa kyn-da! Ýagdaýy nähilikä? Ejem pahyr «Artyk Baýramyň ogly senden bir ýaş uludyr» diýýärdi.

Men Bäşim aga bilen Hoşlaşyp gaýdamda, Pyragynyň şu setirleri gulagymda ýaňlandy durdy, ýaňlandy durdy:

Köp ýigitler gelip geçdi jahandan,
Niýetine görä ykbal bolmady.
Gerdişi keç gahba pelek elinden,
Ertiri şat bolan — öýlän gülmedi…

*Maý, 1990.*

# ÖMÜR DERÝASY

## Terjimehaldan

Ýusup Öwezow 1912-nji ýylda Darganatanyň Hojalyk obasynda eneden bolýar. On bir ýaşyndaka kakasy ölýär. Ejesi bolsa durmuşa çykýar. Şondan soň ol baýyň gapysynda talaban bolýar.

Batraçkomyň[2] aladasy bilen internatda okaýar. ŞKM-da[3] okaýar. Şo ýerde komsomol hataryna kabul edilýär. 1930-njy ýylda ol raýon pioner býurosynyň başlyklygyna hemem raýkom komsomolyň býuro çlenligine saýlanylýar. LKSMT[4] Darganata raýkomynyň jogapkär sekretary wezipesinde işleýär. Aşgabatdaky komwuzda[5], Daşkentdäki Orta Aziýa plan institutynda okaýar. Soňra bu institut Samarkanda göçürilip, Özbek halk hojalyk institutyna öwrülýär. Bu instituty gutaryp gelenden soň, ol TSSR Halk hojalygyny hasaplaýyş uprawleniýesinde ykdysatçy bolup işe başlaýar. Soňra şol uprawleniýäniň kolhozçylaryň býu-

[2]Батрачком - батраческий комитет.

[3]ШКМ – школа колхозной молодёжи.

[4]ЛКСМТ - Ленинский коммунистический союз молодёжи Туркмении.

[5]Комвуз – коммунистическое высшее учебное заведение.

jeti bölüminiň naçalnikligine bellenýär.

* * *

— Instituty gutaryp gelemsoň Halk hojalygyny hasaplaýyş uprawleniýesinde işe başladym.

Agşamky maliýe-kooperatiw tehnikumynda hem syýasy ykdysadyýet predmetinden okadýardym.

Garadamakda TSSR MIK-niň kursy bardy. Sowet işgärlerini taýýarlaýardy, pedinstitutda işleýän Orazmämmet Abdalow şu kursda okadýan ekeni. Ony baýyň ogly diýip komsomol hataryndan çykardylar. Özi güýçli ykdysatçydy. Biz Daşkentde okamyzda birinji kursda-da okadypdy. Soň Moskwa aspirantura okuwa gidipdi. Şo taýda öýlendi, zat etdi. Näme sebäp boldy bilemok, ýöne gorap bilmän Aşgabada geldi. Pedinstitutda syýasy ykdysatdan sapak berýärdi. Işläp ýördi. Şony işdenem çykarypdyrlar. Şo kursy okatjak bolsaň hökman komsomol çleni ýa-da partiýa çlenligine kandidat bolmalydy.

«Ýeriňe kimi teklip edýäň?» diýip sorasalar, Orazmämmet meni salgy beripdir.

Otuz bäşinji ýylda Daşkentde okap ýörkäm, institutyň «Planowik lenines» atly köp tiražly gazetinde oňat okaýan student hökmünde bäş oglan bilen meniň suratym çykdy. Ol Moskwada okasa-da, şo gazetde meniň suratymy görüp, begenip maňa hat ýazdy. Hatynda gowy maslahatlar berýär. «Rus dilini gowy öwren» diýipdir. Ýer titrände-de şo haty saklaýardym. Soň ol hat ýitdi. Adamkärçiligi go-

wy ýigitdi. «Gorkut ata» çykaryljak bolanynda bir topar adamy günäkärläp, türmä basan ekenler. Bu 51-nji ýylyň gürruňi. Men o wagt Moskwada aspiranturada okap ýördüm. Ýigrimi bäş ýyl kesipdirler. Häzir o kitap çykypdyr-a. Moskwa, ýokary sud olaň dokumentlerini gaýtarýar. Olara kän ýyl kesilipdir diýýärler. Aşgabatda täzeden seredip, on bäşe getirýärler. On bäş ýyl nämä gerek. Ýene Moskwa bu hüküme ikirjeňlenme bilen garaýar. Şondan azajyk wagt geçensoň, basylan adamlary boşatdylar.

Men otuz ýedinji ýylda hasaplaýyş uprawleniýesine işe geldim. Meniň bölümimde Kondakow diýip biri işleýärdi. Bu bölüm kolhozçylaryň býujetini alyp barýar. On sekiz sany işgäri bar. Men ilki işgär, soň bölüm naçalnigi boldum. Olam starşiý konsultant. Bir gün ony iş ýerinden äkidipdirler. Mundan meniň habarym ýok. Gelip «Kondakow nirede?» diýip sorasam, «Ony äkitdiler» diýdiler.

Ol irden işe gelipdir. Ýöne özüniň äkidiljekdiginden onuň habary bar eken. Ýany bilen düwünçek getiripdir. Şondan soň bäş-on gün geçdi. Meni çagyrdylar. «Saňa bolan gatnaşygy nähili?» diýip soradylar. «Maňa nähili gatnaşygy bolsun. Meniň işe başlanyma entek wagt geçenok. Ol bu ýerde öňden işläp gelýän adam» diýdim. Başga-da onuň özüni nähili alyp barşy, gep-gürrüňiniň äheňi dogrusynda soradylar. Men onuň gürrüňinde, üýtgeşik äheň ýokdugyny aýtdym. Bolşy ýaly ýazdylar, kagyzy maňa gol çekmek üçin uzatdylar. Görsem kagyzyň ýarysy boş. Adatça, gol çekdirilende boş ýerine haç çekip, soň gol çekdirilýärdi. Oňa men

özüm haç çekdim-de, gol çekdim. Ätiýajy elden bermeli däl-dä. Sülçiniň boş ýere menden soň näme ýazjagyny alla bilsin! Kondakow bir ýyl dagy türmede ýatdy. Çykyp gelen-soň uprawleniýäniň naçalnigi Malinin ony işe almakdan ýüz dönderdi. Soň ol oba hojalyk institutynda mugallym bolup işledi. Dissertasiýa gorady.

Indi Abdalowly gürrüň. Men Abdalowyň ýerine geçdim. TSSR MIK-niň mekdebine. Şertnama baglaşyp, diňe iş wagty okamak hakda ylalaşdyk. Ýörite maşyn meň yzymdan gelýär. Äkidýär. Sapak gutarandan soňam işe getirýär. Mekdep Garadamak obasynda ýerleşýärdi. Häzirem şo jaý saklanyp galypdyr.

Okadyp ýörün. Gruppa kän: oba Sowetiniň başlyklary bar, raýispolkomyň başlyklary, sekretarlary bar. Okuwa başlaýaň weli, salym geçmänkä gapyny kakyp girýärler. Ýuwaşlyk bilen çagyrýar. Çykýaň. «Sizde pylan pylanylar okaýarmy?» diýip soraýarlar. Bar bolsa bar diýýäň. «Biz olaryň yzyndan geldik. Gürrüň bar» diýip äkidýärler. Şeýdip äkitdiler oturdylar. Her gün. Men «Bularyň köpüsi çalasowat adamlar. Näme günäleri barkan?» diýip, içimden pikir edýän. Kursy gutarýança doly gruppa galmady. Soň üç-dört gruppany birleşdirip, okatmaly bolduk. Otuz dokuzynjy ýylyň dekabrynda Moskwa, SSSR Halk hojalygyny hasaplaýyş uprawleniýesiniň çagyrmagy boýunça komandirowka gitdim. Iki aý dagy öň maňa «Seň hasabatyň diňlenjek» diýip habar edipdiler. Merkezi uprawleniýäniň naçalnigi hem Sautindi. Şo ýylam şon elli ýaşy doldy. Ýalňyşmasam,

şo mynasybetli ol Lenin ordeni bilen sylaglanypdy.

Leningraddan, Nemes awtonom respublikasyndan, Ukrainadan we men, beýleki ikisi ýadyma düşenok, maslahatda çykyş etmeli. Men birinji bolup çykyş etdim. Birki sany sowal berdiler. Jogap berdim. Maslahaty Sautiniň özi alyp barýar. Maslahatyň jemi jemlenende meniň adyma öwgüli sözler aýdyldy. Çünki biziň görkezijilerimiz gowudy. Kyrkynjy ýylyň ýanwarynda Aşgabada gelsem, meniň komsomolyň Merkezi Komitetiniň agitasiýa we propaganda bölüminiň orunbasarlygyna bellenýänligim hakdaky karary görkezdiler. Şu günki ýaly ýadymda, 16-njy Ýanwar günüdi. Malinin «Bu hakda bizden hiç kim soramady. Diňe karary görkezdiler» diýdi. Ýöne men mundan öň komsomol bilen gatnaşykdadym. MK-nyň ştatdan daşary lektory hökmünde ýerlerde leksiýa okaýardym. Sagadyna bolsa 180 manat tölenýärdi. Ýöne her leksiýa üçin gaty köp wagtyňy sarp etmelidiginem aýdaýaýyn.

Şeýdip men komsomola işe geçdim. Şo wagt komsomolyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretaryna Zorin diýýärdiler. Zorin erbet adam däl. Gowy adamdy. Ata Amandurdyýew birinjikä, ony Moskwadan ikinji sekretar edip bärik iberipdiler. Uruş başlanýança onuň bilen bile işledik. Häzir ol Leningradda ýaşaýar. Polkownik çinini alanyny bilýän. Soň men komsomolyň MK-synyň propaganda boýunça sekretarlygyna saýlandym. Şo döwürde bile işlänlerimiziň ýene birine Kozyr diýerdiler. Ol komsomolyň Aşgabat ob-

komynyň[1] birinji sekretary bolup işledi. Alty ýyl mundan öň partiýanyň Odessa obkomynyň birinji sekretarydy. Pensiýa çykdy. Olam şu ýerden fronta gitdi. Onuň ýerine-de Annaguly Mämmetgulyýewi saýladyk. Uruş döwri haçanda «Goşun gazetine işgär gerek» diýenlerinde biz Annagulyny görkezdik. Ol şeýdip fronta gitdi.

1941-nji ýylyň 28-nji awgustynda meni komsomolyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretarlygyna saýladylar. Urşuň başlanmagy bilen Aşgabada kömür gelmesi kesildi. Kyrk biriň gyşyny eýdip-beýdip geçirdik. Ýöne kyrk ikinji ýylyň tomsunda şäheri odun bilen üpjün etmek maksady bilen ýigitleriň we gyzlaryň 2500-sini ýerlere ibermek hakda karar kabul etdik. Biziň çagyryşymyza komsomol-ýaşlar gyzgyny bilen seslendiler. Şolaryň 500-si hem Repetegiň gündogaryna iberildi. TK(b)P MK hem biziň kararymyzy goldady.

Gepiň gerdişine görä aýtsam, küde-küde edilip ýatyrylan sazakdyr ojar altmyş üçünji ýylyň aýagyna çenli Aşgabada daşaldy. Kim gören bolsa, Änew, Gäwers stansiýalarynda sazagyň küde-küde bolup ýatandygyna syn edendir.

Şonda partiýanyň Mary obkomynyň birinji sekretary Seýitnazar Mätiýew bilen käýinişmelem bolupdy. Häzir onuň özi ýok. Ýöne maşgalasy bilen goňşy bolup ýaşaýas.

Karar goldananda, TK(b)P MK odun ýatyrmaga baran ýigitleri we gyzlary azyk bilen üpjün etmegi Mary obkomyny borçly etdi. Azyk bilen üpjün etjek bolsaňam, çöregi

[1] Обком - областной комитет.

Maryda, Baýramalyda bişirip, aňryk çekmeli. Suwam diňe düýe bilen çekmeli. Ýaşlar bilen Mara özümem gitdim. Mätiýew şo wagt obkomda ýok eken. Obkomyň ikinji sekretary Serbinow bilen gije Sandykgaça bardyk. Şo ýerde adamlaň ýaşajak ýerlerini belli etdik. Azyk-suwuny gürleşdik. Serbinow soň TSSR sosial-üpjünçilik ministriniň orunbasary bolubam işledi.

Ýöne Repetege barsam, ýaşar ýaly ýerem ýok, çöregem, suwam ýok. 1500 adam. Men haýdan-haý telefon arkaly degişli adamlar bilen gürleşip, çörek meselesini çözdüm. Suwa-da wagt gerek. Düýe, çelek tapmaly. Ýöne biz şo ýerde bir zat etdik. Otuz dokuzynjy ýyllarda Ýerbent raýony ýatyrylyp, Sakar raýonyna göçürilipdi. Görsem, gumuň içi bilen maşgala-maşgala bolup Ýerbende, yzlaryna gaýdýan adamlara duşdum. Urşuň başlanmagy bilen olaryň birtopary yzyna gaçyp gelýän ekeni. Sazagy nireden ýygmaly diýip ýer gözläp ýörkäk, olara duşaýdym. Özlerem düýeli-zatly. Men şo adamlar bilen gürleşip, olary zordan yrdym. «Siziň nireden gelip nirä barýanyňyzy hiç kim bilmez. Bäş-on gün maşgalaňyz bilen ýaşar ýaly polly-potolokly jaý bereýin. Düýe bilen suw çekmeli. Isleseňiz, özüňiz kömek ediň, bolmasa-da suwy özümiz çekeris. Ýöne düýeleriňizi berseňiz bolýa» diýip aýtdym. Olaram maňa ynanyp, wagtlaýyn galmaga razylyk berdiler. Olara birküç sany ýaşar ýaly jaý berdik. Birki gün geçensoň, olaň özleri bize kömek bermäge başladylar. Bäş-alty gün geçensoň Marydan düýe, çelek geldi. Menem gaýtmaly boldum. Olaram şondan soň


enedilim.com

Ýerbende gaýdan bolmaly. Olaň özleri: «Biz gizlinlik bilen Ýerbende barýas. Ele düşsek, işimizi gaýtararlar» diýip, maňa ynanyp aýtdylar.

Tejende toraňňy ýygyldy. Uruş gutaransoňam, Tejene ýakyn stansiýalarda üýşürilgi toraňňylar kän wagtlap ýatandyr. Çekip ýetişer ýaly bolmady.

1942-nji ýylyň martynda komsomolyň inisiatiwasy bilen fronta sowgat üçin kyrk bir wagon zat ýygnadyk. Men TK(b)P MK-nyň birinji sekretary Fonininiň ýanyna bardym. Barsam ýanynda TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy Allaberdi Berdiýew, TSSR Halk Komissarlar Sowetiniň başlygy Aýtbaý Hudaýbergenow hem oturan eken.

Ol meni diňläp «Başlan işiňiz gowy. Ýöne muny fronta halkyň adyndan ibereli, sebäp entek halkyň adyndan biz fronta hiç zat iberemzok» diýdi. Men pikir edip: «Bolýa, ýöne bu hakda men özümiziňkiler bilenem maslahatlaşyp göreýin» diýdim. Fonininiň pikirini Berdiýewem, Hudaýbergenowam goldadylar. Men gelip, sekretarlary hemem býuro çlenlerini ýygnap, MK-da bolan gürrüňi aýtdym, «Nähili görýäňiz?» diýdim. Ýöne men olara kyrk üçünji ýylda diňe komsomol-ýaşlaryň adyndan sowgat iberiljekdigini hem aýtdym. Olar muny oňladylar.

Eşelon bilen gitmeli adam on bir sany. Fonin maňa «Delegasiýada özüň bilen ýene iki sany komsomol guramasynyň sekretaryny hem goş» diýdi.

Şonda men Fonine «Eger özümem gitmeli bolsam, onda

men Moskwa, WLKSM[1] MK bilen habarlaşmaly borun. Eger olar oňlasa giderin, bolmasa-da galmaly borun» diýemde, ol «MK-nyň býurosy karar çykarandan soň, oň gürrüňi bolmaz» diýdi. Delegasiýanyň hataryna Gyzylarbadyň wagon-remont zawodynyň hemem Lenin raýonynyň Telman adyndaky kolhozynyň komsomol guramalarynyň sekretarlaryny hem öz ýanym bilen aldym.

Delegasiýanyň hatarynda Allaberdi Berdiýew, onuň kömekçisi, Berdi Kerbabaýew, Aman Gulmämmedow, tikinçi Şeker Babaýewa, Sakarçäge raýispolkomynyň başlygy Gurbanowa, Kaganowiç raýonynyň «Iskra» kolhozynyň başlygy Gurban Gapurow, TürkmenTAG-dan bir habarçy… — jemi on bir adam.

Delegasiýanyň ýolbaşçysy Allaberdi Berdiýew biziň bilen Daşkentde aýrylyşdy. Fonin bilen Hudaýbergenow samolýotly Daşkentde biziň yzymyzdan ýetip: «Moskwada sessiýa bar. Allaberdini özümiz bilen äkitjek. Galan zatlary özüň oňar» diýdiler. Eşelon äkitjek bolsaň kyn. Wagonlarda et bar, ýumurtga bar… Köpüsem zaýalanjak zatlar. Ýok zat ýok o ýerde, çakyra çenli bar. Iki sany atam alyp barýas. Ikisem Aşgabat raýonynyň häzirki «Sosializm» kolhozynyň atlarydy. Aşgabatdan ugranymyzdan soň Moskwa çenli on alty gije-gündiz ýol ýöremeli bolduk. Biziň çalt barmagymyza kömek eden zat hem degişli demir ýolunyň syýasy bölüminiň naçalnigine hemem Demir ýol halk ko-

[1]ВЛКСМ – Всесоюзный Ленинский коммунистический союз молодёжи.

missarlygyna telegramma yzyna telegramma ibermegimiz boldy. «Ýarym günläp ýatyrys. Buz bilen üpjün edenoklar. Zatlar zaýalanýar» diýip, telegramma iberýän. Eşelon estakada gelýä weli, «Buz çekmäge işçi güýji ýok» diýýärler. Men şonda «Oglanlar, geliň özümiz çekeliň» diýýän. Şeýdip buz çekýäs hemmämiz. Berdi aga Gurban Gapur bilen buz çekýär. Berdi aga oňa degýä. Wagonyň üstüne çykmaly bolanda Berdi aga öňde, Gurban yzdan gelýä. Düşmeli bolanda ol Gurbany öňe salýa-da, yzyndan agram salýar. Bahym ýere düşürýär.

Moskwa baranymyzda Goranmak halk komissarlygynyň işgärleri «Nädip beýle çalt geldiňiz? Daşkentliler otuz gije-gündizde Moskwa geldiler» diýip, geň galyp soraýarlar. Kazan wokzalyna geldik. Şonda Allaberdi Berdiýew hem bizi garşylamaga çykypdyr. Ol meniň ýanyma gelip: «Haçandan bäri MK-nyň sekretary bolduň?» diýip soraýar. Men telegramma gol çekemde oglanlar komsomol sözüni pozup iberýän ekenler. Men şu zatlardan habarym ýok. «MK-nyň sekretary» diýýä-de, komsomol sözi ýok. Şu-da biziň Moskwa çalt barmagymyza kömek eden zatlaň biri. Soň muňa biz kän gülüşdik.

Indiki mesele — wagonlary paýlamaly. Garaşmaly bolduk. Şonuň üçinem meň «WLKSM MK barmaly» diýip gitdim. MK-nyň birinji sekretary Mihaýlow. Ikinji sekretary general maýor, lýotçik Gromow. Beýleki sekretarlaryna hem Olga Mişakowa, Romanow diýerdiler. Barandan maňa degip başladylar: «Nämüçin WLKSM MK-ny habardar ede-

ňok?» diýip. Şonda «Men partiýa boýun bolýaryn» diýip, degişme bilen jogap berdim. Soňra Mihaýlow maňa «Bölümlerde bol. Işleri bilen tanyş. Özüňe dahylly meseleleri çözüber. Işiňi boldum edeňden soň, Aşgabada gaýdarsyň» diýdi. Derrew Moskwa myhmanhanasyndan ýaşamak üçin jaý äberdiler. Men indi Komsomola gatnap, işlerimi bitirip ýörün, Allaberdi Berdiýewiň ýaşaýan wagonyna jaň edip, ýagdaýlaryndan habar tutýan. Olam «Garaşyp ýatyrys. Belli bir aýdylan zat ýok» diýýär. Eger işe güýmenip gijä galaýsam, myhmanhana barman, Merkezi Komitetiň özünde ýatýan. Her kabinetde iki-üç sany düşek, polotensa we gaýry zatlar ýatyr. Kyrk ikinji ýyl-da bi.

Ýedilenji ýa-da sekizlenji gün, gije sagat ikide myhmanhanada gapy kakylýar. Başga biri bolsa açjak däl, ýöne nobatçy «Siziň yzyňyzdan gelipdirler. Gapyny açyň» diýensoň açmaly boldum. Gapyny açsam, iki sany GPU-nyň işgäri dur. «Bizi Siziň yzyňyzdan iberdiler. Ol ýerde wagonda Size garaşýarlar» diýdiler. Alajyň ýok, gitmeli boldum. Barsam Berdiýew «Daňdan sen Leningrada ugramaly. Ýöne ýanyňa-da bir adam alyp bilýäň» diýdi. Indi men otuz dört wagon bilen Leningrada gitmeli. Bäş-alty wagon ýyly egin-eşik bardy, ol Wolokolamska ugradylypdy. Wolokolamsk biz baramyzda faşistlerden azat edilen eken. Men komsomolyň şäherkomynyň birinji sekretary bilen gürrüňdeş boldum. Şäher azat edilenden soň oňa Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen at berlipdir.

Ýanyň bilen kimi äkitmeli? Berdi aga-ha «Wagondan

münüp-düşmek maňa agyr bor» diýdi. Dogrudanam bu oňa agyrdy. Gurban Gapuram ýaşuly adam. Ozal Aman Gulmämmede teklip edipdirler, olam «Ýusup gitse gitjek. Ýogsam gitjek däl» diýen ekeni. Biz Aman Gulmämmet bilen Leningrada gitmeli bolduk. Wagonlar eýýäm wokzala ugradylypdyr. Bizem gijän içinde wokzala äkitdiler. Şu ýerde ýadymdaka birki agyz atlar hakda aýdaýyn. Şo atlaryň seýsem ýanlarynda. Her gezek stansiýada duramyzda ahal-teke atlaryny synlajak bolup, millet bary üýşýärdi. Olaryň biri mele, birem gara reňkde. Atlary başga hilidi. Moskwa baraýan uçurlarymyz general Belowyň atly korpusy gabawy böwsüp çykan eken. Ikisinem şoňa sylag berildi. Şeýle hem ýüzüne Staliniň suraty çekilen halyny Belowyň korpusynyň syýasy bölüminiň naçalnigi Makarowa gowşurdyk. Ol uruşdan öň partiýanyň Moskwa obkomynyň ikinji sekretary bolup işlän ekeni.

Aýdylan sagady biz wagonlar bilen Leningrada tarap ugradyk. Özem wagonlar dürli şygarlar, transparantlar bilen bezelgidi. Wologda gelip düşdük. O ýerdenem Tihwine ugradyk. Şo wagt ol duşmandan azat edilen eken. Tihwindenem Wolhowstroýa geldik. Oňa ýetmänkäň operatiw topar bar. Ladoga kölüne ýetmänkäň, ondan bäride. Tihwine gelenimizde, wagonlara soldatlary mündürdiler. Goramak üçin. Bizem tüwi ýüklenen wagona geçdik. Oturýan ýerimizem, ýatýan ýerimizem haltaň üsti. Başga ýer ýok. Yzky wagonda iki ýerde pulemýot oturtdylar. «Eger duşman hüjüme geçäýse, kelläňizi çykarmaň» diýip, bize-de berk


enedilim.com

tabşyrdylar.

Diňe gije ýöreýäs. Gündiz ýatýas. Şonda-da Tihwin bilen Wolhowstroýyň aralygynda duşman samolýotlary iki gezek bize hüjüm etdiler.

Wolhowstroýa geldik, wagonlary gür tokaýlygyň içine sokdular. Wolhowstroýda şäherden nam-nyşan ýok. Her kerpijiň bölegi aşyk ýaly. Bölek-bölek, ýykan-ýumran. Ýekeje-de graždan eşiginde adam ýok. Hemmesi harby geýimde. Özem ýeriň aşagynda işlenilýä. Bizem ýeriň aşagyna saldylar. Operatiw topara näme zat äkidýändigimizi aýtdyk.

Şo ýerde Ahunbabaýewiň hökümet wagonyny gördük. Ol Wolhowstroýa hökümet wagony bilen barypdyr. Bombanyň tötänden düşmegi ahmal. Bomba edil wagonyň üstünden düşüpdir. Ahunbabaýewiň özi ýok, Leningrada giden eken. Wagondan weli derek ýok. Diňe somalyşyp duran demir bolup ýatyr. Bize şo ýerde «Ahunbabaýewiň wagony şu» diýip görkezdiler. Operatiw toparda bize «Leningrad bilen gürleşmeli» diýdiler. Bizem «Bolýa» diýdik. Göni prowod arkaly Leningradyň şäher komitetiniň sekretary Kuznesow bilen gürleşdik. «Men bu meseläni çözüp biljek däl. General Kulik bilen gürleşiň» diýdi. Kulik bilen gürleşdik. Olam «Men çözüp biljek däl. Muny diňe Ždanow çözüp biler» diýdi. Aý, garaz, biz bäş günläp göni prowod arkaly gepleşik geçirdik. Biz-ä özümiziňkini gögertjek bolýas, olaram her gezek garşylyk görkezýäler. «Siziň özüňize bir samolýot gerek, ona-da istrebiteliň özünden on altysy gerek. Özem

front liniýasyny böwsüp geçmeli, şundan soň özüňiz pikir edip görüň, bize näçe çykdajy» diýýäler. Bizem «Size otuz dört wagon sowgat alyp barýas. Içinde azyk önümleri kän. Häzirem ol Leningradlylar üçin gaty möhüm» diýýäsem weli «ýok» diýip jogap berýärler.

Men Ždanow bilen iki gezek gepleşdim. Ol «Getiren zatlaryňyzy operatiw topara akt bilen tabşyryň» diýýär. Ahyry ol «Kakoý wy nadoedliwyý narod» diýmäge mejbur boldy. «Bize häzir her bir samolýot gymmatly» diýdi.

Şeýdip ahyrynda gaýtmaly bolduk. Wagonlary akt ýazyp tabşyrdyk. Türkmen halkynyň adyndan ýazylan hat bardy, ony goýduk. «Hata jogap ibereris» diýdiler. Ýöne jogap giç geldi.

Delegasiýa Aşgabada gaýtdy. Men Moskwada ýene-de 10-12 gün galyp, komsomolyň Merkezi Komitetinde ozal ýetişmedik işlerimi bitirip gaýtdym. Kyrk üçünji ýylda komsomol ýaşlaryň adyndan fronta sowgat iberdik.

Delegasiýanyň ýolbaşçysy edip Türkmenistan komsomolynyň Merkezi Komitetiniň kadrlar boýunça sekretary Handurdy Hojaýewi belledik. Hojaýew soň partiýanyň Bäherden raýkomynyň birinji sekretary bolubam, Büzmeýinde çakyr zawodynyň direktory bolubam işledi. Häzir onuň barlygyny ýa ýoklugyny bilemok.

Bu sapar kyrk üç wagon. Delegasiýany özümiz düzdük. On bir adam. Brýansk frontuna ugratdyk. Frontuň komanduýuşisi Rokosowskiý. Şonda Rokosowskiý on bir adamyň on birisine, hemem Fonine, maňa adymyz ýazylan sapan-

ça sowgat beripdir. Men ol sapançany götermedim. Ony TK(b)P MK-nyň ikinji sekretary Gurban Permanow göterdi. Bu şeýle boldy. Hojaýew dagy gelende men Moskwadadym. Ol «Ýusup gelse, oňa özüm gowşuraryn» diýip, Hojaýewden alýar. Gurban ýogalandan soň, şo sapança hakda aýalyndan sorasam, sapança tabşyrylan eken. Aýaly maňa sapançanyň tabşyrylandygy hakdaky akty görkezdi.

Her ýyl Moskwada komsomol-ýaşlaryň bütinsoýuz spartakiadasy geçirilýärdi. Bizem 1941-nji ýylda Köşi bagynda üç aýlap diýen ýaly 150 adamy şoňa taýýarladyk. Muňa TSSR Bedenterbiýe komiteti, komsomolyň Merkezi Komiteti bilen bilelikde bu ugurda iş alyp bardyk. Men bolsa şo wagt MK-nyň propaganda boýunça sekretarydym. Şo gün 22-nji iýunda Karl Marks ploşadynda bedenterbiýeçileriň paradyny geçirdik. Moskwadaky spartakiada gatnaşjak 150 adam öň hatarda. Parady TK(b)P MK-nyň agitasiýa we propaganda bölüminiň müdiri Gurban Permanow ikimiz kabul etdik. Parad gutardy — zat etdi. Uruşdan biziň habarymyz ýok. Permanow biraz bizden öňräk Pöwrizä gidipdir. Menem gezelenç edeýin diýip, MK-nyň iki sekretaryny ýanyma alyp Pöwrizä gitdim. Gitdik. Ýaňy uşelýe giremizde Pöwrizeden Fonininiň maşyny gelýär. Görsek TK(b)P MK-nyň birinji sekretary M. Fonin, MK-nyň sekretarlary A. Berdiýew, Ýegorow, Halk Komissarlar Sowetiniň başlygy Hudaýbergenow dagy Pöwrizeden gelýärler. Permanowam öňlerinden gabat gelipdir. Olam olaryň yzynda. Sagadam ikiden işleýärdi. Maşyny sakladylar. Fonin «Ni-

rä barýaňyz?» diýip sorady. «Yzyňyza gaýtmaly bor. Uruş başlandy. Häzir MK-da ýygnanmaly borus» diýdi. Kyýamat gopan ýaly boldy. Uruş habaryny hem Fonine Aşgabatdan organ işgärleri jaň edip habar beren ekenler.

Kyrk üçünji ýylda BK(b)P MK[1] Türkmenistana ýokary partiýa mekdebinde okamak üçin ýer berýär. Okuwa girmek hakda TK(b)P MK-nyň senagat baradaky sekretary Kakajanowa, kadrlar baradaky sekretary Ata Akynyýazowa teklip etdiler. Olaryň ikisem razy bolmady. Biri maşgala ýagdaýyny, beýlekisi başga bir zady tutaryk edindi. MK-nyň býurosynda bu meseläni bir gezek orta atdylar, soň ikinji gezek gürrüň edildi. Üçünji gezek teklip edildi. Hiç kimiň gidesi gelenok. Menem durup bilmän, «Ýoldaş Fonin, meni iberäýiň!» diýdim. Özümem öýlenen, iki sany çagam bar. «Ýok, siz entek işlemeli» diýdi. Býuro gutarandan soň her kim öýli-öýüne gitdi. Birküç gün geçenden soň Foniniň özi maňa jaň edip: «Dogrudanam okuwa gidesiňiz gelýärmi?» diýip sorady. Men bolsa «Gitjek. Hiç kimiň gidesi gelenok ahyry» diýip jogap berdim. «Bolýar onda. Maslahat ederis» diýip, trubkany goýdy. Ertesi MK-da býuro boldy. Menem her gezekki býuro gatnaşýaryn. Fonin maňa ýüzlenip, ýene şol öňki soragyny gaýtalady. Menem öňki ýaly jogap berdim. «Bolýa. Onda taýýarlyk görüber» diýdi. Şo gezekki býuro gatnaşanlardan Esen Äralyýew häzir diri. Ol şo wagt guramaçylyk bölüminde işleýärdi. Şondan kän wagt

[1] BK(b)P MK – Bütinsoýuz kommunistik (bolşewikler) partiýasynyň merkezi komiteti.

geçensoň Esen Foniniň men hakda diýen zadyny aýtdy. Ol şonda Esene «Biz ony gowy partiýa işgäri edip ýetişdireris» diýipdir.

Moskwa okuwa gitdim. Şo wagt Balyş Öwezowam şo mekdepde okaýan eken. Mekdep ilki Swerdlowskä göçürilipdir. Biz baramyzda ýaňy onuň Moskwa geçirilen wagty eken. Balyş Swerdlowskide bir ýyl dagy okapdy. Biz onuň bilen bir ýyl dagy bile okadyk. Bir korpusda ýaşadyk.

Okuwa biz iki ýyl yzly-yzyna galla taýýarlamak barada BK(b)P MK-nyň upolnomoçennysy edip ýerlere iberildik. Her gezegem üç aýdan gowrak. Birinji gezek kyrk üçünji ýylyň on birinji awgustynda iberdiler. Dekabrda-da gaýdyp geldik. Kyrk dörtde onunjy awgustda iberildik. Noýabrda--da geldik.

Iberilen gezeklerimiziň ikisinde-de biziň bilen Syýasy Býuronyň üç sany çleni instruktaž geçdi: Malenkow, Mikoýan, Andreýew, ýerlere baramyzda partapparat bilen nähili aragatnaşyk saklamaly, Andreýew oba hojalyk meseleleri dogrusynda, Mikoýan bolsa taýýarlaýyş edaralary bilen biziň nähili gatnaşygymyzyň bolmalydygy barada gürrüň geçirdiler. Hersi on bäş minut çykyş edýär. Kimden näme talap etmelidigini düşündirdiler. SSSR taýýarlaýyş halk komissary Dwinskiý her oblastda respublikada galla taýýarlanyşynyň ýagdaýy bilen tanyş etdi. Ýöne biziň bilen instruktaž geçen şol ýolbaşçylaryň arasynda öz işine beledi Mikoýan eken. Şonda men bir zada haýran galdym. Şol adamlaryň partiýa mekdebine geljeginden biziň hiç hi-

li habarymyz ýok. Her gezek instruktaž agşam sagat on birden soň geçdi. Instruktaž geçemizden öň ýerzeminiň, kitaphanalaryň içiniň barlanyp ýörlendigini oglanlardan göreni bar. Ýöne nämüçin beýdilýändigini hiç kim bilenok. Görsek, şolar geljek eken. On birden soň mekdebiň mejlisler zalyna ýygnanmaly diýýäler. Derrewem ýygnaýarlar. «Okuwyňyzyň arasyny bölmeli diýip MK karar çykardy» diýýärler. Şondanam anyk gürrüňe geçilýärdi. Men ilkinji sapar Başgyrdystanda boldum. Açlyk. Galla ýetenok. Galla ogurlygam az bolanok. Gije-de ýatuw ýok. Sanýa münüp, kabul ediş punktlaryna aýlanýansyň. Bir gezegem şeýle boldy. Ýanymda raýkomyň sekretary, GPU-nyň naçalnigi bar. Gije sanýada gidip barýas. Raýkomyň sekretary tokaýyň içinde çalaja yşyk görüpdir. «Geliň göreliň» diýdik. Bärden bildirmän baryp golaý ýerden seretsek birnäçe adam garyň üstünde bugdaý çekýäler. Söwda gidip dur. Aljak adam «Bir putuny bäş ýüz manatdan ýokary aljak däl» diýýär. Satýanam alty ýüz manat diýýär. Ýüz manadynyň üstünde oňşanoklar. Özem şo taýda otuz üç sany sanýa dur. Bular indi kabul ediş bazasyna barmaly. Bizem şoň üçin olara hiç zat diýmän, ýuwaşlyk bilen baza gaýtdyk. Kabul ediji on sekiz ýaşly rus gyzy. Sanýalara garaşdyk. Olar daň atansoň geldiler. Biz şoňa çenli garaşdyk. Getirip, bugdaýy çekdiler. Çekdirenlerinden soň, kabul edýän gyzyň ýanyna baryp, kwitansiýany soradyk. Barlasak, satylan bugdaý eýýäm swodka giripdir. Görüp otursak, puly şo gyz bilen paýlaşylýan eken. Bazany ýapdyk. Täzeden çekilip

başlandy. Gyzyň özi bir kiçijik otagda ýaşaýan eken. Onuň ýaşaýan otagynyň polunyň aşagyndan bir million sekiz ýüz manat pul tapdylar. Ýedimi ýa sekiz müň put däne ýetmedi. Soň gyz sud edilip, atuwa berlipdir. Beýlekilere-de ýyl kesilipdir.

Kyrk bäşinji ýylda partiýa mekdebini üç adam bolup tamamlap, Aşgabada geldik.

Biri Remnýow Ýakow Gerasimowiç, ozal partiýanyň Mary obkomynyň senagat boýunça sekretary bolup işlän, beýlekisi Anna Muhammet Berdiýew ozal Daşhowuz obkomynyň senagat boýunça sekretary. Partiýanyň Aşgabat obkomynyň ikinji sekretarlygy boş eken. Foniniň özi meni şo wezipä hödürledi. Men bu wezipede az salym işlämsoň Aşgabat obkomynyň birinji sekretary boldum. Menden öňki birinji sekretar G. Iwannikow. Ýokary partiýa mekdebine okuwa iberildi. Şu ýerde ýene bir zady aýdaýyn, olam obkomyň birinji sekretary şo wagtyň özünde Aşgabat şaherkomynyň hem birinji sekretarydy.

1945 — 1947-nji ýyllar bütin soýuzymyzda gurakçylyk boldy. Biziň oblastymyzda-da Tejen topar raýolarynda gurakçylyk boldy. Ýaplar dagy gömlüp gitdi. Mal däl, adam saklamak bize alada boldy.

Mallary Saragt tarapda Badhyza göçürmeli etdik. Diňe şo ýerde ot bar. 1946-njy ýylda dowarlary, towuklara çenli şo ýere göçürdik. Tapylsa maşyn bilen, bolmasa-da sürini Badhyza tarap sürdürdik. Suwy ajy we duzly. Gaýnadyp içeňde-de bildirýär. Başga alajyň ýok. Bärisi Doňuz çeşme,

aňyrsy Kepelä çenli mallary ýaýratdyk.

Indi adam meselesi dur. MK-da maslahat boldy. Häzirki Oktýabr raýonynyň territoriýasy 2-nji MTS-iň ýeridi. Birnäçe adam şo ýerik göçürmegi teklip edýär. Menem «Tejen ilaty o ýerik geçmez» diýdim. TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy Akmämmet Saryýew hem meni goldady. Ondan öňinçä men Tejeniň ilaty bilen gürleşip görüpdim. Şaja Batyrow «Näme bolsa-da olar bilen maslahat etmeli» diýdi. Biz A. Saryýew bilen bile kolhozçylaryň arasyna gitdik. Ýygnak çagyrdyk. Biragyzdan «Gitjek däl» diýdiler. MK gelip, bolan ýagdaýlary aýtdyk. Ýöne men ozal Çärjew bilen telefon arkaly gürleşipdim. Çärjewde obkomyň birinji sekretary Arkadiý Andreýewiç Sennikowdy. Sennikowa men «Her kolhozdan bir brigada ibersek, niçik görýäňiz?» diýdim. «Kömek ederis» diýipdi. «Ýöne öňürti biriňiz gelip, ýerleri görüň» diýdi. Men öz pikirimi MK aýtdym. Men «Häzir ilkinji alada adamlary saklamak, şoň üçinem her kolhozdan bir brigada maşgalasy bilen Çärjew oblastyna ibermeli» diýdim. Olar şo ýerde wagtlaýyn ýaşap, işläp, öz kolhozlary üçin mekgejöwen, gawun we beýleki ir-iýmişi ýetişdirsinler» diýdim. MK-da «Şeýle karar kabul etseňiz, biz garşy çykmarys» diýdiler. Şondan soň Çärjew oblastyna özüm gitdim. Çärjew, Dänew, Garabekewül, Sakar raýonlaryna aýlandym. Çärjewiň ýeri-dä. Buýan basyp ýatyr. Şony sürüp bejerseň gowy. MTS-de «Sürmäge kömek ederis» diýdiler. «Ýap çekip beriň» diýdim. Ikinji mesele «Gowaçadan başga Çärjewde näme bitýän bolsa, şoň tohumy bilen üpjün

ediň» diýip haýyş etdim. Şeýdip iki ýyl Tejenden gatnap işlenildi. Güýz hasyl ýygnalandan soň olar «Bize pylança wagon gerek» diýip habar edýärler. Menem «Wagon bilen üpjün etmeli» diýip buýruk berýän. Wagonlara ýüklenilip getirilenden soň, kolhozçylara paýlaşylyp berilýär. Görnüşi ýaly, ýagdaý agyrdy. Kyrk sekizde-de Tejende gurakçylyk boldy. «Pulhatyndan 640 kubmetr sil suwy geljek» diýen habary eşidip, Tejene gaýtdym. Şo wagt birinji Tejen suw howdany gurulýardy. Aşgabat oblastynyň hemme ýerinden baryp işleýärdiler. Gyş aýlary işleýän adamlaryň sany ýedi-sekiz müňe-de ýetýärdi.

Hawa, suw joşgunynyň geljegini eşidip, Tejene bardym. Şol ýyl Tejende 10 müň gektar ýere gowaça ekdiripdik. Gowaça ekişiniň öň ýanyndaky suwy beripdik. Gowaçanyň boýy bir metre ýetip, güllejek bolýar. Emma suw ýokdy. Şonça müň gektar ekilen gowaça şo ýyl samana öwrüldi. Suw gelse, şäheri basar pikiri bilen Garabentden Saragt köprüsine çenli iki metr inligine, bir metrem çuňlugyna ýap gazdyk. Gurakçylykdan ýaňa derýa-da gömüldi. Derýanyň Tejen tarapynda gaçy bardy. Suw gelende Tejeniň ileri ýüzünden öwrüm edip, demir ýol köprüsine geçip gitsin diýen maksadymyz bardy. Demir ýoluň köprüsinden gaçyň aýlawyna çenli her ýüz metrden çyra çekdik. Dwižogy bolsa Tejen suw howdanyndan getirdim. Gündiziň güni ýaly. Men özümem şo taýyk bardym. Sagat bir bolup, ikiden bäş minut işlände, maşynly şähere gaýtdym. Bir ýerde suw joşaýsa, habar eder ýaly, her ýüz metrden

adam goýupdyk. O ýerik telefonam çekdiripdik. Men o wagt stansiýada wagonda ýaşaýardym. Ýaşaýan wagonyma gelenimem şody weli telefon jyňňyrdady. Milisioner jaň edip, «Suwuň böwsen ýeri bar» diýdi. Al, saňa gerek bolsa, «Nireden böwsüpdir» diýip soradym. Kanalyň gündogar tarapynda Woroşilow adyndaky kolhoz bardy. Başda men suw şo tarapdan böwsendir diýip pikir edipdim. Gaçyň agzynda alakamy, syçanmy, ozal üç-dört metr çukur gazan eken. Suwuň böwsenini ýaşuly adam görüpdir. Ol şonda gaçyň günbatarsynda ýaşaýan sekiz-dokuz hojalyga baryp kömek soraýar. Şo hojalyklar hiç ýerde işlänokdylar. Söwda-satyg bilen meşgul bolup ýören adamlardy. Hawa, ýaşuly «Heý, bolmanda iki sany kepbe beriň, men suwy özüm ýapaýyn» diýse-de, olar kömek etmändir.

Men gelýänçäm, eýýäm suw üç-dört metr ýeri ýykyp, Tejen şäherine akyp barýan eken.

1939-njy ýylda-da Tejeni suw basypdy. Şonda şäheri wes-weýran edip, oňa kän zaýaçylyk getiripdi.

Geldim, ýagdaýy gördüm. Şo ýerden suw howdan gurluşygynyň naçalnigi Romanýuga jaň etdim. «60 maşyn ýylgyn, bäş maşynam prowolka sagat altyda şu ýerde bolsun» diýdim. Men oňa gije sagat iki töwerekleri jaň etdim. Aramyz hem segsen kilometr. Şofýorlary, işçileri turuzmaly. Bir ýere ýygnamaly. «Özüňem ilkinji maşyn bilen gelmeli» diýdim. Buýruk berip, raýkoma geldim. Raýkomyň sekretary ýok. Bölüm müdirleriniň öýlerine jaň edip, «Derrew raýkoma ýygnanmaly» diýdim. Radisti çagyrtdym.

Eline rusça we türkmençe tekst ýazyp berip, halka habar berer ýaly etdim. «Özüňem gaýtalap otur» diýdim. Raýkomyň işgärleri geldi. «150 adam tapyň» diýdim. «Her kimiň elinde lomlary, ýer gazýan pil, eýleki-beýleki bolsun» diýdim. Tejen suw howdanynyň şahasy bar. «Hemmäňiz şo Aşgabat ýoluna ýygnanmaly. Näçe gazsaňyz gazyň, ýöne relslere degmäň» diýibem tabşyrdym.

Stansiýa geldim. Suw demir ýoly basjak. Şo şahany açmasaň, jaýlaram ýykyljak, demir ýoluňam syryp-süpürjek. Üç günläp şäheriň içinde suw akdy ýatdy. Diňe bazaryň, gapdalyndaky haýat ýykyldy diýmeseň, hiç zat bolmady. Soň seredip görsem, raýkomyň sekretary aýalyny, itini, gerekli goş-golamlaryny maşyna ýükläp, demir ýoldan gaýrak çykypdyr. Çaga-çugasy-ha ýokdy. Wagtynda gelmedi. Bu hakda şo döwürde «Izwestiýa» gazetinde-de ýazyldy.

Indi bize halta ýetenok. «Galla taýýarlaýyş punktunda bar» diýdiler. Oňam başlygy Annamyrat potranyň dogany. Öýüne jaň edýän, ýok. Mende başga alaç galmady. Ýanyma iki sany milisioneri hemem iki sany ýük maşynyny-da aldym. Skladam şäheriň çetinde. Garawulam ýaragly. «Eger ýalbarsak, zat etsek, etmejek bolsa, ony ýaragsyzlandyryň. Özüm jogap bererin» diýdim. Garawul türkmen adamsy. Özümi tanatdym. Ol şonda-da bizi sklada goýberenok. Gaýtam, «Tanaýan, tanamda näme» diýýä. Ýaragyny elinden aldylar. Zatworyny alyp, milisionerleriň biri jübüsine saldy. Tüpeňini maşyna atdyk. Bolsa-da sklady açdyrdyk. 2500 haltany garawulyň özüne sanadyp, maşyna ýüklet-

dirdim.

Haltany getirdik. Bir sagatdanam Romanýugyň maşynlary gelen eken. Şondan soň, TK(b)P MK-nyň ikinji sekretary Sennikowa ýagdaýy düşündirip, «Kömege garaşýan» diýdim. Bular bolsa nädipdirler! Guşgyň garnizonyna «Eşelon bilen daş çekmeli» diýip tabşyrýarlar. Olaram dördünji gün diýlende Tejene geldiler. Indi o daşlaň haýry näme diýsene!

Dördünji gün diýlende Aşgabatdan TSSR Ýokary Sowetinin Prezidiumynyň başlygy A. Saryýew, KGB-niň[1] başlygy we ýene-de birki sany adam geldi. Meni tanar ýaly däl. Özümem itiň ajy. Diňe çaý içýän. Ýöne işçileri weli iýmitden horlatmadym. Akmämmet Saryýew meniň ýagdaýymy görüp, «Bar git ýat. Seni oýatjak adam bolmaz. Meniň wagonymda ýataý» diýdi.

Şo döwürde «Gyzyletrekde-de suw köpeldi» diýen howsalaly habar gelipdi. O ýerik men Aman Gulmämmediň inisi Hamat Gulmämmedowy iberipdim. Ol oblispolkomyň başlygynyň orunbasary bolup işleýärdi. Sebäbi diýeňde kyrk ýedinji ýylda Krasnowodsk oblasty ýapylyp, Aşgabada birleşipdi. Soň ol TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň, TSSR Ylymlar akademiýasynyň iş dolandyryş uprawleniýelerinde işledi. Ýogaldy ol pahyr.

Men şu ýerde ýene-de bir wakany ýatlasym gelýär. Olam kyrk sekizinji ýylda boldy. 25-nji maýda Gökdepe raýonyna doly ýagdy. Doly raýonyň demirýoldan gaýraky kolhozla-

[1]КГБ – Комитет государственной безопасности.

rynyň işini gördi. Özem arpa, bugdaý oragynyň öň ýany. «Bolşewik», «NKWD», Lenin adyndaky kolhoz... — jemi dört hojalyk. Bu hojalyklarda doly hiç zat goýmady. Maňa bu hakda daňdan jaň etdiler. Irden maşynly ugradym. Gökdepeden raýkomyň sekretaryny, raýispolkomyň başlygyny alyp, şo hojalyklara aýlanmaga gitdik. Gökdepäniň gaýrasy gumlugrak ýer. Çäge. Meýdanam durşuna buz. Maşynymyzyň tigirleri taýyp barýar. Ilkinji «Bolşewige» bardyk. Şo ýerde ýoluň ugrunda çöküp oturan köşekli düýä gabat geldik. Dynç alyp ýatandyr öýtdük. Kolhoza baramyzda olary «ýyldyrym kakypdyr» diýdiler. Başda ynanmadyk. Soň ýörite gelip gördük, edil diri ýaly. Elleseň weli kül tozap ýatyr. Ýagan doly üzüm agaçlaryny ýere ýelmäp goýupdyr. Erik we beýleki agaçlarynyň diňe çybygy galypdyr. Agaçlaryň aşagynda öli serçe dolup ýatyr. Ýeriň ýüzündäki ýylanlaram öli ýatyr.

Indiki mesele näme etmeli? Ýetirilen zyýany gözümiz bilen gördük. Başga bir gezege goýmaly däl-de, meseläni şo ýerde çözmeli. Şonuň üçinem biz ýaňky kolhozlarda prawleniýe maslahatlaryny çagyrdyk. Şo kolhozlar önüm öndürmekden, salgytdan üç ýyllap boşadyldy.

Olara maslahat berdik: «Daşhowza adamlaryňyzy iberiň. Gijräk ekseň-de gögerýän gök önümleriň tohumyny getirdiň» diýdik. Çüňki bu ýerde Daşhowuzda ekilýän önümleriň tohumy ýokdy...

Şo ýylyň güýzem Aşgabatda ýer titredi. Şäheriň özünden başga-da Aşgabat raýony, Gökdepe raýony uly zyýan

çekdi. Ýer titrän güni men komandirowkadan gelipdim. Birnäçe günläp Tejen, Kirow, Saragt raýonlaryna aýlanypdym. Agşamara öýe geldim. Iş günüdi.

Şo wagtam biziň jaýymyz remont edilip gutarylan eken. Goş-golamlar howlyň içinde. Gelip görsem reňk-zat gurapdyr, ysy ýok, howa-da sowugrak «öýe girip ýatalyň» diýdim. Biz Kalinin bilen Swoboda köçeleriniň sepleşýän ýerinde ýaşaýardyk. Şo ýerde birwagt Eýranyň konsuly ýaşaýar eken. Onuň iki sany jaýy bolup, biri howlyň içinde, beýlekisem köçe tarapa çykýardy. Köçä çykýan jaýda respublikanyň harby komissary Dones maşgalasy bilen ýaşaýardy. Ol agsak adamdy. Bizem howlyň içindäki jaýda ýaşaýardyk. Biziňkiň Swoboda tarapyndan derwezesi bardy. Olar Kalininden girip çykýardy.

Men aýdamsoň howludaky zatlary jaýyn içine salypdyrlar. Çagalaň hersem bir otagda diýen ýaly.

Komandirowkadan gelen dessime partiýanyň şäher komitetine jaň etdim. Sebäp şo gün o ýerde býuro geçirilmelidi. Şäherkomyň ikinji sekretary Tužikowa jaň edip: «Meniň-ä komandirowkadan gelip durşum. Býuroň gün tertibi öňküsi ýalymy ýa-da üýtgäp-goýan zatlar bamy?» diýip soradym. Olam: «Ýok. Şol öňküligi ýaly» diýdi. «Onda býurony mensiz geçiriberiň. Häzir men hammama gitjek. Soňam birazajyk dem-dynç aljak. Eger üýtgeşik zat ýüze çyksa, öýe jaň edersiň» diýdim.

Býuronyň gün tertibiniň bir meselesi halk komissarlarynyň orunbasarlarynyň ikisiniň personal işleridi. Has

takygy, Awtomobil transporty we ýol gurluşygy halk komissarynyň orunbasary Janjaredze bilen Tokaý hojalygy halk komissarynyň orunbasarynyň işlerine seredilmelidi. Nämüçindir Merkezi Komitet olaň işlerine garamagy şäher komitetine tabşyrypdyr. Tužikow menden «Bularyň işine nähili garamaly?» diýip sorady. «Eger işiň gidişinde öňküden başga üýtgeşik zat bolmasa, onda olaryň hersine kartoçkasyna ýazmak bilen käýinç yglan etmek bolar. Elbetde, duýduryş berseňem boljak, ýöne MK-nyň muňa nähili garajagy belli däl. Çüňki olar bulaň işini ýörite bize iberipdirler» diýdim. Tužikowam «bolýa» diýip trubkapy goýdy.

Men hammamdan gelip, öz kabinetimde gyşaryp ýatyrdym. Sagadam bir bolup, ikiden işleýärdi. Şo wagt Tužikow maňa jaň etdi. «Meseläni ara alyp maslahatlaşdyk. Entek hiç zat yglan edemzok. Ýöne käýinç yglan etmeli diýen pikire geldik» diýdi. «Bolýa, men siziň kararyňyz bilen ylalaşýan» diýip, trubkany goýdum.

Bir turaňsoň, gözüňe uky gelýärmi? Bir käse çaý içdim. Ikinji käsänem içmek üçin çaý guýundym. Şo mahalam ýer birdenkä ýakymsyz ses bilen ýokary galdy. Soňam elenip başlady. Çagalar başga jaýda bolansoň oturan ýerimden turup ylgap çykmakçy boldum. Ýöne birinji gapa barybam saklandym. Şol wagtam meniň ýüz-gözüm kerpiçden doldy. Gygyrdym, çagalardan ses ýok. Gymyldabam bilemok. Gapyň söýesi weli dur. Emma beýleki gapylaň hemmesi ýykylypdyr.

Men öz içimden «Be, bulaň hemmesi kesegiň aşagynda galypdyr?» diýip pikir etdim. Tozan, ýel ýatyşansoň, gapyň ugry bilen ýöräp başladym. Şondan soň töwerekden bir goh-galmagal başlandy. Diri adamlar aýak üstüne galdy.

Men çagalaryň gapysynyň öňüne baryp gygyrdym. Aýalym şo ýerde ýatyrdy. Ol «Men bar» diýip jogap berdi. «Bar bolsaň o ýerde ýatma. Çyk» diýdim. Garny bilen süýşüp çykdy. Golaýa gelende, elinden çekip çykardym ony. Ýöne beýlekileriň birindenem ses çykanok. Bizde şo wagt bäş çaga ýatyrdy. Kiçijik gyzym meniň bilen bir käse çaý içip, derrew otagyna ýatmak üçin gidipdi. Ejesi ony diwanyň ortasynda ýatyran eken. Üç ýaşly gyzjagaz. Ol soň süýşüp, diwanyň gyrasyna baryp, ellerini aşak sallap, ýüzünligine ýatypdyr. Ortasynda ýatsa, hiç zat boljak däl eken. Ajal-da. Şo gün biziňkä Pöwrizedäki daçada garawulçylyk edýän aýalyň gyzam gelen eken. Ýöne ondan meniň habarym ýokdy. Ol biziňkilere görä ulurakdy. Kesegiň üstünde gezip ýörüs. Birden çagaň aglan sesi eşidildi. «Bular diri» diýdim. Kerpiçleri aýyrmaly. Oňa çenli goňşy aýal iki gyzy bilen geldi. Olar daşarda ýatan ekenler. «Näme kömek» diýse, men «şu kerpiçleri aýyrmaly» diýdim. Ep-esli kerpiji aýyrdyk. Lom gözledim. Tapmadym. Bir bölek demir tapdym. Şony getirip, balkonyň aşagyna sokdum. Ýokaryk galdyrdym. Olaram iki çagany çekip çykardylar. Oglum bilen gyzymy. Durşuna öl-myžžyk olar. Ýegençäm bardy altynjy klasda okaýan, olam, beýleki garawulyň gyzy hem ýeriň aşagynda galdy. Menem içki geýimde. Krym köçesinde TK(b)P

MK-nyň ikinji sekretary Sennikow ýaşaýardy. Aramyz golaý. Oň jaýy daşyndan seredeniňde bişen kerpiçden salnan ýalydy. O jaý ýykylan däldir öýtdüm. Sennikowyň özi şo wagt Aşgabatda ýokdy. Ýüzümiň ugruna sowlup, şolardan geýner ýaly köýnek-balak alaýyn diýdim. Aýakgap bolmagy mümkin. Barsam, olaňam jaýlary ýykylypdyr. Aýalyny çykarypdyrlar. Özem maşynyň içinde, endam-jany saralgy ýatyr. Bir ogly bardy, ol kesegiň aşagynda galypdyr. Ýöne bir çemedany kesegiň aşagyndan çykaran ekenler. Sorasam, «şo çemedany aç, şonda näme bolsa al» diýdi. Çemedany açsam, ondan maňa bolar ýaly ýekeje balak çykdy. Sennikow daýaw, uzyn adam bolansoň, balak menden uzyn. Bolsa-da geýmeli boldum, aşagyny çermedim. Aýakýalaňaç obkoma bardym. Ol Gogol köçesinde öňki Batyr köçesiniň başlanýan ýerinde ýerleşýärdi. Häzirki Suw hojalygy Ministrliginiň jaýynyň ýerleşýän ýerindedi. Köçeler adamdan doly. Zordan geldim. Milisionerler dur. Obkomyň instruktorlarynyň biri gelipdi. Men instruktora «Obkomyň işgärlerini ýygna» diýip tabşyrdym. Maşynam howluda dur. Ýöne göterip çykaraýmasaň çykarar ýaly däl. Ýuwaş-ýuwaşdan işgärler üýşüp başlady. «Maşyny çykaryp bilseňiz çykaryň» diýip tabşyrdym-da, şäherkomyň jaýyna tarap ugradym. Şäherkom akademiýanyň häzirki territoriýasynda ýerleşýärdi. Öňki komwuzuň jaýlarynyň birinde. Olam obkomyňky ýaly iki gat jaýdy. Özem howlyň içindedi.

Şäherkoma barýanlygymyň sebäbi, ýer titrän wagty o ýerde býuro mejlisi gidýärdi. Ýer titrände mejlis gutarman-

dy. Gelsem, hiç kim ýok. Obkomyň birinji sekretarynyň kabul edýän kabineti ýykylypdyr. Býuro-da şo ýerde geçýärdi. Howlyň içine aýlanyp görsem, şäher ispolkomynyň başlygy Nagdow Muhammedow ýatyr. Şofýory maşynyň yzky oturgyjyny çykarypdyr. Şoň üstünde arkan ýatyr. Özi weli diri. Ýöne «Suw, suw beriň» diýip gygyrýar. Suw berenoklar. Şofýory onuň dodagyny suw bilen ölleýär. Ýöne bärik gelmäkäm men onuň bütin maşgalasynyň kesegiň aşagynda galandygyny eşidipdim.

Bu ýerde waka şeýle bolýar. Býuro çlenleri, oňa çagyrylanlar jemi otuz üç adam eken. Ýer titrände zala girilýän ýer aşak çöküpdir. Çykara ýer ýok. Diňe äpişgeden çykmaly. Ýer titränden bulaň hemmesi äpişgäň öňüne barypdyrlar. Nagdow hem iň öňünde eken. Tužikow şonda oňa «Näme dursuň bök aşak» diýipdir. Ol äpişgeden özüni aşak oklaýaram weli, birinji gatam ýykylýar. Ýykylandanam bäş-alty kerpiç edil onuň bil oňurgasynyň üstünden gaçýar. Soň yzyndan Tužikow aşak bökýär. Kerpiç onuň kellesini syryp gidýär. Galanlarynyň hiç birine-de zat bolmaýar. Hemmesi abat çykýarlar.

Men Nagdowa: «Seni bu ýagdaýda bärde goýup bolmaz. Şäherde bejerer ýaly mümkinçilik ýok. Seni Mara samolýot bilen ugradarys» diýdim. Öýüni soraýar. «Öýüň abat. Hemmesi gowy» diýdim. «Onda nämüçin olar menden habar tutanoklar» diýdi. «Zatlaryny çykarýarlar. Ile kömek edýärler» diýip, ynandyrjak bolýan. Şo wagt bir zat diýseň, gutardygy. Jan berjek. Men obkoma gelip «Şäher ispolko-

mynyň sekretary Olimpiada Dmitriýewnany tapyň. Sanitar samolýot bilen Muhammedowy derrew Mara ugratmaly» diýip, tabşyryk berişdirdim. Sagat ýedi töweregi bolupdy. Köçede gürleşip durus. Meniň iş kabinetim abat bolansoň, jaýa girjek boldum. «Jaýa girmek bolmaz» diýip garşy çykdylar. Ýeriň bolsa şol yranyp durşy. Şeýdip durduk welin, ýer birden ikinji gezek güýçli titredi. Çat açan, ýa abadrak duran jaýlary ýer bilen ýegsan etdi. Hemmesi gitdi.

Soň men TK(b)P MK gitdim. MK-da-da şo gün maslahat bolýardy. Ondan habarym bardy. Maslahaty Şaja Batyrowyň özi alyp barýardy. Ýöne MK-nyň jaýy ýykylmandyr-da, çat açan ýerleri bar. Suwagynyň gaçan ýerleri bar. Maslahat gidip durka ýer titreýär. Şonda olaryň hemmesi daşary çykýarlar. Hiç kime hiç zat bolmandyr. Gelsem, howlyň içinde ähli býuro çlenleri — Batyrow, Ýegorow, Alyýew, Horew... şo ýerde gürleşip duran ekenler. Instruktorlaryň biri maňa köýnek bilen tapoçka tapyp getirip beripdi. Aýagymda şol. Howa sowuk däl. Şo-da gowy. Batyrowa ýagdaýlary aýtdym. «Ýöne Nagdowyň ýagdaýy agyr» diýdim. «Men häzir raýonlara gitjek. Başga gitjek adam ýok» diýdim.

Şu ýerde ýene bir zat aýdaýyn. Aşgabatda ýykylman, abat galan jaýlardan bir-ä Döwlet bankynyň pul saklanylýan otagy hemem dokma fabriginiň täze sehiniň jaýy galdy. Şo wagtlaram şo sehi guran gurluşygyň baş inženerini «Puly köp sowupsyň» diýip türmä basypdylar. Gaýtam oň guran jaýy abat galdy. Baş inžener Orsyýediň bir ýerinde türmede eken. Sehiň ýykylman galanlygy üçin ony türmeden


enedilim.com

boşatmaly boldy.

Ýer titrän güni raýonlara aýlanmaga gitdim. Bu ýerde men adamlaryň örän guramaçylykly işleýändiklerine göz ýetirdim. Olaryň hemmesi aýak üstünde. Bir-birine kömek edýärler. Ýer titremesi bu ýerlere-de uly zyýan ýetiripdir. Ýekeje-de abat jaý galmandyr. Kolhozma-kolhoz aýlandym. «Haýal etmän, işe girişiň» diýdim. Ölüm-ýitim weli gaty kän.

Gen galmaly zat, iki gat jaýlarda ýaşaýan adamlar kän bir zyýan çekmändir. Şäherde-de şeýle boldy. MK-nyň garşysynda ýolbaşçy işgärler üçin iki gat jaý gurupdylar. Birnäçe, Fониниň, Popogyň öňki ýaşaýan jaýyna çenli. Şo jaýlarda halk komissarlary, olaryň orunbasarlary, MK-nyň işgärleri ýaşadylar.

Aşgabada öwrülip geldim. Kolhozlaryň ýagdaýyny Ş. Batyrowa habar berdim. Näçe adam ölendigini şo wagt aýtmak gadagan edildi. Ýöne «birnäçe müň adam öldi» diýip, gürrüň edilmeli edildi. Ýöne, Aşgabat şäherinde, raýonlarda ölen adamlaryň sany ýüz on müňe ýetýärdi.

Şu ýerde men Nurgeldi Meredowyň adyny hormat bilen tutasym gelýär. Ol ýer titränде, aljyraman-zat etmän, elektrik toguny öçürmäge ýetişýär. Eger ol ýetişmedik bolsa, onda nähili zyýançylygyň boljakdygyny göz öňüne getirmek kyn. Elektrik togy 8-nji oktýabrda diňe Swoboda köçesinde ýandy. Bir hepdeden soň bolsa, dizel oturdyldy. Bir näçe wagt geçensoň hem bize üç sany elektropoezd berildi. Şäherde elektrik togy şondan soň birneme gowu-

landy. Ostrowskiý köçesinde çagalar internaty bardy. Iki gat. Ýerzemini bardy. Demir gözenekli. 60-dan gowrak çaga okaýardy. Ýangyn dörände çagalaryň hemmesi ölüpdir.

Adam başa agyr ýagdaý düşende tanadýan eken. Men şo günler başga-da bir zada göz ýetirdim. Şonda iki sany ýolbaşçy işgäriň bolşuna haýran galdym. Häzir ikisem ýok. Biri Şajaň dosty bolmasa-da, beýlekisi gaty ýakyn dostudy. Onuň öýüne işe getirjek bolup barýalar weli, sapançaly çykýa diýýä. Ol dört-bäş günläp işe görünmedi. Öýünde näme bar, näme ýok, bilemok, pahyr öz öýüni gorap geçdi.

Beýleki bolsa meniň sekretarlarymyň biri. Soň ol ministr bolubam işledi. Dört günläp işe çykmady. Işe getirip bilemzok. O wagt bir adam bir adam-a. Bize-de işlemäge adam gerek ahyryn. TK(b)P MK-nyň býurosynyň karary bilen, sowet edaralarynda, kärhanalarda, administratiw organlarynda ilkinji partiýa guramalarynyň işini dikeldip, olary ýola goýmak maňa tabşyryldy. Biziň işgärlerimiziň bolsa işe hemmesi çykanoklar. Tužikowam işe gowy gatnaşanok. Bahanasam kellesi saralgydy.

6-njy oktýabrda şäher ilatyny azyk bilen mugt üpjün etmek hakda Halk Komissarlar Sowetiniň karary çykdy. Mary, Çärjew, Bäherden pekarnýalarynda çörek bişirilip, otly bilen Aşgabada getirildi. Et bilen üpjünçilik hem gowy boldy.

Mara gidende, kimdir biri Nagdowa maşgalasynyň ýagdaýyny aýdypdyr. Onuň muňa ýüregi çydamandyr... Olimpiada Dmitriýewnadan «Muny özüň aýdaýan bolaýma?» diýip soradym. Ol aýtmandyr. Ýöne başga kimdir biri aý-

dypdyr. Ol gowy işgärdi. Adamkärçiligem gowudy.

Ýaňy raýonlara ugramakam «MK barypdym» diýip aýdypdym. Men şonda «Haýwanat bagyndaky ýyrtyjylary nätmeli?» diýen meseläni orta atdym. Bu, şu wagt, gürrüň edilmegine-de degmeýän zat bolup görünmegi mümkin. Ýöne, şo wagt o haýwanlar şäher ilatynda belli bir derejede howp döredipdi. Sebäp diýeňde, ýer titrände ähli ýyrtyjy haýwanlar boşanyp köçä çykypdyr. Olaň arasynda gaplaňam bar, ýolbarsam, möjegem bar. Garaz, adyny tutan haýwanyň bar-da. Birinji maý köçesinde adamlar şo haýwanlara gabat gelipdirler. Ýöne, olar hiç kime degmän, gapdallaryndan geçip gidipdirler. Daň atan wagtam ählisi haýwanat bagyna üýşüpdirler. Dagap gidibermändirler. Ýöne, olary idedýän adam ýok. Hemmesi kesegiň astynda galypdyr.

Şo wagtam biz Daşkentden okrug komanduýuşisi, general Petrowa garaşýas. Ol gelmänkä şo zatlaň gürrüňini edişdik. Şonuň üçinem ýyrtyjy haýwanlary atmaly diýen karara geldiler. Idedýän adam bolmasa nätjek? Başga adamlary hem kabul edenoklar. Haýwanlaň hemmesi atyldy.

Petrow geldi. Adýutanty hem öz ogly, polkownik Petrow, hökümet komissiýasynyň üçlügine ýolbaşçylyk edýärdi. Üçlügiň hatarynda SSSR içeri işler halk komissary Kruglow, hemem goşun generaly Hrulýow bar. Ol uruş döwründe tyl işleri bilen meşgul bolan eken. Başga-da ähli soýuz halk komissarlyklaryndan orunbasarlary geldi. Hersi öz ugrundan iş alyp barmalydy.

Rus ýazyjylarynyň biri ýer titrände Petrowyň oglunyň öldürilişi hakda ýazypdyr. Men ony okadym. Ýöne ol bu wakany nädogry beýan edýär. Hakykatynda weli waka şeýle boldy. Ýazyjynyň ýazyşy ýaly, Gagarin köçesinde altyn magazini ýok. Altyn magazin Birinji maý köçesinde ýerleşýärdi. Häzirki «Gülüstan» restoranynyň ýerindedi. Ol Aşgabatda ýeke-täk altyn magazinidi.

Şo gün irden Şaja Batyrow, Petrow, Kruglow we beýleki býuro çlenleri üç maşyna münüp, jaň etmek üçin Akdepä ugradylar. Menem öz maşynym bilen olaryň yzyndan barýan. Men soň öz işim bilen Köşä, Bagyra sowuljakdym. Meniň yzymdan bolsa Petrowyň ogly polkownik ýigrimi sany esger bilen ýük maşynly gelýärdi. Maşynlar gidip barýar. Şo wagt ýykyk-ýumruk bolan altyn magazininden bir milisioner çykýar. Özem rus adamsy. Goltugynda-da halta. Ýaňkyny Petrowyň ogly görýär. Maşyny saklap, ýere düşýär. Ýaňky milisioneri ýanyna çagyrýar. Olam bäş metr ýanyna gelýär. Polkownik «Haltada näme alyp barýaň?» diýip soraýar. Milisioner jogap bermegiň deregine sapançasy bilen polkownigi atýar. Şo mahal esgerleriň hemmesi maşyndan böküp düşüp, milisioneri basýarlar. Gidip barýakak, köçäň gyrasynda duran adamlar «Saklanyň!» diýip gygyrýarlar. Olar biri-biriniň üstünden habar berýärler. Bizem yzdan öňümizdäkilere signal berip başladyk. Yzymyza öwrülip geldik. Gelsek, polkownik öli ýatyr. Milisioneri saklap otyrlar. Haltasynda-da gyzyldan şaýlar. Aýal-gyzlaryň şaý-bezegleri bar. Ýarym haltadan gowrak. Petrow

gözýaş dökmedi. «Nu i çto je, eto wtoroý moý syn» diý-di. Bir ogly ozal frontda wepat bolupdyr. Olam polkownik eken. Ikisinden başga ogly ýok. Öz adamlaryna buýruk berdi: «Daşkende äkidiň, şo ýerde jaýlaň» diýdi. Özi bolsa Aşgabatda galdy.

Ýöne o ýazyja kim nädogry maglumat beripdir, bilemok.

Biziň öňümizde birtopar edilmeli işler ýatyrdy. Ilkinji partiýa guramalarynyň hemmesini täzeden dikeldip, olaryň işlerini ýola salmaly. Ýygnak geçirmeli, saýlaw geçirmeli. Partiýa guramalarynyň sekretarlarynyň, býuro çlenleriniň köpüsi bolsa ýeriň aşagynda galypdy.

Ilkinji nobatda biz şu zatlar bilen meşgul bolmalydyk. Soňam raýonlarda oba hojalyk önümleriniň öndürilişi bilen gyzyklanmaly. Gurçuk tutmak üçin ýörite jaý gurmaly diýen karara geldik. Indi gurçugy kolhozçylar köpçülikleýin tutmaly etdik. Bir hojalyk tutanok indi. «Jaýy nähili gurmaly?» diýip, bu iki raýonyň hem kolhoz başlyklaryny Büzmeýine, häzirki «TSSR-iň 40 ýyllygy» kolhozyna ýygnadym. Ol şo döwürde «RKKA-nyň 12 ýyllygy» diýip atlandyrylýardy. Onuň garşysynda-da Stalin adyndaky kolhoz bardy. Soň ol iki kolhoz birikdirildi.

Şo maslahatda her kolhozdan bir brigadany häziriň özünde Tejene ibermeli etdik. Ýylgyn taýýarlamak üçin. Sebäbi jaýy şondan salaýmasaň boljak däl. Ýylgynam taýýar edildi. Indi jaý gurmaly. Tutly gurçugyň guty sanyna görä, kime göni, kime «G» harpy, kime-de «P» harpy görnüşinde jaý gurmaly edildi. «RKKA» uly hojalyk bolansoň

dört burçly «O» harpy görnüşinde jaý salyndy. Meniň özüm baryp jaý ýeriniň gazyklaryny kakyp berdim. Bu ýerde arhitektor gözläp ýörmeli däldi. «RKKA-nyň başlygy Magtym Gaýyp, beýlekiň başlygy Eýeberdi Burunowdy. Ikisem Sosialistik Zähmetiň Gahrymanydy.

Beýleki kolhozlardanam öwrenmek üçin agaç ussalaryny getiripdirler. Olara-da haýdan-haý işe girişiň diýdik. Bu zatlaryň hemmesini özüm baryp ýola saldym.

1948-nji ýylda Gumdagda nebit ýataklary açyldy. Buraw edýän sekiz skwažinanyň biri nebit berdi. Bir gije-gündizde ol iki ýüz ýigrimi tonna nebit berýär. Biz bu hakda Moskwa habar berdik. Baýbakow şo wagt SSSR Gündogar raýonlarynyň nebit we himiýa senagaty baradaky halk komissarydy. «Türkmenistana barjak» diýipdir. Tomusda geldi. Wagony bilen Bakuwa gelipdir. Ýanynda aýaly, baş spesialisti, kadrlar boýunça orunbasary Wezirow bar. Wezirow soň bize gelip, azajyk «Türkmennebitiň» naçalnigi bolup işledi. Bizden soň ol Azerbaýjanda ministr bolubam işledi. Baýbakowyň ýanynda başga-da üç-dört adam bar. Garaz, buhgalterine çenli ýanynda. Bakuwdan bärik uçup geldiler. Nebitdaga gelip, Gumdaga gitdik. Ýol-ýoda ýok. Zordan bardyk. Nebit çykýan wyşkany tapdyk. Baş spesialist nebitiň düzümini barlap görüp, «Gaty gowy. Bize gerek nebit» diýdi. Ýöne biz şo taýda Şaja Batyrow bilen maslahat edip Baýbakowdan pulam aldyk. Nebitdagda nebit tehnikumynyň jaýyny gurmak üçin bir million iki ýüz müň manat aldyk. Şo ýerde buýruk berip, dokumente gol çekdi. «Gele-

nime görä hemme ýeri görjek» diýensoň, ony Wyşka äkitdik. Oňa maşynam gatnaýar, kiçijik otly-da. Ýoly erbet däl. O ýerde bolup, Nebitdaga geldik. Nebitdagdanam sanitar samolýotda Çelekene uçduk. Güni bilen Çelekende bolduk. Aýlandyk, gördük. Uzakly gün bir ýerde bir döwüm çöregem iýdirmedi, suwam içdirtmedi. Ýogsam ýanymyz bilen garbak-gurbak taýýynlapdygam. Soň agşamara Nebitdaga geldik. Gelsek, birleşmede agşamlyk taýýar edip goýan ekenler. Ýöne Çelekende düzüm-düzüm edip guradylan balyk bar eken. «Kim isleýän bolsa ýany bilen birden-ikiden alsyn, samolýotda ýüregiňiz bulanmaz» diýip, Baýbakow aýtdy. Güni bilen aç bolansoň Nebitdaga ýetmän, balyklary iýip gutardyk. Ýogsam Nebitdag bilen Çelekeniň arasy otuz minutlyk ýol. Nebitdagdan soň Krasnowodskä bardyk. TES-e baryp gördük. Krasnowodskide birki ýyldan bäri nebitçileriň köşgi gurulýardy. Oňa-da pul ýetenok. Muň üçinem eýdip-beýdip bir million manat aldyk.

Nebitdagyň köp jaýlaryny ýesir alnan benderowçylar, wlasowçylar gurdular. Ýaponlaram gatnaşdylar. Ýöne olar uzak işlemediler. Esasan wlasowçylar bilan benderowçylar gurdular. Özlerem ýarym ýerzeminde ýaşadylar.

Krasnowodskiniň medeniýet köşgüni weli öz işçilerimiz gurupdy. Baýbakowy ugradamyzsoň Batyrow Aşgabada jaň edip, «Wagon Bama gelsin» diýip tabşyrdy. Maňa-da «Aý, Bamyda bir gün ýatyp, soň Aşgabada gideris» diýdi. Bama gelip, ilki Deşte gitdik. Deşt Şajaň dogduk obasy. Ýatmaly bolanda Börmede ýatdyk. Deşte gitmegimiziň bir sebäbi,

kolhoz başlygy Muhammet Baýramow «Bize bir bent gurup beriň. Sil suwy gelende şony saklar ýaly» diýip, obkomdan haýyş edýärdi. Gelip gördük. Ýöne Şaja «Bent gurmaň. Soň joşaýsa, hemme zady ýok eder» diýdi. Otly meýdan bilen ýöräp barýarkak Şajaň öňünde uly bir ýylan kellesini galdyryp dur. Eger Şaja ýene bir ädim ädäýse, onuň çakmagy mümkindi. Oglanlar derrew daşlap, ony öldürdiler. Ölçäp gördüler weli, metr ýarym-da. Ozal ol ýylan bir aty, göläni, eşegi çakan ekeni. Şajaň Börmede agasy bardy. Özem Kolhoz başlygydy. Şoň öýünde-de ýatdyk. Aşgabada gaýdamyzda wagony yzyna gaýtaryp, Şajaň maşynynda gaýtdyk.

Men partiýanyň Aşgabat obkomynyň we şäherkomynyň birinji sekretary wezipesinde 1949-njy ýyla çenli işledim.

1947-nji ýylda BK(b)P MK-nyň ýanynda Jemgyýetçilik alymlary akademiýasy açylan badyna men şo ýerde okamaga meýil bildirip, arza ýazypdym. Şonda Şaja «Sen entek işlemeli. Okuw hakda gürrüňem etme» diýip, arzamy alyp galypdy.

Kyrk dokuzynjy ýylda okuwa ibermek hakda gürrüň gozgalanda Şaja meniň arzam hakda ýatlapdyr. BK(b)P MK-nyň bölüminde muňa ynanmandyrlar. Bir gün meniň ýanyma BK(b)P MK-nyň inspektory Harlamow gelip «Siz okuwa gitmek isleýäňizmi?» diýip sorady. Men bolsa ýazan arzam bir wagt ýadymdan çykypdy. «Ýok» diýip jogap berdim. «Menem şeýle pikirde» diýip, ol aýtdy. Şaja Batyrow soň meni ýanyna çagyryp, «Sen okuwa gitjek diýip, arza ýa-

zypdyň, şo arzany men saklapdym. Indem okuwa gitmek mümkinçiligi döredi. Niçik görýäň?» diýip sorady. Bu awgustyň ýigrimi bäşleridi. Oblastyň görkezijileri hem oňat. Barlag gelende-de hiç zat tapanokdylar. Planlaram dolup ýörüs.

Men hem «Hawa, hawa, arza ýazypdym. Ýöne ondan bäri birnäçe wagt geçipdi» diýdim. Harlamow bolsa maňa ýüzlenip: «Siz entek ýaş. Işlemeli wagtyňyz. Okuwa howlukmakdan irräk» diýip, Şajaň ýanynda aýtdy. «Howluk-howlukma, ýöne okamagam gerek» diýemsoň, olam meň tarapyma geçdi. BK(b)P MK-dakylaryň birazajyk betgüman bolanlarynyň sebäbi, men okuwa gitsem, ýerime kimi goýmaly diýen mesele ýüze çykanda Ş. Batyrow Seýitnazar Mätiýewi görkezipdir. Olam Şajaň obadaşy diýen ýaly. Munam apparatyň işgärleri gowy bilýär. Şoňa azajyk betgüman bolnup meň ýanyma gelnen eken.

Moskwa okuwa gitdim. Ýerime-de Mätiýewi saýladylar. Moskwada men iki ýyl dört aý okadym. Elli birinji ýylyň noýabryna çenli. Temamy hem alyp, onuň üstünde işläp başladym. Okuwy gutarmagyma sekiz aý galanda meni Türkmenistana işe çagyrdylar. TK(b)P MK-nyň birinji sekretary Suhan Babaýew bir ýyl dagy işe gel diýip, öz günüme goýmady. Ol her gezek Moskwa gelende MK-nyň üsti bilenem maňa täsir etjek bolýardy. Ahyr onuň bilen razylaşmaly boldum. Aşgabada işe gaýtdym. Meni TK(b)P MK-nyň sekretary edip saýladylar.

1952-nji ýylda Türkmenistan Kommunistik partiýasy-

nyň nobatdaky gurultaýy geçmelidi. Şonuň guramaçylyk taraplaryny maňa tabşyrdylar. Menem o wagt syrkaw. Gurultaýyň öňüsyrasy kurorda gidip geleýin diýip, Soça gitdim. Wraçlar şo ýerini salgy berdiler. Gaýtam o ýerde gün-günden horlanyp başladym. Men soň görüp otursam, Soça däl-de, Kislowodskä gitmeli ekenim.

Şo wagt Soçide Berdi Kerbabaýew hem dynç alýan ekeni. Ol Stalin adyndaky sanatoride bolýardy. Gaýdamyzda Berdi aga ikimiz Gruziýanyň üsti bilen gaýtdyk. Batuma çenli gämä mündük. Batumide obkomdan maşyn alyp Gorä geldik. Şäherkomyň sekretary bizi öz maşyny bilen Tbilisä äkitdi. Tbilisä barýan ugrumyzda Msehetä hem sowlup gördük. Berdi aga gaty zor adamdy. TK(b)P MK-nyň sekretary bolan döwrümde oňa azaram berjek boldular. Elli ikinji ýylda Londonyň gazetleriniň birinde Berdi Kerbabaýew hakynda habar çap edilýär. Habar türkmen ýazyjysynyň ozal iňlislere satylandygy hakda ýazylypdyr. Bu habary Müsüriň bir gazeti hem göçürip çap edýär. Şo gazetler bize gelip gowuşdy. Moskwadanam «Eger respublika üçin gerekli hasaplasaňyz, onda oňa degmäň» diýip ýazypdyrlar. Biz seredip gördük, maslahat etdik. Kerbabaýewiň Türkmenistan üçin bitiren işiniň agramy gaty uly. Aslynda-da bu prowokasiýa üçin edilen zat. Munuň ýazylmagynyň başga bir sebäbi hem bar. Eger meselä ýeňil seretseň, onda ol dogrudanam şeýledir diýdirýär. Berdi aga Eziz hanyň mürzesi bolan, ele düşenlerinde-de ikisi bile düşýärler. «Dünýäň ýagdaýy bulaşyk, sen bir gelip gitseň, maslahat etsek» diýip, iňlis-


enedilim.com

ler Güljemal hanyň adyndan Eziz hana hat ýazýarlar. «Oň ýaly bolsa, gidip gelsek gowy» diýip, Tejenden wagon alyp, Eziz han bilen Berdi Kerbabaýew, dokuz sany goragçyly şoňa münüp, ýola düşýärler. Başga adam ýok ýanlarynda. Agşam sagat on birlerde wagonlary otlyň yzyna dakýarlar. Takyrda bir kiçijik stansiýa bar, şoňa ýetmänkä Eziziň münüp barýan wagonlary otludan aýrylýar. Şo stansiýa çenli öz badyň bilen gidibermeli onsoň. Adamlaram ýatyr. Stansiýa baransoňlar iňlislerdir ak gwardiýaçylar Eziz hanyň goragçylaryny ýaragsyzlandyryp, kowup goýberýärler. Soň Eziz hanyň küpesine girip, ýaraglaryny alýarlar-da «Turuň, geljek ýeriňize gelip ýetdiňiz» diýýäler. Olary başga otla tirkäp, Aşgabada getirýärler. Aşgabatda-da bir aý türmede ýatyrýarlar. Soň Eziz hany Baku tarapyna äkidýärler. Berdi Kerbabany bolsa hossarlary gelip, türmeçilerden satyn alýarlar. «Ele düşmez ýaly, gumuň içi bilen git» diýibem tabşyrýarlar. Berdi aga şolaň diýenini edip gumuň içi bilen gidýär. Ýöne şu zatlar hakynda Berdi aga partiýa girende öz terjimehalynda görkezmän ekeni. Men şuny Berdi aganyň öz dilinden eşitdim.

Berli Kerbabaýewli meseläni biz şo sapar dört gezek ara alyp maslahatladyk. Bolsa-da Berdi agany uly howpdan alyp galmak başartdy. Men Moskwada okaýarkam, Baýmuhammet Garryýewiň, Mäti Kösäýewiň, Orazmämmet Abdalowyň, Bagşy Jürmenegiň basylandygyny eşidipdim. Olaryň nämüçin basylandygyny bolsa, ozal aýdypdym. Ýöne Abdalowa başga-da günä ýöňkelipdir. Muny maňa Oraz-

mämmet türmeden boşap gelensoň gürrüň berdi. Uruş döwründe ol gündelik ýöredenmişin. Mysal üçin, biziňkiler bir şäheri äpberýärler. Aýdaly, Smolensk şäherini. Onda ol öz gündeliginde «Nämüçin Moskwa däl» diýip, bellik edýärmişin. Bärik geldigiçe, berilmedik şäherleň atlaryny ýazyp, ýaňky ýaly bellik edýärmişin.

Bu organlaň berýän maglumaty. Ýöne muny biri ýörite gurnan bolmaly. Gündelik diýilýänem, beýleki diýilýänem düýbünden ýalan.

Ilki ol rus gyzyna öýlendi. Onuň bilen aýrylyşandan soň, Ýazgül Şamyradowa öýlendi.

Türmede Baýmuhammet doktorlyk edipdir. Orazmämmedem kän horlanmandyr. Ýeňil işlerde işläpdir...

## Sözsoňy

Ýusup Öwezow TK(b)P MK-nyň sekretary wezipesinde 1952-nji ýylyň noýabryna çenli işledi. Soňra 1954-nji ýylyň iýunyna çenlem Aşgabat şäher ispolkomynyň başlygy bolup işleýär. Emma saglyk ýagdaýy barha ýaramazlaşýar. Şonuň üçinem heniz men diýen wagty kyrk bir ýaşly Ýusup Öwezow başga işe geçmegi ýüregine düwýär.

TKP MK-nyň respublikan partiýa mekdebinde sowet ykdysadyýetinden sapak berýär. TSSR ÝA-nyň[1] ykdysadyýet institutynda sektora müdirlik edýär. Ahyry hem inwalidligi zerarly pensiýa çykmaga mejbur bolýar. Ýusup Öwezow

[1]ÝA – ylymlar akademiýasy.

birnäçe gezek TKP MK-nyň çlenligine, TSSR Ýokary Sowetiniň 2-nji, 3-nji, 4-nji çagyrylyşlarynyň deputatlygyna saýlanylýar. 2-nji we 3-nji çagyrylyşlarda TSSR Ýokary Sowetiniň başlygy bolýar.

Ol Lenin, Zähmet Gyzyl Baýdak, «Hormat nyşany» ordenleri hem-de medallaryň bäşisi bilen sylaglanyldy.

Häzir ol Aşgabat şäheriniň Magtymguly prospektinde ýaşaýar. Ömür derýasyny gulaçlap ýüzen, bu parasatly ýaşulynyň mahal-mahal ýanyna baryp, onuň söhbetlerini diňläp gaýdýan. Her baby indi taryha öwrülen şol söhbetleriň meň üçin-ä gadyr-gymmaty diýseň uly. Bu günki gün taryh kitabyndan okap bilmejek, okajagymyz hem gümana şol söhbetleri gylyny gymyldatman okyjylara ýetirmegi öz borjum hasap etdim.

*Iýul, 1990.*

# BALYŞ ÖWEZOW

Çärýek asyrdan bäri ady syýasy arenadan düşen, setanda-seýranda gazet-žurnallaryň sahypalarynda käwagt bir ady tutulaýmasa, unudaňkyrlanyp barylýan Balyş Öwezow hakda makala ýazmak pikiri mende öňden bärem bardy. «Aý, erte girişerin, birigün girişerin-dä» diýip, iki göwün bolup ýördüm. Eger-de üýtgedip gurmak döwri gelmedik bolanlygynda, belki, ol hakda ýazylmasa-da ýazylmazdy. Ýazylaýanlygynda-da ony çap etdiräýmek, gaýadan mumiýa tüpeňlän ýaly bir zat bordy.

Balyş Öwezow uçursyz agyr şertlerde ösüp, ulalan adam. Ýetimligiň hem zaryny çekipdir, hor-homsulygam başyndan geçiripdir. Tebigatyň bu ýowuz daramalarynyň hemmesine döz gelip, ýönekeý komsomol işgärliginden respublikanyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretarlygyna çenli ösüş ýoluny geçipdir...

Elli ýedinji ýylyň 30-njy dekabrynda TKP MK-nyň býurosynda ony TSSR Ministrler Sowetiniň başlygy wezipesinden boşatmak hakda meselä garalýar. 29-njy dekabr güni bolsa onuň 44 ýaşynyň dolan günüdi. Haýran galmaly ol doglan gününi belleýän wagty, ertirki boljak býuroda öz meselesine garaljakdygyndan habary boldumyka?

Onuň bu uly wezipeden nämüçin boşadylandygyny ýazgymyzyň dowamynda okarsyň, gadyrly okyjy! Gaty-köp salym geçmänkä-de oňa bu wezipede ýene-de işlemek miýesser edýär. Soňra TKP MK-nyň birinji sekretary.

Türkmeniň asyrlarboýy arzuw edip gelen Garagum kanaly onuň göz-guwanjydy. Kanal Aşgabada gelende, gyzyl lentany kesmek onuň paýyna düşüpdi. Ol işden boşadylandan soňam «Wah, kanalyň suwunyň Krasnowodskä ýetenini görsem armanym ýok» diýer eken. B. Öwezow 1969-njy ýylyň 24-nji dekabrynda (ýene-de dekabr — A. Ç.) TKP MK-nyň XVIII plenumynda birinji sekretarlyk wezipesinden boşadylýar. Şondan iki günden soň respublikanyň Ýokary Sowetiniň sessiýasyna gatnaşýar. Sessiýadan keýpsiz gelip «Bäý, adamlaryň bolşuny. Öňňün bile oturan adamlarym bu gün salamlaşmaga-da çekinip durlar» diýip, gynanyp gürrüň edipdir.

Soň ol TSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky Geologiýa uprawleniýesiniň naçalniginiň kadrlar boýunça orunbasary wezipesinde işleýär. Balyş Öwezow respublikanyň ykdysadyýetiniň, medeniýetiniň, edebiýatynyň we sungatynyň, ylmynyň ösmegi üçin gujur-gaýratyny, ähli başarnygyny gaýgyrman işledi.

Lenin ordeniniň üçüsi, Zähmet Gyzyl Baýdak, «Hormat nyşany» ordenleri, «1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda edermenlikli zähmeti üçin» diýen medal bilen sylaglanan bu adamy biz hormat bilen ýatlamaga borçludyrys. Ol uzyn bolmadyk ömür ýaşady. Altmyş ýaşy-

nyň dolmagyna bary-ýogy iki ýarym aý galanda tarpa-taýyn aradan çykdy. Ol häzir diri gezip ýörenliginde, şu ýyl ýetmiş bäş ýaşynyň toýuny toýlamalydy. Men respublikamyzyň görnükli partiýa we sowet işgäri hakdaky ýatlama makalamda arhiw materiallaryndan peýdalandym. Pursatdan peýdalanyp, men ýakyndan kömek berendikleri üçin TKP MK-nyň partiýa arhiwiniň işgärlerine minnetdarlyk bildirýärin.

## Terjimehalyndan

Balyş Öwezow 1915-nji ýylda Tagtanyň Bedirkent obasynda eneden dogulýar. On ýedinji ýylda kakasynyň gözi kör bolýar, ol otuz birinji ýylda ýogalypdyr. Ejesi ýigrimi altynjy ýylda ýogalýar. Çagalar öýünde terbiýelenýär. Daşhowuz pedtehnikumyny tamamlandan soň, şo ýerde mugallymçylyk edýär. Otuzynjy ýyllaryň başlarynda Aşgabat pedinstitutynyň fizika-matematika ugrundan okuwa girýär. Institutyň 2-nji kursunda okap ýörkä, ony Daşhowuz okrugynyň halk magaryf bölüminiň instruktorlygyna işe iberýärler. (Ýöne ol bu instituty 1949-ny ýylda gaýybana gutarýar. Käri taryh mugallymy). Soňra ol LKSMT Daşhowuz okružkomynyň birinji sekretary, LKSMT MK-nyň okuwçy ýaşlar bölüminiň müdiri, LKSMT MK-nyň kadrlar boýunça sekretary bolup işleýär.

TK(b)P MK-nyň 1940-njy ýylyň 7-nji sentýabrynda bolan býuro mejlisiniň protokolyndan:

«Ýoldaş Balyş Öwezowy LKSMT MK-nyň sekretary wezipesinden boşadyp, ony TSSR içeri işler halk komissarynyň orunbasarlygyna tassyklamaly. BK(b)P MK-dan muny haýyş etmeli. TK(b)P MK-nyň sekretary Fonin. 8.IX.1940.»

1940-njy ýylyň 8-nji sentýabrynda TK(b)P MK-nyň sekretary Muhadowyň adyna TSSR içeri işler halk komissary Borşewden telegramma gowuşýar. Onda şeýle ýazylypdyr: «TSSR IIHK-nyň[1] wraç-ekspert komissiýasy ýoldaş Balyş Öwezowyň saglyk ýagdaýyna görä IIHK organlarynda işlemäge ýarawsyz diýen netijä geldi.

TK(b)P MK-nyň 1940-njy ýylyň 7-nji sentýabrynda bolan býurosynyň B. Öwezowy TSSR içeri işler halk komissarynyň orunbasaryna bellemek hakdaky kararyny ýatyrmagyňyzy soraýaryn».

Şol günüň özünde Balyş Öwezow TSSR magaryf halk komissarynyň orunbasary wezipesine bellenýär. Ol bu wezipede kyrk birinji ýylyň iýulyna çenli işläpdir.

BK(b)P MK-nyň ýanyndaky partiýa guramaçylarynyň ýokary mekdebinde okaýar. Okuwy tamamlap gelenden soň bolsa partiýanyň ilki Aşgabat, soň Daşhowuz obkomlarynda ikinji sekretar wezipelerinde işläpdir. Kyrk altynjy ýylda ony TK(b)P MK işe çekýärler. Ilki propaganda boýunça, soň hem kadrlar boýunça sekretar bolup işleýär. Ellinji ýylda ony Mara, obkomyň birinji sekretary edip işe iberýärler.

1951-nji ýyl. Otuz alty ýaşly Balyş Öwezow TSSR Mi-

[1] IIHK – Içeri işler halk komissarlygy.

nistrler Sowetiniň başlyklygyna bellenilýär.

## BK(b)P-niň XIX gurultaýynyň delegaty B. Öwezowa TK(b)P MK-nyň häsiýetnamasyndan

«Balyş Öwezow partiýa işinde özüni başarjaň we gujurly ýolbaşçy hökmünde tanatdy.

Onuň 1951-nji ýylda partiýany Mary obkomynyň birinji sekretary bolup işlän döwründe oblastyň kolhozlarynda ekiş we gowaça bejergisi işleri üstünlikli amala aşyryldy. Şonuň netijesinde hem pagta taýýarlamagyň döwlet plany artygy bilen ýerine ýetirildi.

1951-nji ýylda ýoldaş Öwezow ösüp barýan ýolbaşçy işgär hökmünde TSSR Ministerler Sowetiniň başlygy wezipesine işe çekildi.

Ýoldaş Öwezow respublikanyň zähmetkeşleriniň we partiýa aktiwiniň arasynda uly abraýdan peýdalanýar. Ýoldaş Öwezow 1946-njy ýyldan 1951-nji ýylyň sentýabryna çenli TK(b)P MK-nyň çlenligine we partiýanyň MK-nyň býuro çlenligine dört gezek saýlanyldy. TSSR Ýokary Sowetiniň I, II we III çagyrylyşlarynyň deputaty. 1951-nji ýylda ýoldaş Öwezow TSSR Ýokary Sowetiniň başlyklygyna saýlanyldy.

Respublikanyň halk hojalygyny we medeniýetini ösdürmekdäki hyzmatlary üçin ol Lenin, Zähmet Gyzyl Baýdak, «Hormat Nyşany» ordenleri bilen sylaglanyldy.

1957-nji ýylda Balyş Öwezow TSSR Ministrler Sowetiniň başlygy wezipesinden boşadylýar.

## TKP MK-nyň 1957-nji ýylyň 30-njy dekabryndaky býurosynyň kararyndan

«...Ýoldaş Öwezow komandirowkalarda bolan döwründe raýon we oblast ýolbaşçylaryndan partiýa talabyny etmäge derek, iş wagtynda içhä-içlige ýol berýär. Şoňa görä-de TSSR Ministrler Sowetiniň başlygy hökmünde öz-özüni abraýdan gaçyrdy. TKP MK ýokarda aýdylan hem-de gaýry kemçilikler hakynda ozalam ýoldaş Öwezowa telim gezek duýdurypdy. Ondan ýolbaşçylyk edişini we özüni alyp barşyny düýpgöter üýtgetmegi talap edipdi. Emma, ýoldaş Öwezow munuň bilen sözde ylalaşsa-da hakykatda weli, ne işde, ne-de özüni alyp barşynda hiç hili netije çykarmady. Şeýlelikde gutarnykly özüni abraýdan düşürdi...»

TSSR Ministrler Sowetiniň başlygy wezipesinden boşadylan Balyş Öwezow birnäçe wagtlap işsiz gezýär. 1958-nji ýylyň aprelinde ol Aşgabat oblispolkomynyň başlygy wezipesinde işläp başlaýar.

**Batyr Öwezow:**

— Ony birinji gezek Sowminiň[1] başlygy wezipesinden aýranlarynda birnäçe wagtlap işsiz boldy. Şonuň üçinem Moskwada ejemiň garakölden tikilen possunyny satmaly bolduk. Çaga köp. Alty çaga. Pulam ýok. Moskwa gelip,

[1] Совмин – Совет Министров.

«Şuny satyp ber» diýdi. Men ony satmak üçin komission magazine tabşyrdym.

Oblispolkomyň başlyklygyndan Sowmine başlyk boldy.

Sowmine geçen gününden, öň gara bermedik adamlar ýene-de öýümize doldy. Ejemiň muňa gahary geldi. «Öýe goýberjek däl» diýse-de, soň ejeme ýüzlenip «Zyýany ýok. «Daş bilen urany, aş bilen ur diýipdirler» diýeni, häzirem ýadymda.

Ol bu wezipede bir ýyla ýeter-ýetmez işleýär. 1959-njy ýylyň ýanwarynda ol ýene-de TSSR Ministrler Sowetiniň başlygy.

## TKP MK-nyň häsiýetnamasyndan

«...Ýoldaş Öwezow işeňňir, syýasy taýdan kämil, ösýän we geljegi uly işgär, sözleşende medeniýetli, mesele çözende oýlanyşykly, respublikanyň hojalyklaryna belet, partiýa, sowet aktiwiniň hem-de zähmetkeşleriň arasynda mynasyp abraýdan peýdalanýar.

...Ýoldaş Öwezow Sowminiň başlygy bolup işlän döwründe kämahal spirtli içgileri içýänligi üçin TKP MK-nyň býurosy oňa öz wagtynda duýdurypdy. Ol muny partiýa çleni hökmünde kabul edip, şondan bäri bu hereketini gaýtalanok.

Ýoldaş Öwezow TSSR Sowmininiň başlygy wezipesini ýerine ýetirmegiň hem-de respublikanyň hojalyklaryna ýolbaşçylyk etmegiň doly hötdesinden geler».

Balyş Öwezow bu wezipede ýyl ýarym töweregi işleýär. 1960-njy ýylyň maýynda TKP MK-nyň birinji sekretary Jumadurdy Garaýew ýogalýar. Şondan bir hepde töweregi geçip-geçmänkä, has takygy, 11-nji maýda TKP MK-nyň býurosy bolup geçýär. Býuroda TSSR Ministrler Sowetiniň başlygy B. Öwezowy TKP MK-nyň birinji sekretary wezipesine hödürlemek hakdaky meselä garalýar. MK-nyň golaý wagtdaky boljak plenumynda B. Öwezowy bu wezipä hödürlemek hakdaky teklip bilen çykyş etmek TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy N. Baýramowa tabşyrylýar. Şol gezekki mejlise býuro çlenleri Täşliýew, Çaryýew, Akulinsow, Baýramow, Öwezow, Rejebow, Mollaýewa, çlenlige kandidatlar Galanskiý, A. Öwezow, Pişulin, Öwezgylyjow, şeýle hem SSKP[1] MK-nyň soýuz respublikalary boýunça partiýa-guramaçylyk bölüminiň müdiri Çuraýew, SSKP MK-nyň bölüm müdiriniň orunbasary Pigalýow, sektor müdiri Pimenow gatnaşýarlar.

Şol ýylyň 13-nji iýunynda TKP MK-nyň býuro mejlisinde TSSR Ministerler Sowetiniň başlygy hakdaky meselä garalyp, B. Öwezowyň TKP MK-nyň birinji sekretarlyga saýlanýanlygy mynasybetli, ol hökümet başlygy wezipesinden boşadylýar.

Şol gün TKP MK-nyň plenumy bolýar. Plenumda guramaçylyk meselelerine garalýar. B. Öwezow TKP MK-nyň birinji sekretarlygyna, ozal TKP MK-nyň ikinji sekretary bolup işlän F. A. Grişaýenkow wezipesinden boşadylyp onuň

[1]SSKP – Sowet soýuzynyň kommunistik partiýasy.

ýerine Pimenow saýlanylýar. Ozal TSSR Halk hojalygy sowetiniň başlygynyň orunbasary bolup işlän A. Annalyýew TKP MK-nyň býuro çlenligine saýlanylýar.

Plenumda çykyş eden ýoldaşlaryň birnäçesi respublikanyň öňki ýolbaşçylarynyň adyna ýiti tankydy bellikleri aýdýarlar. Şol kemçilikleriň indi gaýtalanmazlygy üçin öz isleg-arzuwlaryny beýan edýärler. Şu jähetden men plenumda çykyş eden Ataýewiň çykyşyndan bir bölejigini ýetirmegi maksada laýyk bildim. Ol öz çykyşynda şeýle diýýär: «Jumadurdy Garaýewiç Garaýew TKP MK-nyň birinji sekretary bolup az wagtlaýyn işlese-de, respublikanyň ykdysadyýetini, aýratyn nygtaýaryn, respublikanyň ykdysadyýetini aýaga galdyrmakda hem-de MK-nyň VI plenumyndan öň bar bolan kemçilikleri aradan aýyrmakda belli bir iş bitirdi. Öleniň yzyndan gürrüň etmek gowam däl weli, ýöne täze sekretar saýlaýan wagtymyz, onuň geljekde öz işinde göz öňünde tutmagy üçin, işiň bähbidi üçin goýberilen kemçilikler hakda aýtmak, artykmaçlyk etmezmikä diýýän.

Ýoldaş Garaýew birinji sekretar wagty respublikanyň durmuşynda medeniýet meselelerine, ideologiýa meselelerine ýeterlik üns bermedi. Bu belli bir derejede onuň syýasy taýdan taýýarlygynyň ýeterlik däldigi bilen düşündirilýärdi. Ideýa babatda taýýarlykly, tejribeli partiýa işgäri ýoldaş Täşliýewiň respublikanyň ideologiýa işiniň başynda durmagy bilen, bu säwligiň üsti dolduryldy.... Galyberse-de, gürrüňi edilýän döwrüň esasy bir ýetmezi hem ýoldaş

Garaýewňi MK-nyň ikinji sekretary ýoldaş Grişaýenkowa çakdan aşa ynanmagy boldy. Ol bolsa bu ynamdan hyýanatçylykly peýdalandy... Ol şahsyýet kultuny galdyrmak bilen, özüni «Türkmen halkyny halas ediji» hökmünde görkezmäge çalyşdy. Ol işgärler bilen arkaýyn gürlemegi unutdy, ýolbaşçylyk etmäge derek buýruk berip başlady. Onuň bu häsiýetlerini TKP-niň XVI gurultaýyndan soňky birinji guramaçylyk plenumynda örän adalatly tankyt edipdiler.

Belki, meniň bu aýdýanlarymyň häzirki plenuma dahyly ýok ýaly bolup görünmegi hem ähtimal? Ýok, men muny beýle hasaplamok, çünki biziň saýlajak sekretarymyz özüniň geljekki işinde bu aýdylan kemçilikleri nazarda tutup, şeýle kemçilikleriň mundan beýläk bolmazlygy üçin çalyşmalydyr.

...Käbir belli-belli ýolbaşçy işgärler partiýanyň görkezmelerini ýoýup, ildeşlik, dostparazlyk, özüne wepaly gulluk edýän prinsipinden ugur alyp, partiýa-sowet ýolbaşçy işlerine öz adamlaryny işe çekýärler. Käwagt bolsa, ol ýa-da beýleki bir işgäre iş başarjaňlygyna däl-de, ýaranjaňlaryň şugullamasyna, şyltak gürrüňlere görä baha berilýär.

Şonuň üçin hem biziň bu zatlara örän obýektiw garamagymyz gerek, bu zatlar hakda ýüzleý pikir etmäge hakymyz ýokdur...»

**Hojabaý Ataberdiýew:**

— Balyş Öwezow ýetmiş bäşiň on üçünji oktýabrynda aradan çykdy. On ikisine agşam sagat dokuzlarda maňa jaň edip: «Şu gün Tejenden, Jahanyň yzyndan baryp geldim.

Sag-aman pagta ýygyp ýören eken» diýdi. Şonda ol begenip «Utdug-aý» diýdi. Ol ozal ýogsam futbola zada seredip ýören adamam däldi. «Ertir iniň aspirantura bäşlik ekzamen tabşyrsa, aýt, gutlamaly borus» diýip degişdi. «Bolýa, hökman aýdaryn» diýip, hoşlaşyp trubkany goýdum.

Ertir hem sagat onlaryň ýarynda akademiýa meniň yzymdan bardylar. «Ýaşuly aradan çykdy» diýdiler. Geň gördüm. Öten agşam telefonda gepleşenimi aýtdym. Barsam Gumman Saryýew, Döwly Garaýew, Aşyr Muhammedow bar eken. Krowatda edil diri ýaly bolup ýatyr. Öýde başga hiç kim ýok. Gyzy Mira daşarda aglap ýör. On minut geçip-geçmänkä oba hojalyk ministri Gylyçdurdy Sähetmyradow ses edip, aglap gapydan girdi. «Krowatdan stoluň üstüne geçireliň» diýdiler. Şonda Gylyçdurdy Sähetmyradow «Süňk hossary geçirmeli. Süňk hossaram şu ýigit» diýip, meni görkezdi. «Başyny bu ýigit götersin, ýogsam närazy bolar» diýdi. Ýaşulyň özi daýaw adamdy. Kellesini men gujaklap göteremde iki kilo ýük göteren ýaly, bilemogam, ýeňillik bilen göterdim. Olaram beýle tarapyny göterdi. Adamlar gelşip başlady. Ol Prawda köçesiniň 30-njy jaýynda ýaşaýardy. Şo gün onuň ýogaldy habaryny eşidip, gelen adamlaryň sany köp boldy. Ogly Batyr Moskwada ýaşaýardy. Ol şo gün geldi. Oktýabrdygyna garamazdan, howa gaty maýyl boldy. Tomsuň güni ýaly yssydy. Ertir jaýlamaly etdik. Merkezi komitete-de habar ýetirdik. MK-nyň şo wagtky bölüm müdiri Jumamyrat Gurbanowy komissiýaň başlyklygyna belläň diýipdirler. Ju-

mamyrat Gurbanow gelip «Uly dabara etmäliň. Ertir sagat 3-de jaýlanýar. Gapurow häzir Çärjewde komandirowkada. Oň bilenem gepleşildi» diýdi. Ertesi Geologiýa uprawleniýesiniň uly klubunda jesedini goýduk. Sagat birde äkidip, üçde-de çykardyk. Balyş Öwezow bilen köp adam hoşlaşdy. Gapurowyň özem geldi. Ýollary ýapmaly edildi.

Ýedisi güni bellenilende Gökdepe etrabyndan bir ýaşuly mugallym uly bir goýun getiripdir. Hiç birimiz ony tanamzok. Ol «Balyş Öwez maňa uly ýagşylyk etdi» diýip, aýtdy. «Näme ýagşylyk?» diýip sorasak, ol şeýle gürrüň berdi. Gökdepe raýkomynyň ýygnagyna Balyş Öwezow bilen Çary Ataýew gatnaşýar. Şonda «Gyzyňy satyp, galyň aljak bolupdyr» diýip, ony partiýa hataryndan çykarmaly edilýär. Ýöne Balyş Öwezow ýygnakda çykyş edip, onuň bu hereketiniň mugallyma gelişmeýändigini aýdyp, oňa entek beýle agyr jeza bermekden saklanmalydygyny duýdurypdyr. Şondan soň ol agyr beladan dynýar.

Şonda ol ýene bir zat aýtdy. Haçanda Balyş Öwezowy TSSR Ministrler Sowetiniň başlygy wezipesinden boşadanlarynda Gökdepe etrabyndan köp adam gol çekip, Balyş Öwezowyň işe dikeldilmegini talap edip, hat ýazylypdyr. «Şol adamlar şeýle hat ýazyp, ýalňyşman ekenler» diýdi.

Balyş Öwezow TKP MK-nyň birinji sekretary bolup işlän döwründe men Wremýankada ýaşaýardym. Hatda öz almaly jaýymy hem menden soň gelen bir işdeş ýoldaşyma berilmegini haýyş etdim. Ol meniň hiç hili şert ýok jaýda ýaşaýandygymy bilýärdi. «Kömek edeli» diýse-de oňa

garalyk geläýmesin diýip, jaýdan ýüz öwürdim. Ýaşuly işe berlen adamdy. Işden soň öýüne pyýada gidýärdi. Baran ýerine milisiýa äkitmezdi. «Nämüçin men halkdan gorkmaly, halk maňa nämüçin ýamanlyk etmeli. Men halka ýagşylyk etmek üçin işleýärin» diýerdi. Pespäl adamdy.

Maryda Maşyn kanaly açyldy. 3-4 sany žurnalisti şoň açylyşyndan material taýýarlamak üçin ugratdylar. Men Maryda arza barlap ýördüm. Ýöne olaň arasynda meniň işleýän «Sowet Türkmenistany» gazetimden Nury Orazow bardy. Menem olara goşuldym. Raýkomyň birinji sekretary Altymuhammedowdan maşyn soradylar. Olam ýeňil maşynyň ýokdugyny, ýeňil maşynlary Öwezow bilen gitjek adamlara berjekdigini aýdypdyr. «Özüňiz nädip aşsaňyz, aşyberiň» diýipdir. Olaryň içinden bir rus adamsy «Men Balyş Öwezowiçi tanaýan. Men şoň bilen giderin» diýdi. Balyş Öwezow hem geldi. Nury Orazow: «Ýör Hojabaý, belki, bizem tanar» diýdi. Men bir gyrada durun. Ýaňky žurnalist baryp görüşdi. Dogrudanam ol ony tanaýan eken. Balyş Öwezow «Siz kanalyň açylyş dabarasyny ýazmaga geldiňizmi?» diýip sorady. Ol adam «Hawa. Ýöne bize ulag berenoklar» diýdi. Balyş Öwezow «Siz meniň maşynyma münersiňiz» diýdi-de, birden töweregine garady. Görse men bir gyrada durun. Ol şonda Altymuhammedowa seredip «be-e, meň inilemem gezip ýör-ä bu ýerde» diýdi. Altymuhammedowam birhili bolup, «Onda näme aýdaňok?» diýdi. «Ýygradyr. Muň ýaly zat aýdyp ýörmez» diýdi. Maşyn ýok diýip duran adam hemmämizi maşyna mündür-

di. Gaýdyşynam Balyş Öwezow «Material gijä galmasyn» diýip, bizi öz münen samolýody bilen alyp gaýtdy. Aladaçyl adamdy. Žurnalistleri biçak gowy görýärdi. Ýazyjylaň hemme kitabyny okaýardy. Teatrlarda görkezilýän täze spektakllary birjik-de sypdyrmaýardy. Berdi aganyň «Gaýgysyz Atabaýew» kitabyny okap, «Çeper eser däl-de, oçerk ýaly-la» diýerdi. Onuň «Suw damjasy — altyn dänesi» atly kitabyndan bölekleri okap, onam halamandy. «Gaýgysyz Atabaýy birhili jalataý, üç-dört aýal alan adam hökmünde görkezýär. Ýa bu edebiýatda bolýamy? Gelşiksiz dälmikä ýa-da dogrusymyka?» diýerdi. Şony gelşiksiz görýärdi.

Gazetde ilkinji okaýan zady oçerkdi. Soň feletony okaýardy. Döwlet Allaberenowyň, Nurmyrat Esenmyradowyň feletonlaryny höwes bilen okaýardy. «Tokmagy» başdan-aýak okaýardy.

Aman Gulmämmedowyň, Ata Durdyýewiň, Sona Myradywanyň, Bazar Amanowyň rollaryndan mysal getirip, köpçülikde gürrüň berýärdi. «Seň-ä how, mysapyrsyraýşyň tüýs Osip-la» diýip degşerdi. «Öwünjeňligiň tüýs şäher häkimi ýaly-la» diýerdi. Magtymguly Garlyň aýdymlarynyň ölemen aşygydy. Mümkin boldugyça günde bir gezek diňleýärdi. Magtymguly Garly radioda aýdym aýdyp durka bütin ünsüni şoňa berýän eken. Jaň zat gelse-de almaýan ekeni. Bir gezek şeýle bolupdyr. Muny men ýaşulyň öz agzyndan eşitdim. Magtymguly aga aýdym aýdyp durka jaň gelýär. Trubkany galdyrmandyr. Bu birki gezek gaýtalanýar. Ahyryn alyp «Men boş däl» diýip, diňlemän-zat

etmän trubkany goýýar. Kömekçisi gelip: «Brežnew jaň edýär» diýenden soň trubkany alypdyr. Ol muny Brežnewe aýdanda loh-loh edip gülüpdir. «Oň ýaly bolsa zyýany ýok» diýipdir.

Alymlardan Baýmuhammet Garryýewi, Mäti Kösäýewi gowy görýärdi. Baýmuhammet aga muny maňa telim gezek gürrüň beripdi. Ol «Moskwada işleýän döwrümde, Aşgabada gelmegime sebäp bolan Balyş Öwezowiçdi. Ol maňa «Türkmen nakyllaryny rusça geçir» diýip tabşyrdy. Şoň tabşyrygy boýunça işledim. Ýöne wezipesindekä ýetişdirip bilmedim. Soň çykdy» diýip, Baý aga aýdýardy.

Balyş Öwezow wezipesinden boşadylandan soň, onam institutyň direktorlygyndan aýyrdylar. Hatda ony bölüm müdiri edip goýanlaryndan soňam, gün bermediler. Uniwersitete ýönekeý mugallym bolup işe geldi.

Ol adamlaryň nirdeliligine garap baha berenokdy. Şoň işlän döwründe özüniň doglan ýeri Daşhowuz oblastyndan bolan ýekeje-de ministr ýokdy.

«Üýtgeşik akylly tire-de, üýtgeşik samsyk tire-de ýok» diýerdi. Saryk tiresindenem wezipeli adam bolmaly diýip, Ýazguly Hudaýberdiýewiň TKP MK-nyň sekretary wezipesine çekilmegine ýardam berdi. «Bir taýpadan bagşynyň ýa-da şahyryň döremezligi biziň betbagtçylygymyz» diýerdi. Ähli tire-taýpalara deň göz bilen garardy. Wezipedekä men onuň öýüne barmasam-da, iş kabinetine barardym. Wezipeden çykandan soň weli, ol hepdede bir gezek özi menden habar tutýardy. O wagtlar ejemiz meniň ýanymda

ýaşaýardy... jaň edip «Daşhowuz palawyny iýesim gelýär» diýýärdi. Towuk saklaýardym. Özi gelip «Towugy özüm öldürjek» diýerdi. Daş oklap goýbererdi, daş degen towugy hem öldürip, palaw bişirýärdik.

«Seň öýüňe gelip, ýaşlygymy ýatlaýan. Garryny görmesem, bolanok» diýip, ejemi görkezýärdi.

1969-njy ýylyň dekabrynda işden çykaryldy. Ýetmişiň martynda gaýgy-alada edip, keselhana düşdi. Onuň şo wagta çenli poliklinikada ýarawsyzlygy hakda kartoçkasam ýok eken. Hiç haçan doktora baranokdy.

Dost-ýaryň kimligi şonda bilinýär eken. Keselhananyň ikinji gatynda ýerleşdirdiler. Ýöne, ýanyna baraňda weli, ýüregim agyrýar diýip, arz edenokdy. Özüne kiçilik bilýärdi. Ýanynda kimleri görýärdim. Kerim Maşrygy, Oraz Annaberdini görýärdim. Gün sypdyrman barýardylar. Aky Safarmämmedowy, Aşyr Muhammedowy, Halmyrat Garaýewi, Annamämmet Ýollyýewi görýärdim. Birje gezek Myratberdi Sopyýewi gördüm. Toýa-ýasa äkidýärdik. Baramyzda edil birinji sekretar ýaly sylap, törden ýer berýärdiler.

**Batyr Öwezow:**

Elli altynjy ýylda Aşgabatdaky 6-njy rus orta mekdebini Kümüş medal bilen tamamladym. Kakam «Nirede, nämede okajak?» diýip sorady. Menem Moskwada, diplomatlykda okajakdygymy aýtdym. Kakam: «Respublika üçin köp diplomat gerek däl. Inžener gerek» diýdi. Soň pikirlenip Moskwanyň Bauman uçilişesinde okajakdygymy aýtsam, «Gaty gowy. Ýöne, o ýerde gowy okamasaň stipen-

diýa bermezler» diýdi. Menem «Aý, stipendiýa gowy zat. Ýöne sizem aňry-bäri berersiňiz-ä» diýdim. «Onda, oglum, muň ýaly pikiriň bolsa gidibem oturma. Özüň okajak bolsaň-a git» diýdi. Şeýdip okuwa gitdim. Moskwada-da stipendiýa ýaşajak bolsaň kyn. Bile okan ýoldaşlarym bilen okuwymyzyň daşyndan demir ýolunda ýük düşürýärdik. Kelem zat daşamaly bolsa ýeňil, sement weli görgi baryny görkezýärdi. Men uçilişede okaýan döwrüm sport bilen gyzygýardym. Fehtowaniýe boýunça sport ussady diýen adym bardy. Bütinsoýuz kategoriýaly sudýa-da etdiler. Muňa-da hak töleýärdiler.

Bir gezek Daşhowuzdan kolhoz başlyklarynyň biri geldi. Ýatak jaýyma gelip ýagdaýymy sorady. Hoşlaşyp turjak bolanda «Sen bumat student. Me, sowalga bor» diýip, maňa şo wagtyň puly bilen bäş ýüz manat uzatdy. Boýun towlamagam gelşiksizräk gördüm. Student ýoldaşlarym bilen hem şo gün iýdik-içdik. Garaz, şo puluň ýüz manadyny sowdum.

Şondan köp wagt geçmänkä kakam iş bilen Moskwa geldi. Hemişelik wekilhanadan jaň edýärler. «Kakaň geldi» diýip. Bardym. Hal-ahwal soraşdyk. Bilemok, kim aýdypdyr. «Düýn pylany seň ýanyňa geldimi? Pul uzatdymy?» diýip sorady. Menem aýtdym. «Hany getir» diýdi. Çykaryp berdim. «Ýüz manadyn-a sowdum» diýdim. «Bolýa, özüm bererin» diýdi. «Indikide beýtme» diýibem berk tabşyrdy. Käýemedi. Diňe «Okap bilmejek bolsaň öýüňe gaýt» diýdi. Başga zat diýmedi. Özümizem hemişelik wekil Gurtgel-

diýewiň kabinetinde otyrys. Şo mahalam Gurtgeldiýewe «Şony tapyp ber» diýdi. Çaý içip, zat edip bolamyzsoň, başlyk geldi. Bir sagat dagy ondan-mundan gürrüň etdiler. Soň jübsünden çykaryp, puly uzadyp, «Düýn sen Batyra karz pul beren ekeniň. Sag bol. Men indi özüm geldim. Pul gerek däl» diýdi. Oňa-da şundan başga zat diýmedi.

Soň men Türkmenistandan gelip aspiranturada okaýan adamlar bilen hemişelik wekilhanada ýaşadym. Çary Söýünowiç Garryýew, Sähet Nepesowiç Myradow dagy bardy. Başga-da adam kän. Olaram meniň hiç bir kömeksiz okap ýörenligime geň galýardylar.

Okuwy zady gutaryp, Moskwada işläp ýörün. Kakam gelende meni görmän gidenokdy. Altmyşynjy ýyllaryň ortalarydy. Bir gezek gelende keýpi o diýen gowy däl. «Näme boldy?» diýip sorasam, «SSKP MK-da boldum. Birazajyk käýediler» diýdi. Ol şonda Hruşewa «Türkmenistanyň özünden gaz çyksa-da, ilaty gaz bilen üpjün edip bilemzok. Gazymyz bir metrlik turba bilen daşary ýurtlara iberilýär. Heý, bolmanda otuz santimetrlik turbadan özümize gaz alyp, ilaty gaz bilen üpjün etsek» diýip, meseläni goýupdyr. Şonda oňa «Sen näme milletçilik edýäň?» diýip käýäpdirler. Mesele-de çözülmän şonlugyna galyberýär.

**Hojabaý Ataberdiýew:**

— «Sowet Türkmenistany» gazetinde işlämde bir waka ýadyma düşýär. Gazetiň bölüm müdiri Gündogdy Balakaýew nobatçylyk edip, gazete gol çekýär. Şonda Karl Marksyň suratynda hajyň şekili gidipdir. Bolsa-da, ol öz

wagtynda bilnip, gazetiň çapdan çykan sanlary iberilmeýär. Nätmeli? O wagtlar beýle zatlar üçin agyr çäre görüljekdigi görnüp durdy. Men irden dokuzyň ýarynda MK-nyň jaýynyň öňünde garaşdym. Balyş Öwezow maşyndan düşdi. Göruşdim. Ýagdaýy aýtdym. «Halal oglan. Bütin maşgalasam şeýle» diýdim. «Bolýa. Ýöne özüňiz uly gürrüň edip ýörmäň. Göreýin» diýdi.

Öýlän Gündogdyny Merkezi Komitete çagyrdylar. Aňyrdan begenip geldi. Alkyş baryny okaýar. Garaz, bäş gün dagy ol daşarda sykylyk atyp gezdi. Gaty begense, şoň ýaly häsiýeti bardy. Ýa-da çalt-çaltdan kranyň ýanyna baryp, ýüzüni ýuwmak endigi bardy.

Häzir Balyş Öwezow bilen baglanyşykly käbir zatlary okaňda, hakykata düýbünden laýyk gelmeýän zatlary ýazýarlar. Bu bizi gaty gynandyrýar.

Ol kimdir birini ýamanlasalar gürrüňe goşulman oturýardy. Duşmanyny ýamanlasaňam geplänokdy. Men onuň bu häsiýetine ençeme gezek şaýat boldum.

Balyş Öwezow işden boşadylan güni duýgudaşlyk bildirip gelenleriň arasynda bir topar kolhoz başlyklary ýadymda. Kolhoz başlyklary Ýusup Atajanow, Hyrslan Jumaýew...

**Batyr Öwezow:**

— «Jaýyňy üç günde boşat» diýipdirler. Ertesi mebelleri alyp gidip ýörler. Üçünji güni ol TKP MK-nyň iş dolandyryjysy Popowadan bir maşyn haýyş etdi. Ýöne, ol maşyn bermekden ýüz dönderdi.

Öýümizde uly kitaphana bardy. Çärjew köçesine göçe-

mizde ýer bolmansoň, kitaplary bukinistik magazine tabşyrmaly bolduk. Jaýlar kiçi. Oturmaga ýer ýok. Biri dört otagly, biri üç otagly. Dördünji gatda. Tomusda dagy oturar ýaly däl.

Geologiýa uprawleniýesiniň naçalniginiň kadrlar boýunça orunbasary wezipesini berdiler. Şo döwürde onuň garagum kanaly hakda ýazan dissertasiýasy taýýardy. Moskwada goramaly güni zady belli edildi. Ýetmiş ýa--da ýetmiş birinji ýylyň on sekizinji iýunynda «Weçernaýa Moskwa» gazetinde bildiriş hem çykdy. Moskwadan jaň edip «Gelýäňmi?» diýip soradym. «Birki günden bararyn» diýdi. Garaşýas, gelenok. Goralmaly günem geçip gitdi. Soň görüp otursak, komandirowka şahadatnamasyny ýyrtyp taşlapdyrlar. Ýyrtan adamdan «Nämüçin beýdýäň?» diýip, sorasa, «Ýokardan buýruk şeýle» diýipdir.

Şonda-da ol geplemän, çykyp gaýdypdyr.

Inim Kakajan ýetmişinji ýylda Moskwanyň energetik institutyny gutardy. Aşgabada-da işe alanoklar. Ýarym ýyllap işsiz gezdi. Men Aşgabada gelip, Ylymlar akademiýasynyň ýolbaşçylary bilen gepleşdim. Şondan soň işe almaga mejbur boldular. Ol 1979-njy ýylda Moskwa kandidatlyk dissertasiýasyny goramaga gidende, şol ýerde ýogaldy. Ony maşyna kakdyran rus ýigidini türmä basdyrman, günäsini geçdik. Aýal doganym Mira Moskwada kandidatlyk dissertasiýasyny gorady. Onam Aşgabatda ýönekeý çagalar wraçy edip işe almakdan boýun towladylar. Ýarym ýyl dagy kösendi. Ýogsam aspirantura gitmänkä ol çagalar kesel-

hanasynda bölüm müdiridi. Ol türkmen aýal-gyzlaryndan ilkinji bolup çaga newropotolog ugrundan alym. Häzir ol respublikanyň baş çaga newropotolog wraçy.

Agajan geolog, Çary organ işgäri, iň kiçimiz Jahan uniwersitetiň dosenti.

**Hojabaý Ataberdiýew:**

Balyş Öwezowyň mazarynyň başujunda ýadygärlik dikdik. Çyzgy işini hudožnik Mämmet Mämmedow, boýustini Gylyç Ýarmämmedow döretdi. Hiç hili pulsuz-zatsyz.

Soň beton, eýleki-beýleki gurluşyk üçin zat gerek bolanda, men şo wagt gurluşyk ministri bolup işleýän Žulenýowyň ýanyna baryp haýyş etdim. «Biçak gowy adamdy. Ol adam üçin gerek bolsa men kömek ederin» diýip söz berdi. Sözünde-de tapyldy.

**Batyr Öwezow:**

— Ýadygärlige mramor gerek boldy. Hiç ýerde tapylmady. Men Nukusa gitdim. Obkomyň birinji sekretarynyň kabulhanasyna goýbermejek boldular. Özümi tanatdym. Goýberdiler. Oň ýanyna girdim. Girenden «kakaň niçik?» diýip sorady. Men durup bilmän agladym. Ol bada-bat düşündi. Olam aglady. Eşitmän eken. Çünki biz kakamy jaýlap, derrew ýadygärligiň ugruna çykypdyk. Şu sebäpli, Nukusa gelemde-de entäk o diýen wagt geçmändi. Ol kakamy gowy görýän ekeni. «Näme gulluk?» diýdi. Haýyşymy aýtdym. Derrew trubkany galdyryp, ýanymda jaň etdi. Kiçiräk zawodlary bar eken. «Şuň ýaly adam bar. Şonuň zakazyny ýerine ýetiriň» diýip tabşyrdy.

Birnäçe gün bolup, işimizi bitirip, Aşgabada gaýtdym. Doganlar bolup, kakamyzyň ýyly geçmänkä ýadygärligini özümiz dikeltdik.

**Hojabaý Ataberdiýew:**

— Ýanynda bir aý gez, bir anekdoty iki gezek gaýtalamazdy. Bäş ýüzden gowrak anekdot bilýärdi. Ýatkeşliginiň gowulygy-da.

Bir gezek öýde maşyn bejerip otyrdyk. Maşyn bejerýän ussa-da ermeni. Ýaşulam seredip otyr. Biri ussa degjek bolup eýle-beýle diýişdiren boldy. Şonda ýaşuly ermeni halkynyň gepe çeperdigini, akyllydygyny aýtdy. Soňam bir anekdot aýdyp, bizi gyzyl-gyran edip gülüşdirdi: Moskwadan Haýym Ýerewanda ýaşaýan Haçige jaň edýär. «Men Ýerewana gezmäge barjak. Ýerewan Moskwadan ulumy?» diýip, soraýar. Haçigem «Moskwany bilýäňmi?» diýýär. «Bilýän». «Bilýän bolsaň Ýerewan Moskwadan iki esse uly» diýip, jogap berýär. Haýym ýene «Sewan nähili?» diýip soraýar. Haçigem «Sewan Ýuwaş okeandan iki esse uly» diýýär. Haýym näme diýse, Haçik iki esse uly diýip, jogap berýä diýýä. Iň soňunda Haýym ony ýeňjek bolup, akmak köp diýdirjek bolup «Akmagy känmi?» diýip soran. Haçigem «Eger geläýseň, onda sen birinji borsuň» diýen.

**Batyr Öwezow:**

Türkmenistanyň kyrk ýyllygynda hemme respublikalardan gutlag gelýär. Şonda Ermenistan Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretary hem ermeni dilinde onuň adyna gutlag iberipdir. Kakamyňam

iki kömekçisi bardy. Biri milleti boýunça ermeni Wartan Dawidowiç Arutýunow, beýlekisem ýewreý Isaak Matweýewiç Grinberg. Kakam Arutýunowy ýanyna çagyryp gutlagy terjime etdirýär. Ermenistana jogap hökmünde türkmençe hat iberýär.

Bir gün kakam işden gelip, özbaşyna gülýär. «Näme boldy?» diýip, sorasam, «Ermenistanyň birinjisi jaň edip, 1:0, seniň peýdaňa. Sen o ýerde terjime etdirmek üçin ermeni tapypsyň, biz bolsak bu ýerde ýekeje-de türkmen tapmadyk» diýipdir.

Kakam ýaşlara jogapkärli wezipeleri ynanýardy. Bir gezek işden soň dem-dynjyny alyp, iş kabinetine girdi. Menem az salymdan oň ýanyna bardym. Şo wagt telefon jyňňyrdady. Trubkany göterip, rus dilinde gürläp başlady. Men onuň Moskwadandygyny gürrüň äheňinden bildim. Gepleşdi. Kakam dagy birini raýkomyň birinji sekretarlygyna hödürläpdir. Moskwadanam «Ýaşrak» diýipdirler. Oňam diýen zady häzirem ýadymda. Rus dilinde şeýle diýdi: «Etot nedostatok so wremenem on isprawit. A na ostalnom on w polnom podhodit» diýdi. Şo wagt ýanynda duramsoň, stoluň üstündäki kagyzlara gözüm düşdi. Gylyçdurdy Sähetmyradowyň şahsy işi ýatan eken. Soň görüp otursam, gürrüň şo hakda barýan ekeni.

**Hojabaý Ataberdiýew:**

— Şahyr Kerim Gurbannepesowa uly umyt baglaýardy. Şo döwürde başga-da ýazyjy-şahyr az däldi. Ýöne ol Kerime heniz kyrk ýaşyndaka Magtymguly adyndaky döwlet baý-

ragyny berdirdi. Keרimiň şahsyýet bolup öňe çykmagynda Balyş Öwezowyň hyzmatyny unutmaly däl. Başga-da men onuň iki sany ýaş ýigide ynam bildirip, uly wezipä çekendigini bilýän. Biri şoň Ata Öwezberdiýewdi, 29 ýaşyndaka şony ýeňil senagat ministri edip bellediler. Ýöne ömri gysga eken. Dört ýyldan soň ol aradan çykdy.

**Batyr Öwezow:**

— Käbir adamlar «kakaň bilen Şaja Batyrowyň arasy nähilidi?» diýip soraýarlar. Men kakamyň Şaja Batyrow hakda öwgüli sözlerini gaty kän gezek eşitdim. «Akylly gowy adamdy» diýýärdi. Meň özümem Şaja Batyrowyň ogly Sähet bilen köne dost.

Kakam dutary gowy çalýardy. Pianinonyň başynda oturyp, iki eli bilen saz çalýardy. Özem notasyz çalýardy. Häzirem dutaryny biz aýawly saklaýarys.

**Aýtbaý Hudaýbergenow[1]:**

— Balyş ýetim oglandy. Bile okapdyk. Atadan ýekeje gyz dogany bardy. Başga hiç kimi ýokdy.

Balyş okap gutarandan soň mugallym boldy. Soň komsomolyň okružkomynda işledi. Şo wagtam ol öýlendi.

...Ynanjaňdy. Ýaranjaňlar onuň bu häsiýetinden peýdalanýardylar. Men şonuň ýaly bir adamy bilýän. Ol Balyşa dost bolan bolup, Aşgabada baranda-zat edende, onuň öýüne düşýärdi. Balyş işdekä, onuň maşynyny çagyryp, trestiň ýa uprawleniýäniň gapysyndan maşynly barýar. «Balyş maňa bir tabşyryk berdi. Şoňa baryp gelmeli» diýýä, näme kim

[1]TSSR Halk komissarlar sowetiniň başlygy — 1937 — 1946 ý. ý.

onsoň oňa garşy durup biljek. Şeýdip, kezzaplyk bilen iş görüp ýören adam-da. Köp iş etdi ol. Balyş Öwezow bir gezek Ukraina gidende ýanyna goşulyp gidiberdi ol. Muny ýoldaşlary ýaman gördi.

Moskwadaka ol TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy bilen sözi azaşýar. O-da Merkezi Komitete arz edýär. Onuň işden boşadylmagynyň sebäbi hem şol boldy. Ýöne, işden boşadylandan soň Balyş derrew Daşhowza gaýtmalydy.

## Sözsoňy

Men şu makala material toplap ýörkäm, bir topar adamlar bilen söhbetdeş bolmaly boldum. Birnäçeleri Balyş Öwezowyň adamkärçilik häsiýetleri, onuň iş usuly hakda göwünjeňlik bilen gürrüň berdiler. Dogrusyny aýdaýyn, B. Öwezow bilen bile işleşen adamlaryň käbiri bolsa dymmak bilen oňdular. «Gowusy, sen muňa baş goşmasana. Seň munyňy halamajak adamlar bardyr. Soň özüňi «Nyşana alaýmasynlar» diýip, howatyrlananlar hem boldy.

«Atylan ok daşdan gaýtmaz» diýipdir köneler. Menem şu atalar pähiminden ugur alaýyn diýdim. Pikir edip kän oturdym, näme üçin biz haýsydyr bir goýberlen ýalňyşlyk üçin öz-özümizden gazaply öç alýarys. Uzak möhlet geçensoňam öçli gürrüň edýäs. Hamana ol dogabitdi erbet adam bolup doglan ýaly. Ýolbaşçy-da adam. Oňa-da ýalňyşmak, soňam goýberen ýalňyşyna ýüreginden gynan-

mak, toba kylmak mahsus ahbetin! Ol öz halkyna hyýanat etmändir-ä, ýurduny çökermändir-a?! A onda goýberlen ýalňyşlyklary nätmeli. Bagyşlamaly! Eýsem-de bolsa, ownukly-irili ýalňyşlyklar haýsy birimizde ýok?!..

*Iýun — sentýabr, 1990.*

# BIR SORAGYŇ 20 ÝYLLYK SÜTEMI

Türkmen edebiýatynyň ussady Hydyr Derýaýewiň biziň aramyzdan gidenine indi birnäçe ýyl bolupdyr. 1937-nji ýylda 32 ýaşly Hydyr Derýaýew üçlügiň karary bilen «halk duşmany» diýlip yglan edildi hem-de 10 ýyl möhlet bilen azatlykdan mahrum edildi. Ol öz mähriban şäheri Aşgabada diňe 50-nji ýyllarda gaýdyp gelipdi. Türkmen dilçi alymlarynyň arasynda oňa ilkinjileriň hatarynda dosent diýen ylmy at berlipdi. Hydyr Derýaýew 20 ýyla golaý wagtlap lagerlerde horlanyp ýaşapdy, uzak wagtlap onuň adamçylyk mertebesi kemsidildi. Emma «Ykbal» romanynyň awtory, uly ýazyjy, alym, şonuň bilen bir wagtda hem örän sada adam. H. Derýaýew köp kynçylyklara döz gelipdi. Ölüm lagerlerinde başdan geçiren külpetleri hakynda onuň gürrüň beresi gelmezdi. Şonuň üçin bolsa gerek, ol öz ykbalynyň şol ajy pursatlary hakynda bir setir ýatlama hem galdyrman gitdi.

Hormatly okyjylar, siziň dykgatyňyza hödürleýän şu arhiw materiallarymyz hut şol wakalar hakynda gürrüň berýär. Şol döwürde ýazyga nähili günäleriň ýüklenendigini biz diňe şu gün, üstünden ençeme ýyllar geçensoň tanşyp bilýäris. Bu materiallarda Hydyr Derýaýewe gar-

şy galp maglumatlary beren adamlaryň familiýalary doly görkezilmedi. Ol adamlaryň beren maglumatlarynda H. Derýaýew buržuaz milletçi hökmünde görkezilýär. Ýöne taryh taryhlygyna galýar. Hakykat iru-giç dabaralanýar.

Materiallar bilen tanyş bolup otyrkaň, Hydyr Derýaýewiň örän täsin ykbalyna, onuň her bir zada özüniň berk garaýşynyň bolandygyna anyk göz ýetirýärsiň. Ölüm ýa-da ömür ýaly aýgytlaýjy pursadyň öňünde öz garaýyşlaryndan dänmändir. Ýekeje mysal, onuň baryp-ha otuzynjy ýyllaryň başynda türkmen döwlet dili meselesine garaýşyny alyp göreliň. Ol ilkinjileriň biri bolup döwlet diline garaýşyny aýan edipdir. Şu günüň nukdaý nazaryndan seredip göreliň, onuň bu baradaky nazaryýeti edil häzirki syýasat bilen pugta baglanyşýandyr. Onuň «halk duşmany» hökmünde basylmagynyň bir sebäbi hem H. Derýaýewiň türkmen döwlet dili hakda aýdan sagdyn pikiridi. Şeýle pikiri üçin hem ol tä tutulýança yzarlanylýar. Onuň her bir «üýtgeşik» hereketi, aýdan sözi, makalalarydyr kitaplarynda ýazan her bir jümlesi hasaba alynýar. Bu aýdanlarymyza subutnama hökmünde bir mysala ýüzleneliň.

Hojamyrat Baýlyýew bilen Hydyr Derýaýewiň «Ýewropalylar üçin türkmen dilinden iş kitaby» gadagan edilýär. Kitabyň «kemter taraplaryna» syýasy äheň berlipdir. Bu «ylmy derňewi» okap, ýylgyranyňy duýman galýarsyň.

Kitapda goýberen «säwlikleri» hakda awtorlar «Şuralar Türkmenistany» gazetine hat ýazypdyrlar. Bu hatyň awtorlaryň öz inisiatiwasy bilen ýazylandygyna asla yna-

nasyň gelmeýär. Öz «ýalňyşlyklaryny» boýun alýan adam hökmünde olar haty mejbury ýagdaýda ýazan bolmaly.

Awtorlar öz «ýalňyşlyklary» barada şeýle ýazýarlar. Ony biz dolulygyna okyjylara hödürlemegi makul bildik.

1. «Oba şähere näme berýär» atly hekaýatda «...Daýhanlar özlerinden galan artykmaç zatlary şähere berýär» diýlip ýazyldy. Emma, biz onda kolhoz-sowhozlar, kontraktasiýalar hakda kelam agyz söz ýazmandyrys.

2. «Türkmenistanyň suw hojalygy» atly hekaýatyň 78-nji sahypasynda «Suwsuz ýerlerde pagta, galla we beýleki medeni ösümlikler ösmeýär» diýlip ýazyldy. Emma, biz düme ýerlerde-de ekin ekilýändigi hakda ýazmagy unudypdyrys.

3. «Türkmenistanyň medeni zolagynda» (86 sah.) — pagta ekilýän ýerler hökmünde Merw we Baýramaly raýonlaryny agzap, beýleki pagta ekýän raýonlary agzamandyrys. Ýogsam, onuň şeýledigi hemme adama mälim.

4. «Oba hojalygynda» (11 sah.) — «Kolhoza giren daýhanlar öz mallaryny umumylaşdyrýarlar» diýilýär. Emma, häzirki wagtda beýle zat ýok. Has takygy, häzire çenli ähli kolhozlar öz mallaryny umumylaşdyranoklar.

5. «Hünärmentçilik senagaty» bölüminde (125 sah.) «Ruslar Türkmenistana 45-50 ýyl mundan owal geldiler» diýilýär. Emma makalada rus imperializminiň Türkmenistany basyp alandygyny hökman görkezmeli ekenik. Biz onuň tersine, hatda proletariaty hem aýyl-saýyl etmän, ruslaryň ählisini goşupdyrys.

6. «Meret aganyň hekaýaty» atly bölümde «...zawod-fabrikleriň eýeleri türkmenler däl-de, başga milletleriň wekilleridi» diýlip ýazylan. Bu Türkmenistanda baýlaryň ýoklugyny tassyklaýar. Ýöne, Türkmenistanda azam bolsa, şol hojalyklary goldaýardylar. Bu uly syýasy ýalňyşlyk.

Biz bu hekaýatda «Indi baýam ýok, süýthoram» diýip, ýazmak bilen uly ýalňyşlyga ýol beripdiris. Çünki biz olary heniz düýp-teýkary bilen ýok edemzok. Baýlar ýok diýmek — synpy göreşiň ýoklugyny tassyklaýar. Hakykatda bolsa synpy göreş baýlary synpy taýdan ýok etmek göreşi dowam edýär.

Kitapda başga-da ýalňyşlyklaryň bolmagy ähtimal, şonuň üçinem şol säwlikleri tapan ýoldaşlara sag bol aýdýarys».

Gürrüň şunuň bilen tamamlanaýmaýar. Degişli ýerlerde şol «säwliklere» syýasy öwüşgin çaýylýar. «Säwlikleriň» derňewi gyzyklanma döreder niýet bilen ony okyjylaryň dykgatyna hödürleýärin. Bu «säwlikler» hakda, ine, şeýle netijä gelinýär.

«Ýalňyş düzedijiler birinji säwlik barada «Biz kolhoz-sowhozlar, kontraktasiýalar hakda kelam agyz söz ýazmandyrys» diýip görkezýärler.

— Bu syýasy şowakörlükdir. Haçan-da sosializm gurluşygy döwründe hemme zadyň planly ösýän wagtynda, olar oba hojalygyny plansyz goýjak bolýarlar. Daýhan özünde

artyk-süýşük zat tapsa, goý, şähere bersin, eger bolmasa, bermese-de bolýar diýip görkezýärler.

2. «…Türkmenistanda ýer köp, ýöne suw ören az, şonuň üçinem köp ýerler özleşdirilmeýär, suwsuz ýerlerde bolsa pagta-da, galla-da, beýleki medeni ösümlikler-de bitenok» diýip ýazýarlar.

Olar muny düzeden bolup, ýazylan zatlary doly mysal getirenoklar-da, onuň bir bölejigini alýarlar. Şeýle hem ýazgyda ýok zady — düme ýerlerde-de ekin ekilýär — diýip goşan bolýarlar.

Haçan-da biz uly güýç sarp edip, ekine ýaramly ýerleriň möçberini giňeldýän wagtymyz, olar düme ýerleri hasaba alanoklar. Tersine, düme ýerlerde ekişiň möçberini giňeltmezlige ýol berýärler. Mundan başga-da «Turkmenkultuň» ekspedisiýasynyň «Garagumy suw bilen üýtgetmek bolanok. Suw bilen üýtgetseň, onuň tebigy görnüşi zaýalanar, tebigy kanunalaýyklygy ýiter» diýip, gelen netijeleri bilen doly ylalaşýarlar. Şeýdibem olar göwnüçökgünligi we opurylyşyga ýüz urýarlar.

3. «Kolhoza giren daýhanlar öz mallaryny umumylaşdyrýarlar» diýen pikirlerini düzedip, «häzire çenli hemme kolhozlarda mallar umumylaşdyrylanok» diýip, ýazýarlar.

Eger olar birinji gezek ýalňyş ýazan bolsalar, düzedişleri ondanam ýalňyş. Birinji gezek olar Sowet kanunynda ýok düzgünleri görkezýärler. Ýöne, kanunda kolhozlardaky işçi mallary umumylaşdyrmaga ýol berýär. Eger olaryň ýazyşyna gulak salsaň, onda ol kommunany ýadyna galýar.

4. «Işçiler düşünýärler» atly bölümde (80 sah.) — «Indi işçiler oýandylar. Işçiler kapitalistleri ýok edýärler. Dünýä kapitalistleri indi uzak ýaşamaz. Kapitalistleriň dünýäsi ýykylar, onuň deregine başga bir dünýä, proletariatlaryň dünýäsi dörär. Işçiler we zähmetkeşler, sosializm gurýan daýhanlar, geliň, how!!» diýip, ýazýarlar.

Düzüjiler şeýle ýazmak bilen näme diýmekçi boldular? Eger olar SSR Soýuzyny göz öňünde tutup ýazan bolsalar, onda olaryň bu ýazan zady 15 ýyl mundan öň amala aşdy. Eger-de başga döwletleri göz öňünde tutýan bolsalar, onda näme üçin ähli mysallaryny sosializm gurýan Sowet häkimiýetinden alýarlar? Olaryň maksady okyjylaryň düşünmezleri ýaly, ähli zady garjaşdyrmak.

5. «Oba daýhanlary kulaklardyr işanlara, mollalara garşy göreş alyp barýarlar. 1917-nji ýylda işçiler we daýhanlar patyşany agdardylar. Patyşa ýykylandan soň, onuň deregine ownuk baýlar, fabrikantlar geldiler. Döwleti bolsa olaryň syýasy serdarlarynyň biri Kerenskiý dolandyrdy» (97 sah.) diýip, ýazýarlar.

Kitabyň awtorlary fewral rewolýusiýasyndan soň häkimiýetiň ownuk buržuaziýanyň eline geçenligini ýazyp, Kerenskiý şol buržuaziýanyň syýasy serdary boldy diýip, maliýe we senagat kapitalistleriniň hökümdarlyk edendiklerini duşlaryndan geçirip goýberýärler: awtorlar proletariata garşy beýleki syýasy partiýalaryň we buržuaziýanyň göreşini unudyp, ony belli bir adamyň üstüne ýükleýärler. Şunlukda awtorlar onuň haýsy güýçlere daýanandygyny we

haýsy synpa gulluk edendigini aýdyňlaşdyrmaýarlar. Bir söz bilen aýdanyňda ähli mesele bulaşdyrylýar.

6. «Haly esasy hünärmentçilik önümleriniň biridir. Ýöne onuň önümçiligine üns berenoklar. Haly häzire çenli köne gurallarda dokalýar» diýip, ýazýarlar.

Görnüşi ýaly, ýazyjylar Sowet häkimiýetiniň 15 ýylyň içinde halynyň hilini ýokarlandyrmak barada alyp baran işleriniň baryny püçege çykarýarlar...

7. Olar «Meret aganyň hekaýatyny» duşlaryndan geçirip, ýene-de bir gezek syýasy taýdan şowakördüklerini subut edýärler.

«Biz bir gezek ak sakgally, ýetmiş ýaşly Meret aganyň, ýanyna bardyk. Ol bize pagta hakda gürrüň berdi: «Siz, ýaş ýigitler, indi kolhozda işleýäňiz. Ýöne, Siz pagtanyň ekilişi barada bilýäňizmi? Oruslaryň Türkmenistana gelen 45-50 ýylyndan bäri pagtaň ekilişi hakda men köp zat bilýän. Pagta ozallaram ekilýärdi. Ýöne, öňler pagtanyň, hili erbetdi. Orus gelensoň pagtaň hilem gowulaşdy...

Öňler pagta baýlardyr, zawod-fabrikleriň hojaýynlary tarapyndan daýhanlardan satyn alynýardy. Zawod-fabrik eýeleri başga milletlerdendi. Olar türkmen baýlarynyň üsti bilen köp baýlyk topladylar...

Olaryň ikisem zähmetkeş daýhanlaryň duşmanydy. Olar daýhanlaryň ganyny sordular. Indi baýlaram ýok, ganhorlaram. Zähmetkeşleriň döwleti bar, indi kolhozlar we sowhozlar gurulýar. Baýlar ýok bolsun! Ganhorlar ýok bolsun! Ýaşasyn zähmetkeşleriň döwleti, ýaşasyn kolhoz!..»

Kitabyň awtorlary şu hekaýanyň üsti bilen rus imperializmi Türkmenistany basyp almak bilen ilaty pagta ekmäge mejbur etdi, bu ugurda öňe gidişlik gazandy diýip görkezmekçi bolup, Sowet häkimiýetiniň bu babatda eden zady ýok diýmekçi bolýarlar. Eger şeýle bolmaýan bolsa, onda olar Sowet döwründe pagtaçylygyň ösdürilişiniň uly depgini, gurulýan zawod-fabrikler, sosialistik sektor hakynda ýazardylar.  Galyberse-de, olar milli meselede-de bulaşdyrýarlar — ruslaryň ählisini, fabrik eýelerini, işçileri we daýhanlary imperialist hökmünde görkezýärler. Olar milletçiler hökmünde synpy bölünişige kembaha garaýarlar. Bu meselä milletçileriň nukdaý nazaryndan garap ýazýarlar.

Olar baýlar ýok diýmek bilen, dowam edýän synpy göreşi inkär edýärler. Synpy göreşi gizlemek arkaly hem baýlara hemaýat edýärler, olaryň bolmagyny isleýärler.

Şeýle hem Türkmenistanda tüçjar baýlaryň ýoklugyny ykrar edip, gödek ýalňyşlyklar goýberýärler.

Goýberilen syýasy bulam-bujarlyklary göz öňünde tutmak bilen, bu kitap biziň maksatlarymyza düýbünden ýatdyr. Syýasy taýdan zyýanlydyr».

Ine, Hydyr Derýaýewiň H. Baýlyýew bilen ýazan kitabynyň «ylmy» derňewi şeýle.

1937-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda Aşgabat pedinstitutynyň dil we edebiýat kafedrasynyň giňişleýin ýygnagy bolup geçýär.

Ýygnagyň gün tertibinde Hydyr Derýaýewiň Kontrrewolýusion milletçilikli hereketleri hakyndaky meselä seredilýär. Bu hakda ilki bilen fakultetiň dekany A. A. — G-li maglumat bilet çykyş edýär.

Soňky döwürde bizde — Türkmenistanda hem dürli partiýalara, sowet we beýleki hojalyk guramalaryna sümlüp giren Aýtakow, Atabaýew, Sähedow ýaly general we baý ogullarynyň hem başgalaryň gatnaşmagynda dörän buržuaz milletçileriniň kontrrewolýusion bandalarynyň bolandygyny hem-de olaryň Içeri işler halk komissarlygynyň organlary tarapyndan paş edilendigini siz bilýänsiňiz. Medeni frontuň dürli şahalaryna buržuaz milletçisi, ýaňy-ýakynda paş edilen Döwlet Mämmedow halk magaryfynyň möhüm uçastoklarynda «öz» adamlaryny goýup, örän uly zeper ýetirdi. Siz hut biziň institutymyzda hem kontrrewolýusion-milli guramanyň bolandygynyň üstüniň açylandygyny, ýöne entek ol guramanyň köki-damary bilen ýok edilmändigini hem bilýänsiňiz. Dil we edebiýat kafedrasynda yzygiderli kontrrewolýusion-milletçilikli iş alyp baran H. Derýaýew diýen biri işleýär.

Derýaýew baryp 1932-nji ýylda türkmen dili hakyndaky meselede türkmen diliniň beýleki dillere garanyňda, öz aýratyn spesifikasynyň hem sosial rolunyň barlygyny subut etmäge çalşyp, metbugatda göni milletçilikli niýet bilen çykyş etdi. Ondanam has öň Derýaýew heniz Daşkentde bolan wagtynda kontrrewolýusioner milletçiler Bekgi Berdiýew, Şahberdiýew we Taýymow dagylar bilen ýygy

aragatnaşyk saklady.

Men kontrrewolýusioner milletçi Derýaýewe institutda orun ýok diýip, hasap edýärin we ýoldaşlarymyzy bolşewistik tankydy dabaralandyrmaga çagyrýaryn.

Professor P. bolsa öz çykyşynda şeýle diýýär:

— Men Derýaýewe ýaş işgär hökmünde ynam bildirip, ony pedinstitutyň dosentligine hödürledim.

Derýaýew häzirki wagtda Kazanda gezip ýören kontrrewolýusioner Bekgi Berdiýew bilen hyzmatdaşlyk edipdir. Derýaýew öňler meniň bilen gowy gatnaşykdady, iş ýüzünde kynçylyk çekende menden kömek sorap gelerdi. Emma, birnäçe wagt geçenden soň, ol kömekden ýüz öwürdi. Böriýew, Geldiýew ýaly kontrrewolýusioner milletçiler türkmen diliniň grammatikasyny bulam-bujar etdiler, lingwistik gurultaýa biziň işimize päsgel beren, häzir bolsa kontrrewolýusioner milletçiler hökmünde paş edilen Täçnazarow, Gurtmyradow, Nasyrly dagy gatnaşypdy.

Kontrrewolýusionerler, şol sanda Derýaýew hem lingwist gurultaýyň garşysyna çykyş edipdiler...

Men ýoldaş A-nyň Derýaýewi işden boşatmak baradaky pikirini goldaýaryn.

4-nji kursuň studenti bolsa öz mugallymyna şeýle şyltak atýar:

— Men türkmen dilinden «kanagatlanarsyz» baha aldym. Näme üçin? Sebäbi ol meni ýigrenýär. Ýogsa men

özüme berlen soraglara dogry jogap berdim, ýöne ol meniň jogaplarymy nädogry hasap etdi.

Derýaýewi kontrrewolýusioner, troskiçi-milletçi diýip, hasap etmek gerek we institutdan onuň gümüni çekmek gerek…

…Ol özüniň «Ganly penjede» atly romanynda 1915 — 16-njy ýyllary suratlandyranda bilkastlaýyn birnäçe syýasy ýalňyşlyklary goýberipdir. Munuň üstesine-de, romanyň ady kitabyň mazmuny bilen gabat gelmeýär.

Derýaýew bilgeşleýin batraklary, garyp adamlary düşünjesiz adamlar edip görkezjek bolupdyr. Men öňki çykyş eden ýoldaşlaryň ony işden boşatmak hakyndaky pikirleri bilen ylalaşýaryn - diýip, A. çykyş edipdir.

Garaz, ýygnakda onuň kärdeşleriniň we okuwçylarynyň, B. Garryýewden özgesi goldamandyrlar. Şonda H. Derýaýewiň özi çykyş edýär. Özüni goraýar. Emma ol ýekedi. Hiç kim onuň sözüni diňlemändi.

— 1932-nji ýylda öz makalamy ýazyp ýören wagtymda, köne dil bilimi okadylýan ýokary okuw jaýyny ýaňy tamamlapdym. Biz diliň marksistik teoriýasyna näbeletdik, şonuň üçinem men metbugatda köne dilçileriň nukdaý nazaryndan çykyş edipdim. Men şol döwürde özümiň ýalňyşlarymy boýun alybam çykyş edipdim.

Türkmen dili heniz doly işlenilmedik dil. Bizde-de hemmelerde-de ýalňyşlyklar bar… Meselem, Poseluýewskiniň «Turkmenskiý folklor» diýen kitabynda goýberilen ýalňyşlyklar hem meniňkiden az däl.

Men öz ýalňyşymy boýnuma alaryn, ýöne käbir ýoldaşlar meni nädogry aýyplaýarlar. Bu maňa gaty agyr degýär. Gurultaýyň materiallaryny redaktirleýşim barada şulary aýdyp bilerin: elbetde, men ýalňyş goýbermezim ýaly, materiallary ünsli hem oňat okamaly ekenim, men gurultaýyň rezolýusiýalaryny redaktirlemek işine syýasy taýdan seresapsyz çemeleşipdirin.

P. «Menden hiç zat soramady» diýip, aýdýar. Siz meniň soraglaryma asla jogap bermeseňiz näme! Onsoňam maňa Taýymow, Berdiýew bilen tanyş diýip, aýdýarlar, asla beýle däl. Olar maňa «Biz bilen ýygy aragatnaşykdady» diýip, aýtmazlar. Dogry, Berdiýew Daşkentde mugallymdy, ýöne men onuň elinde okamandym. Berdiýew meni kontrrewolýusion topara hem çekenok. Muňa «Ýewropaly toparlar bilen ýaramaz işleýär» diýip, aýtdylar, muny barlap göräýmek gerek, men olar bilen erbet işländirin öýdemok.

Men studentleri milleti boýunça hem bölemok, eger bardy-geldi böläýen hem bolsam, diňe bilim derejesi boýunça bölendirin. Fituni bir topar artykmaç zatlary aýtdy. Meselem, men oňa «Meniň üçin MK nämemişin» diýip, hiç haçan aýdamok. Meniň 1931-nji ýyldaky işlerimde ýalňyşlyklar bolupdy, olar känemdi, ýöne men bilkastlaýyn milletçi bolmandym.

Men aýtmaly ýerinde başga adamlaryň işleri hakynda hem aýdaryn…

Şondan soň ýygnak ol hakda karar edýär:

…Milli kadrlary taýýarlamak işine zeper ýetirdi. Derýa-


enedilim.com

ýew töweregine adam toplamaga synanyşdy hem-de olary «Türkmen işgärlerini tutdular» diýip, institutdan gitmäge yrjak bolup çalyşdy.

Derýaýew dil gurluşygy boýunça geçirilmeli dürli çärelere taýýarlyk işlerini başa bardyrmajak boldy. Baýlyýewi, Poseluewskini abraýdan gaçyrmaga çalyşdy. Derýaýew tutulmazlarynyň iň soňky gününe çenli Ata Nyýazow bilen Çaryýewiň öýünde Alyýew, Çaryýew, Şahberdiýew, Ata Nyýazow dagylaryň oturlyşyklaryna, arak içişligine gatnaşyp gezdi.

Giňeldilen ýygnak Derýaýewi institutda işlemäge mynasyp däl diýip, hasap edýär we direksiýadan Derýaýewi işinden boşatmagy hem-de onuň işini kontrrewolýusioner milletçi hökmünde degişli guramalara geçirmegi haýyş edýär.

Institutyň direksiýasyna we partguramasyna Taýymowyň işini kommunistik ýokary okuw jaýyndan milletparazçylygy üçin, milletçiler Pereňliýew, Derýaýew we başgalar bilen gatnaşyk edendigi üçin kowlan hökmünde, ara alyp maslahatlaşmagyny haýyş etmeli. Studentleriň arasynda syýasy taýdan ygtybarsyz adamlar bar we olar bilen gatnaşylanda hüşgär bolmaly, olaryň işini gündelik barlap durmaly.

Karar sesleriň köplügi esasynda, ýagny 21 adamyň ses bermegi bilen kabul edilýär.

H. Derýaýew 1937-nji ýylyň 11-nji oktýabr güni tussag edilýär.


enedilim.com

1937-nji ýylyň noýabrynyň 14-i güni DHU-nyň 4-nji bölüminiň operupolnomoçennysy[1], döwlet howpsuzlygy gullugynyň seržanty A. G. Aýrapetýan gr. B-any şaýat hökmünde sorag edýär. Ol özi hakynda şeýle maglumatlary beripdir: 1908-nji ýylda doglan, tatar, ýokary bilimli, sosial ýagdaýy boýunça gullukçy, partiýada däl, dil we edebiýat institutynyň direktory wezipesinde işleýär, Engels köçesiniň 55-nji jaýynda ýaşaýar.

*Sorag:* Siz Derýaýewi ir wagtdan bäri tanaýarmysyňyz, siz onuň bilen haçandan bäri tanyş?

*Jogap:* Hydyr Derýaýewi men 1929-njy ýylda Daşkentde OADU-nyň[2] gündogar fakultetinde bile okan wagtymyzdan bäri tanaýaryn, men onuň bilen şonda tanyşdym. Meni onuň bilen Bekgi Berdiýew diýen adam tanyşdyrypdy, şol döwürde ol Gundogar fakultetiniň dosentidi, ol biziň kursumyzy türk-tatar dilleri boýunça konsultirläpdi. 1930-njy ýylda men Daşkentden gaýtdym we Derýaýew bilen ýene-de Aşgabatda 1935-nji ýylda sataşdym.

*Sorag:* Bekgi Berdiýew häzirki wagtda nirede?

*Jogap:* Derýaýewden eşidişime görä Bekgi Berdiýew kontrrewolýusion hereketleri üçin sud edilip, 10 ýyl iş kesilip, Demirgazykda bir ýerlerde öz jezasyny çekýän bolmaly.

*Sorag:* Derýaýew bilen Bekgi Berdiýewiň gatnaşygy dogrusynda siz näme bilýärsiňiz?

*Jogap:* 1929-njy ýylda Bekgi Berdiýew Derýaýewi ukyp-

---

[1] Оперуполномоченный – оперативный уполномоченный.
[2] OADU – Orta Aziýanyň Döwlet Uniwersiteti.

ly hem-de geljegine umyt bildirýän student — türkmen hökmünde häsiýetlendirdi we maňa mälim bolşuna görä, olaryň arasynda jebis dostluk gatnaşyklary bolan bolmaly. Men Aşgabada gelenimden soňra iki gezek Derýaýewiň çakylygy bilen onuň öýünde boldum. Birinji gezek baranymda, biziň aramyzda Bekgi Berdiýew hakynda gürrüň ýüze çykdy. Gürrüň arasynda Derýaýew meniň häzir Bekgi Berdiýewiň niredeligi hakyndaky sowalyma göni jogap beresi gelmän gürrüňi başga ýana sowmak bilen boldy. Ikinji gezek baranymda, Derýaýew maňa Bekgi Berdiýew Derýaýewden öz maşgalasynyň nirde ýerleşýändigini habar bermegi, şonuň bilen birwagtda hem özüne 10 ýyl möhlet bilen iş kesilendigini aýdyp, türkmen kitaplaryny ibermegini soraýardy. Hatdaky Bekgi Berdiýewiň bir jümlesi hasam ünsüňi özüne çekýärdi, ol Derýaýewiň ylmy hem döredijilik işleri hakynda sorap, şeýle ýazýardy: «Sen henizem ozalkylaryň ýaly, biderek zatlar bilen meşgul bolup ýörmüň?». Gürrüň arasynda Derýaýew menden «Bekgi Berdiýewe jogap bermek hatarly dälmi» diýip sorady, menem oňa: «Özüňiz bilýäňiz» diýip, jogap berdim.

Birnäçe wagt geçenden soň, Derýaýew maňa özüniň Bekgi Berdiýewe bir küt gazet we kitap iberendigini, ýöne soň bir zatlaryň bolaýmagyndan çekinip, özüniň adresini görkezmändigini aýtdy. Derýaýew meniň bilen gürrüň edende, «Bekgi Berdiýew ýaly ýerli milletden bolan şeýle akylly, talantly, ylymly adamlary uzak demirgazyga kowup, ähli işlerden gyrakladýarlar» diýip, nägilelik bildirip aýtdy.

*Sorag:* Türkmenistanda 1-nji lingwistik gurultaýa taýýarlyk görülýän wagtda Derýaýew nähili rol oýnaýardy?

*Jogap:* — Derýaýew gurultaýa taýýarlyk işine orfografik we terminologik komissiýanyň çleni hökmünde goşulypdy.

*Sorag:* Derýaýewiň gurultaýa taýýarlyk görülýän mahalda we gurultaý geçýän döwürde kontrrewolýusion hereketi nämeden ybarat?

*Jogap:* — Gurultaýa taýynlyk görülýän döwürde Derýaýew buržuaz ideologiýasynyň kontrrewolýusionerleri Böriýew, Geldiýew we beýlekileriň hem goldaýan, dil gurluşynda feodal döwründen galan köne ýazuw diliniň möwritini geçiren formalaryna salgylanyp, özüni reaksioner adam hökmünde görkezdi. Ilkibaşda Derýaýew orfografik reforma bütinleý garşy bolup, birdenem onuň ölemen tarapdary bolup, ilkibaşdaky proektleriň, düzgünnamalaryň ählisi bilen ylalaşyp otyr. Orfografik kadanyň proekti Derýaýewiň hut özüniň hem gatnaşan komissiýasy tarapyndan biragyzdan makullanylandan soňra, gurultaýyň açylmagyna birki gün wagt galanda Derýaýew Baýlyýewi hem öz tarapyna çekip, «Sowet Türkmenistany» gazetinde hut özüniň hem birnäçe gün mundan ozal kabul eden şol esaslaryna garşy çykyş edýär. Gurultaý gidip duran mahalynda, Derýaýew gurultaýy ýalňyşlyga eltjek bolup, birnäçe gezek synandy. Emma oňa beýle etmek başartmady. Haçan-da gurultaýda Derýaýewiň prowokasion ugry paş edilenden soňra, ony HKS-nyň başlygynyň ozalky orunbasary Sähedow öz ýanyna çagyrdy, ol Derýaýewe degerli görkezmäni beren bolarly,

 enedilim.com

çünki, Derýaýew Sähedowyň ýanyndan çykandan soňra, özüni seresabrak alyp bardy. Netijede, Derýaýewiň gurultaýyň rezolýusiýalaryny redaktirlemek we çapa taýýarlamakda eden zyýanly hereketleri paş edilenden soňra, Sähedow Derýaýew barada meniň bilen eden gürrüňinde, meniň isleglerimiň iň ýönekeý meseleleri hem çylşyrymlaşdyrjakdygyna salgylanyp, Derýaýewiň tarapyny çaldy hem-de öz ýanyna Derýaýewiň iberilmegini sorady, şondan soňra Derýaýew ganatlanan ýaly boldy we öz eden işlerinden birjigem müýnürgemän, özüni gaty arkaýyn duýdy.

*Sowal:* — Derýaýewiň gurultaýyň kararlaryny redaktirlän mahalynda alyp baran kontrrewolýusion hereketi nämeden ybarat?

*Jogap:* Derýaýewiň kontrrewolýusion hereketi, onuň gurultaýyň rezolýusiýalaryny redaktirlände goýberen ençeme grammatik ýalňyşlyklaryny hasaba almanyňda-da, bilkastlaýyn goýberen syýasy we ylmy ýalňyşlardan ybarat. Bu zatlary etmek bilen ol gurultaýyň işini abraýdan gaçyrmak, iň soňunda bolsa, onuň ähli işini puja çykarmak isledi. Ol öz günäsini gizlemek maksady bilen, korrekturanyň sahypalarynda familiýasyny goýmandyr, redaktor Derýaýewiň gol çeken golýazmasynyň asyl nusgasy bolsa, birden ýitirildi hem dil we edebiýat instituty tarapyndan alnyp barlan uzaga çeken irginsiz gözleglerden soň, korrektor Ysmaýylowyň stolundan tapyldy.

Meniň adymdan ýazylan sözler dogry, protokoly okadym. *[Gol]*


enedilim.com

* * *

1937-nji ýylyň dekabr aýynyň 3-i güni DHU-nyň 4-nji bölüminiň operupolnomoçennysy, döwlet howpsuzlygy gullugynyň seržanty Ýerastenkow günäkär hökmünde aýyplanýan Hydyr Derýaýewden sorag edýär.

Aýaly Derýaýewa Kümüş 22 ýaşynda, öý hojalykçy, Aşgabat şäherinde ýaşaýar, ogly Derýaýew Eziz, 5 ýaşynda, ejesi bilen Aşgabatda ýaşaýar.

*Sorag:* Türkmen pedagogiki institutyndan, mugallymçylyk käriňizden näme sebäpli boşadyldyňyz?

*Jogap:* Türkmen pedagogiki institutyndan mugallymçylyk kärimden men kontrrewolýusion-milletçilikli hereketlerim üçin boşadyldym.

*Sorag:* — Derýaýew, idelogiýa frontunda alyp baran kontrrewolýusion-milletçilikli hereketleriňiz barada gürrüň beriň.

*Jogap:* Ideologiýa frontunda meniň kontrrewolýusion--milletçilikli hereketim esasan şulardan ybarat:

1. 1932-nji ýylda men bir makala ýazdym, ol «Kommunistler magaryfy» žurnalynyň 1932-nji ýyldaky 19 — 20-nji sanlarynda «Köne türkmen edebi dili» ady bilen çykdy. Şol makalamda men şol döwürlerde edebiýatda hem, «T. A» guramasynyň kontrrewolýusioner-milletçileriniň ylmy işlerinde hem alyp barlan kontrrewolýusion-milletçilikli ideýalary metbugat sahypasynda açyk girizdim. Men öz makalamda «Edebi dil edinmek diňe eliňde ykdysadyýeti hem, syýasaty hem jemläp bilen ýeke-täk özbaşdak döwlet

bolan ýagdaýynda, apparatda hem diňe bir dil ulanylan ýagdaýynda mümkindir» diýip, ýazdym.

Şondan soň, ýazan şol makalam meni milletçi hökmünde paş edenden soň, men öz makalamda hakykatdan hem kontrrewolýusion-milletçilikli ideýany girizendigimi we şol zerarly özümiň ýalňyşandygymy boýun alyp, metbugatda ýörite çykyş etdim.

1936-njy ýylda maňa 1-nji lingwistik gurultaýyň rezolýusiýalarynyň terjimesini redaktirlemek tabşyrylanda, men birnäçe syýasy hem ylmy ýalňyşlyklary goýberdim, men özümiň biperwaýlyk edendigimi boýun alýaryn.

Şu sanan faktlarymdan başga men hiç hili kontrrewolýusion-milletçilikli hereket bilen meşgullanmadym.

*Sorag:* Siz ýalan sözleýärsiňiz. Haçan-da Aýtakow, Atabaýew we beýleki kontrrewolýusion-milletçiler paş edilen döwürlerinde, siziň studentleriň arasynda yzygiderli kontrrewolýusion-milletçilikli propagandany geçirendigiňiz hakynda bizde derňew maglumatlary bar. Siz şonda «türkmen aktiwini tussag edýärler, apparat ruslaşyp barýar» diýibem aýdypsyňyz. Öz milletçilikli propagandaňyz hakynda görkezme beriň.

*Jogap:* Men muny inkär edýärin. Men hiç hili milletçilikli propaganda geçiremok.

*Sorag:* Siz tutulan günüňize çenli kontrrewolýusioner-milletçilerden kimler bilen aragatnaşyk sakladyňyz?

*Jogap:* Men hiç milletçi bilen hem aragatnaşyk saklamok.

*Sorag:* Bekgi Berdiýew bilen näme?

*Jogap:* Bekgi Berdiýew bilen men diňe hat aragatnaşygyny saklapdym, ol iş kesilenden soňra konslagerde gezip ýören ýerinden maňa bir hat iberdi, emma men Bekgi Berdiýewiň hatyna jogap bermedim.

Meniň adymdan dogry ýazylan protokol bilen tanyşdym. *[Gol]*

* * *

Hydyr Derýaýew bary-ýogy bir gezek sorag edilipdir. Olam otuz ýediň 3-nji dekabrynda. 5-nji dekabrda bolsa ol üçlügiň karary bilen 10 ýyl azatlykdan mahrum edilipdir. Hydyr aga 1939-ny ýylyň 5-nji sentýabrynda Ulan-Udede bendilikde gezip ýören ýerinde SSSR Prokuraturasyna şikaýat bilen ýüzlenipdir. Netije bermändir. Ýöne şondan soň aradan ep-esli wagt geçirip, döwlet howpsuzlygynyň sülçüleri H. Derýaýewiň işi bilen baglanyşykly öňki şaýatlardan täzeden sorag edýärler.

Soň dürli ýyllarda bu iş bilen bagly şaýatlardan sorag etmeleriň protokollaryny H. Derýaýewiň ömrüniň pajygaly döwrüniň «ak tegmilini» aýyl-saýyl etmäge nepi deger niýeti bilen bolşy-bolşy ýaly okyjylara hödürleýärin.

*Soragyň protokoly:* 1941-nji ýylyň 2-nji aprel güni men, ýagny TSSR DHK-niň[1] derňew bölüminiň sülçüsi, döwlet howpsuzlygynyň seržanty Semençenko graždanin K-ni şaýat hökmünde sorag etdim.

[1]DHK – Döwlet halk komissarlygy.

Şaýada galp maglumatlar berse, TSSR JK-nyň 73-nji maddasy bilen jogapkärçilige çekiljekdigi duýduryldy.

*Sorag:* Hydyr Derýaýewi tanaýaňyzmy?

*Jogap:* Hydyr Derýaýewi men 1932-nji ýyldan[1] onuň tussag edilen gününe — 1937-nji ýyla çenli tanaýan. Aşgabadyň türkmen pedinstitutynyň mugallymy bolup işledi. Men 1931-nji ýyldan 1934-nji ýyla şol institutyň studentidim. Ol bize häzirki zaman türkmen dilinden sapak berdi. 1934-nji ýylda instituty tamamladym, oňat okanlygym üçin meni institutda işe alyp galdylar. Derýaýew bilen men onuň tussag edilen gününe çenli bile işledik.

*Sorag:* Size onuň sosial gelip çykyşy hakda nämeler bilýäňiz?

*Jogap:* Sosial gelip çykyşyna näbelet.

*Sorag:* Hydyr Derýaýewiň syýasy garaýyşlary nämeden ybaratdy?

*Jogap:* Pedinstitutda okaýan döwürlerim institutyň mugallymy, ol häzirem institutda işleýär; dosent B. (biz onuň bilen ýoldaş hökmünde gowy gatnaşykdadyk) maňa Derýaýew hakda şu zatlary gürrüň berdi: Hydyr Derýaýew Daşkentde SAGU-da[2] okaýan döwürleri Bäşim Torumow, Garahanow we beýleki milletçiler bilen gatnaşykda bolupdyr.

Gizlinlikde milletçilikli edebiýatlary ürç edip okady. Muny men hut öz gözüm bilenem gördüm. Bir gezek onuň

[1]Şaýat 1937-nji ýylyň 15-nji noýabr güni sorag edilende H. Derýaýewi 1931-nji ýyldan onuň pedinstituta işe gelen wagtyndan bäri tanaýaryn diýip görkezme berýär.

[2]САГУ — Среднеазиатский государственный университет.


enedilim.com

öýüne baramda studentleriň birnäçesi kitap okap oturan ekenler. Olar meni gören batlaryna kitaby gizlemek bilen boldular. Hydyr Derýaýew mugallym hökmünde tireparazlyk edýär. Bir tiräniň wekillerini gowy görýär, beýleki bir tiräniň wekillerini ala tutýar. Çärjew topar raýonlarynda ýaşaýan ärsary tiresinden bolan adamlaryň üstünden gülüp, erbet baha goýýar, tekeleri bolsa arşa göterýär. Teke edebi diliň özenidir diýýär. Şunlukda iki taýpanyň wekilleriniň arasynda oňuşmazlyk emele gelýär.

*Sorag:* Onuň institutyň pedagogy hökmünde dil we edebiýat meýdanynda kontrrewolýusion-milletçilikli işleri hakda anyk mysallar getirip biljekmi?

*Jogap:* Onuň kontrrewolýusion-milletçilikli işleri şundan ybaratdy: haýsy ýyldygy ýadymda däl. Ýöne, onuň mugallym bolup işleýän wagty, ol respublikan metbugatda makala bilen çykyş etdi. Makalaň ady ýadyma düşenok.

Ýöne mazmuny dil gurluşygy hakyndady. Özem şo makalasynda ol türkmen dili Oktýabr rewolýusiýasyndan öň emele geldi, ýagny türkmen döwlet dili Oktýabr rewolýusiýasyndanam öň bardy.

Şeýle ýazmak bilen Derýaýew milletçilikli pikiri öňe sürdi diýip, netijä gelýän. Ol, Oktýabr rewolýusiýasynyň roluny, milli respublikalary we bir bitewi edebi dili Sowet häkimiýetiniň döredendigini inkär edýär.

Ikinji mysal. Derýaýew «Kommunistler magaryfy» žurnalynyň 1932-nji ýylyň 19 — 20-nji sanlarynda çap edilen makalasynda özüni milletçi hökmünde has-da aýdyň edýär.

Bu žurnalda ol «Köne türkmen edebi dili» diýen makala bilen çykyş edip, diňe garaşsyz döwlet bolup, ykdysadyýetem, apparatdaky syýasatam bir elde jemlenende, diňe bir dil ulanylan ýagdaýynda edebi dili gazanyp bolar diýip, ýazdy.

Meniň adymdan ýazylanlar dogry, soragyň protokolyny okadym, aşagyna golumy goýýaryn. *[Gol]*

* * *

*Soragyň protokoly:* 1941-nji ýylyň 5-nji aprel güni, Men — TSSR Döwlet howpsuzlygy komitetiniň derňew bölüminiň sülçüsi, Döwlet howpsuzlygynyň seržanty Semçenko graždanin S-ni şaýat hökmünde sorag etdim. Şaýat galp maglumatlar berse, TSSR JK-nyň 73-nji maddasy bilen jogapkärçilige çekiljekdigi duýduryldy.

*Sorag:* Siz Hydyr Derýaýewi tanaýarmysyňyz?

*Jogap:* Hydyr Derýaýewi men 1932-nji ýyldan bäri tanaýaryn. Birnäçe gezek iş salyşdyk. Men birnäçe ýola onuň öýünde boldum, ol birnäçe ýola meň öýümde boldy. Ýygnaklarda zatda bile bolundy. Ol TPI-de türkmen dili mugallymy bolup işleýärdi. Men bolsam Komwuzda türkmen dili mugallymydym. Soň Döwlet neşirýatynda işledim. Onuň türkmen dili hakdaky okuw kitaplaryna redaktorlyk etdim. 1936-njy ýylyň ortalarynda täze elipbiýe geçmek hakdaky komitetde işledim. Derýaýew bolsa Dil we edebiýat institutynda işleýärdi. Biziň işimiz täze elipbiý bilen berk baglanyşyklydy.

1937-nji ýylda TSSR Döwlet howpsuzlygy gullugy tarapyndan Derýaýew tussag edildi. Şondan 20-25 gün öňi TPI-niň dil we edebiýat fakultetinde studentleriňem gatnaşmagynda Derýaýew milletçi hökmünde ara alyp maslahatlaşyldy we ol institutdan işden kowuldy.

*Sorag:* Hydyr Derýaýewiň dil we edebiýat meýdanynda hem-de TPI-niň mugallymy hökmünde kontrrewolýusion--milletçilikli işleriniň anyk mysallaryny bilýäňizmi?

*Jogap:* 1932-nji ýylda «Kommunistler magaryfy» žurnalynyň 19 — 20-nji sanlarynda köne türkmen edebi dili bilen baglanyşykly sözbaşyly Derýaýewiň makalasy çap edildi. Ol makalasynda «Edebi dile nähili düşünmeli?» diýip ýazdy...

Makala çykandan soň men edebi dile milletçilikli garaýşyň bardygyny bada-bat duýdum. Şonuň üçinem 1932-nji ýylda Derýaýewiň makalasynyň garşysyna tankydy makala bilen çykyş etdim. Derýaýewiň edebiýatda öz milletçilikli propagandasyny ornaşdyrmakçy bolandygy hakdaky pikirimi häzirem tassyklaýan. Derýaýew şo makalasyny ýazanda «Kommunistler magaryfy» žurnalynyň jogapkär redaktory Esen Soltannyýazowdy. Ol 1937-nji ýylda TSSR Içeri işler halk komissarlygynyň organlary tarapyndan tussag edildi.

Mundan başga-da Derýaýewiň milletçilikli garaýyşlary 1936-njy ýylda-da belli boldy. Birinji lingwistik gurultaýdan soň, onuň rezolýusiýasyny redaktirlemek Derýaýewe tabşyryldy. Ol redaktor döwründe birgiden syýasy we milletçilikli ýalňyşlyklara ýol berdi. Bu babatda häzir anyk mysallar ýadymda ýok. Ýöne onuň redaktorlyk işi syýasy

taýdan yrgalygy sebäpli püçege çykaryldy. Rezolýusiýanyň metbugatda 6 aý giç çykmagyna sebäp boldy.

Tussag edilmezinden öň Derýaýew «Ganly penjede» ady bilen türkmen dilinde roman ýazdy. Kitap doly çap edilip çykarylandan soň Glawlit[1] ony biderek zat hökmünde saklap, satuwa çykartmady.

*Sorag:* Hydyr Derýaýew milletçileriň haýsy biri bilen gatnaşykdady?

*Jogap:* Derýaýew TK(b)P MK-nyň metbugat bölüminiň müdiri, «Kommunistler magaryfy» žurnalynyň öňki jogapkär redaktory milletçi Esen Soltannyýazow bilen ýakyn gatşykdady. Ol 1937-nji – 38-nji ýyllarda TSSR IIHK-nyň organlary tarapyndan tussag edildi. Derýaýewiň maňa gürrüň bermegine görä, onuň Esen Soltannyýazow bilen gatnaşygy gowy eken. Makala ýazsa, maslahatlaşýar ekenler. Çeper eserleriniň hem golýazmasyny ilki şoňa okadypdyr.

Pedinstitutyň mugallymy Baýlyýewiň aýtmagyna görä, Derýaýew Daşkentde Orta Aziýa döwlet uniwersitetinde okaýan wagty milletçi Bekgi Berdiýew bilen gowy gatnaşykda bolupdyr. Soňkyň kakasy Emir Hoja milletçi hökmünde atylypdyr.

Derýaýew mundan başga-da IIHK-nyň organlary tarapyndan tussag edilen Garahanow bilenem gowy gatnaşykdady. Ol tutulmazyndan öň doktor bolup işledi. Ýöne haýsy keselhanada işlänini we näme üçin tutulanyny anyk

[1] Главлит — Главное управление по делам литературы и издательств.

bilemok.

1937-nji ýylda basylan Muhammetmyrat Nepesliýew bilenem ol şeýle gatnaşykdady. Ýöne onuňam näme üçin basylanyny bilemok. Ol TSSR HKS-niň ýanyndaky sungat işleri uprawleniýesinde işleýärdi.

*Sorag:* Başga nähili görkezme berip biljek?

*Jogap:* Başga zat aýdyp biljek däl. Meniň adymdan ýazylan sözler dogry, okap, gol çekdim. *[Gol]*

## 50974-nji nomerli arhiw-derňew işiniň zaklýuçeniýesi

Hydyr Derýaýew 1929-njy ýylda Daşkentde okaýarka milletçiler bilen ýakyn aragatnaşykda bolup, bilelikde kontrrewolýusion işleri alyp barandygy, soň Aşgabatda pedinstitutda işlän wagty edebiýatda we praktiki işinde milletçilikli wagyz-nesihatyny alyp barandygy üçin 1937-nji ýylyň 5-nji dekabrynda Türkmenistan SSR-niň IIHK-siniň üçlüginiň karary bilen günäkärlenildi. 1936-njy ýylda Lingwistik gurultaýyň kararlaryny redaktirlände milletçi-kontrrewolýusion häsiýetdäki ýalňyşlyklary bilgeşleýin öňe sürdi, şeýlelik bilen ol kararlaryň öz wagtynda çap edilmegine göz-görtele päsgelçilik berdi. Milletçileriň paş edilýän wagty ol aç-açan olary gorap çykyş etdi.

Ine, şulara laýyklykda Derýaýew zähmet-düzediş lagerinde jezasyny çekmek bilen 10 ýyl möhlet bilen tussag edildi.

Derýaýew SSSR Prokurorynyň adyna iberen şikaýatynda özüniň hiç haçan milletçi bolmandygyny, nähak basylandygyny, işlän döwründe goýberen ýalňyşlyklarynyň bolsa tejribesizliginiň, geleňsizliginiň netijesidigini, ýalňyşlyklaryň bilgeşleýin däldigi, şonuň üçinem onuň işine gaýtadan seredilmelidigini ýazypdyr.

TSSR Prokuraturasynyň 1940-njy ýylyň 4-nji dekabryndaky zaklýuçeniýesine görä, Derýaýewiň işiniň derňewiniň doly däldigi nazarda tutulyp, ol täzeden derňewe iberildi. Gaýtadan edilen derňewiň gidişinde 1941-nji ýylyň 2-nji aprelinde şaýatlaryň birinden sorag edilende ol 1937-nji ýylda Derýaýew bilen baglanyşykly beren maglumatyny tassyklady.

1941-nji ýylyň 5-nji dekabrynda täze sorag edilen şaýat bolsa 1932-nji ýylda Derýaýewiň makalasynyň kontrrewolýusion-milletçilik häsiýeti we 1936-njy ýylda birinji lingwistik gurultaýyň kararlaryny redaktirlände Derýaýew goýberen syýasy ýalňyşlary hakda görkezme berdi.

SSSR IIHK-siniň we Prokurorynyň 1941-nji ýylyň 2-nji iýulyndaky 7834-nji görkezmesiniň esasynda 1941-nji ýylyň 16-njy sentýabrynda onuň şikaýatyna gaýtadan seretmek bes edildi.

Derýaýewiň işine — onuň eden şikaýatyna görä, 1942-nji ýylyň 29-njy aprelinde TSSR Prokuraturasynyň karary bilen ýaňadan seredilip (şikaýat deloda ýok), şikaýat kanagatlanarsyz galdyryldy.

1955-nji ýylyň 18-nji martynda TSSR Prokurorynyň

orunbasary Derýaýewiň işini goşmaça derňemek üçin TSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky Döwlet howpsuzlygy komititine iberdi.

Derňewiň gidişinde ýaňadan sorag edilen şaýatlar 1937-nji ýylda beren maglumatlaryny tassykladylar…

Ýokarda aýdylanlaryň esasynda hasap edýärin:

Derýaýew Hydyr 1937-nji ýylda TSSR IIHK-siniň öňki üçlügi tarapyndan dogry basylypdyr, onuň işine täzeden seretmäge esas ýok, şikaýatyny kanagatlandyrmaga degişli däl.

TSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky DHK-nyň derňew bölüminiň uly sülçüsi, maýor Lebedew.

*Soragyň protokoly:* Şaýat K. 1955-nji ýylyň 30-njy apreli. Aşgabat ş. (Şaýadyň terjimehalyna degişli maglumatlar deloda bar). Başlandy 9 sag. 20 m. Gutardy 15 sag. 15 min.

*Sorag:* Hydyr Derýaýewi tanaýaňyzmy?

*Jogap:* Hydyr Derýaýewi men tanaýardym..

*Sorag:* Derýaýew hakda nämeler bilýäňiz?

*Jogap:* Derýaýewiň özi Mary oblastyndan… Ol tutulmazyndan öň pedinstitutyň dosenti B. özüniň Derýaýew bilen OADU-da okandygyny, Derýaýewiň Tumailowyň ýolbaşçylyk edýän troskiçi toparyna girendigini, başga-da bu topara Aman Kulynyň, Atajanow Merediň, Bugurçy Taýymowyň, Bäşim Topumowyň hem girendigini aýdypdy. Men bu adamlary tanamok. Ol adamlar hakda diňe B-dan eşitdim. Olaryň soňky ykbaly we ýaşaýan ýerleri maňa belli däl.

Ýaňky adamlaryň, şol sanda Derýaýewiň milletçilige ýugrulan kitaplary, troskiçileriň eserlerini okandyklaryny, Bakaýewiň, Zinowýewiň, Ýewdokimowyň gollary bilen ýoldaş Staline garşy ýazylan hatlary işläp geçendiklerini öz gözleri bilen görendigini B. maňa aýdypdy. Şeýle hem ol maňa Derýaýewiň soň milletçi hökmünde basylan Berdiýew bilen örän golaý gatnaşyk edendigini hem gürrüň beripdi. Ýokarda aýdylan zatlary men B-dan eşitdim...

*Sorag:* Derýaýewiň OADU-da okan döwri troskiçi topara goşulandygyny başga kim tassyklap biler?

*Jogap:* Men muny B-dan eşidendigimi öňem aýdypdym. Ýöne muny tassyklajak başga bir adamyň adyny tutup biljek däl.

— Protokoly okadym, meniň adymdan ýazylan sözler dogry. *[Gol]*

* * *

*Sprawka:* B.-wa M. I. tatar, 1908-nji ýylda Buhara şäherinde doglan, SSKP çleni, ýokary bilimli, 1937-nji ýylda Türkmenistan SSR IIHK-si tarapyndan jenaýat kodeksiniň 58 — 6, 58 — 7, 58 — 11 maddalary bilen tussag edilýär. 1938-nji ýylda aklanylýar. 1955-nji ýylda Moskwada ýaşaýar. Moskwa uniwersitetiniň SSSR halklarynyň edebiýatynyň kafedra müdiri.

*Soragyň protokoly:* 1955-nji ýylyň 12-nji maýy.

Başlanan wagty 11 sag. 50 min. — gutaran wagty 13 sag. 50 min.

*Sorag:* Size Derýaýew Hydyr tanyşmy?

*Jogap:* Hawa, tanyş.

*Sorag:* Derýaýew bilen tanyşlygyňyz we onuň bilen gatnaşyklaryňyz hakda aýdyň.

*Jogap:* 1925-nji we 1929-njy ýyllar aralygynda men Daşkendiň Orta Aziýa döwlet uniwersitetinde gündogar fakultetiniň Eýran bölüminde okadym.

Soňky kursda okap ýörkäm, uniwersitetiň gündogar fakultetiniň türk bölüminiň studenti Derýaýew bilen tanyşdyk. Ady we atasynyň ady ýadyma düşenok. Nähili ýagdaýda tanşanlygymyz hem häzir hakydamda däl. Biz bir-birimiz bilen student hökmünde tanyşdyk. Uniwersiteti tamamlanymdan soň men Moskwa gaýtdym. Aspiranturada okadym. Şo döwürde men Derýaýewe duşmadym. Ikilenç gezek men onuň bilen 1935-nji ýylda Aşgabatda duşuşdym. Şo wagta çenli men aspiranturany tamamlap, dil we edebiýat ylmy-barlag institutynyň direktory bolup işleýärdim. Şol bir wagtyň özünde men täze elipbiý boýunça Merkezi Komitetiň (megerem, Guramaçylyk komitetininiňdir — A. Ç.) başlygydym. 1935-nji ýylda Derýaýew Aşgabat pedinstitutynda işleýän eken. Aşgabatda biz onuň bilen birinji lingwistik gurultaýa taýýarlyk görmek we ony geçirmek baradaky çäreler işläp düzülende görüşýärdik.

*Sorag:* Derýaýew lingwistik gurultaýa taýýarlyk görmäge nähili gatnaşdy?

*Jogap:* Derýaýewe türkmen dilinde punktuasiýa düzgünleriniň taslamasyny taýýarlamak tabşyryldy. Mundan

başga-da Derýaýew beýleki ýoldaşlar bilen sintaksisi işläp düzmäge gatnaşdy. Ýalňyşmasam, Derýaýewi bize Aşgabat pedinstitutynyň professory Aleksandr Petrowiç Poseluewskiý hödürläpdi. 1949-njy ýylyň (1948-nji ýyl — A. Ç.) ýer titremesinde Poseluewskiý wepat boldy. Gurultaýyň öňüsyrasynda metbugatda Derýaýewiň punktuasiýa boýunça düzen taslamasy çap boldy. Gurultaýda ol bu taslama dogrusynda doklad bilen çykyş etdi. Mundan başga-da Derýaýew gurultaýyň öň ýanynda-da, gurultaý günlerem diliň dürli meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga gatnaşdy.

*Sorag:* Derýaýew gurultaýy taýýarlamakda we ony geçirmekde özüni nähili alyp bardy?

*Jogap:* Men haçan-da Türkmenistana işe gelemde, spesialist hökmünde üns beren zadym — edebi dil bilen gepleýiş diliniň arasyndaky ara tapawut boldy. Bir gezek men bu hakda professor Poseluewskiden soranymda, ol muny şeýle düşündirdi: birinji jahan urşundan soň, ýesir düşen türk ofiserleriniň köpüsi Türkmenistanda ýaşamaga galýar. Türkmenistanda Sowet häkimiýeti berkarar edilenden olaryň köpüsine birentek ugurlarda, aýratynam dil we edebiýat ugrunda işlemek başardypdyr. Ozalky türk ofiserleri türkmen edebi diline osman-türk diliniň elementlerini ornaşdyrmak baradaky syýasaty ýöredipdirler.

Türkmen edebi diliniň gepleýiş dilden çürt-kesik tapawudynyň esasy sebäbini şeýle düşündirmek bolar.

1935-nji ýylda men «Turkmenskaýa iskra» gazetine makala ýazyp, türkmen edebi diliniň orfografik we termino-


enedilim.com

logik ýagdaýyna täzeden garamak meselesini öňe sürdüm. Makala çap bolup çykandan soň, meni Türkmenistan K(b)P MK çagyrlylar. O ýerde men Plenumda doklad bilen çykyş etdim. Plenum türkmen dil gurluşygynda belli bir tertibi ýöretmek üçin lingwistik gurultaýy çagyrmak hakynda karar kabul etdi. Gurultaýa taýýarlyk görülýän döwürde iki pikir ýüze çykdy. Birinji pikiri öňe sürýänler orfografiýany we sintaksisi düýbünden täzelemeli diýseler, beýleki birler türkmen edebi diline berk ornaşan normalary saklamaly diýýänleriň tarapynda boldy. Onuň bu garaýşy punktuasiýa düzgünleriniň we sintaksisiň taslamasynda hem öz beýanyny tapdy. Gurultaýyň öňünçäsi taslama ara alnyp maslahatlaşylanda, Derýaýew taslamany täzeden işlemeli diýip, çykyş etdi. Derýaýew girizilen teklipleri nazara alyp, gurultaýa taslamanyň düzedilen görnüşini hödürledi.

*Sorag:* Derýaýew lingwistik gurultaýyň kararlaryny redaktirlemäge gatnaşdymy?

*Jogap:* Bu meň häzir ýadyma düşenok.

*Sorag:* Gurultaýyň kararlaryny çap etmekde päsgelçilik döredimi?

*Jogap:* Gurultaýdan soň şol iki tarapdarlaryň arasynda jedel gitdi. Ýöne, o jedeller esasy we prinsipial meseleler boýunça däl-de, ikinji derejeli zatlaryň töwereginde gitdi. Eýsem-de bolsa, kararlary durmuşa geçirmekde, dilde köne normalaryň galdyrylmagynyň tarapdarlary guramaçylykly garşylyk görkezip durmadylar.

*Sorag:* Siz Bekgi Berdiýewi tanaýarmysyňyz?

*Jogap:* Hawa, tanaýaryn. Haçan-da men Daşkentdäki Orta Aziýa Döwlet uniwersitetinde okaýarkam, Bekgi Berdiýew şo uniwersitetiň gündogar fakultetiniň dosentidi. Bekgi Berdiýew 1931-nji ýa-da 1932-nji ýylda tussag edildi.

*Sorag:* Bekgi Berdiýew Derýaýew bilen hat alyşýarmydy?

*Jogap:* Maňa Derýaýewiň Bekgi Berdiýewden bir gezek hat alandygy mälim. Muny maňa Derýaýewiň özi aýdypdy.

*Sorag:* Derýaýew Berdiýewden hat alandan soň Size näme gürrüň berdi?

*Jogap:* Näme gürrüň bereni doly ýadyma düşenok. Ýöne, Derýaýewiň Berdiýewiň tutulyşy hakda ýüregi awap gürrüň berşi ýadymda.

*Sorag:* 1937-nji ýylda Derýaýew bilen baglanyşykly Sizden sorag edipmidiler?

*Jogap:* Hawa, sorag edipdiler.

*Sorag:* 1937-nji ýylyň 14-nji noýabrynda soragda Derýaýew bilen baglanyşykly maglumatlaryňyzy tassyklaýarmysyňyz?

*Jogap:* 1937-nji ýyldaky soragda aýdan zatlarymy esasan tassyklaýaryn. Şo soragyň protokolynda Derýaýewiň Berdiýewden hat alandygy hakdaky fakt bolmaly. Bu hakykatdanam şeýle. Häzir bu fakt barada doly gürrüň berip biljek däl. Şeýle hem şo soragda men Derýaýewiň gurultaýyň öň ýanynda özüni alyp barşy hakda maglumat beripdim. O maglumaty men häzirem tassyklaýaryn. Ýadyma düşýär, Derýaýew gurultaýyň öňüsyrasy «Sowet Türkmenistany»

gazetinde makala bilen çykyş edip, diliň köne formalaryny gorady. 1937-nji ýylyň soragynyň protokolynda gurultaýdan soň Derýaýewiň Sähedowyň ýanyna çagyrylyşy hem-de meniň Sähedow bilen Derýaýew hakdaky gürrüňlerem bolmaly. Muny men doly ýadyma salyp bilemok, ýöne bu hakda öz beren maglumatlarymdan kes-kelläm ýüz öwremok.

1937-nji ýylyň soragynda Derýaýewiň gurultaýyň rezolýusiýasyny redaktirlemäge gatnaşandygy, şo bir halatda-da bilgeşleýin syýasy we ylmy ýalňyşlyklary goýberendigi görkezilipdi. Bu hakda men häzir doly güwä geçip biljek däl. Çünki Derýaýewiň gurultaýyň rezolýusiýasyny redaktirlemek işine gatnaşygynyň nämeden ybaratdygyny doly ýadyma salyp bilemok.

*Sorag:* Aýdylanlara ýene nämeler goşmakçy?

*Jogap:* 1937-nji ýyldaky soragyň protokolynda Bekgi Berdiýew bilen baglanyşykly Derýaýewiň aýdan şeýle sözleri bar: «Bekgi Berdiýew ýaly ýerli milletden bolan şeýle akylly, zehinli, ylymly adamlary uzak demirgazyga kowup, ähli işlerden gyrakladýarlar». Elbetde, häzir Derýaýewiň aýdan şo wagtky bu hakda aýdan zady sözme-söz ýadymda däl. Ýöne onuň mazmuny şeýleräkdi.

Meniň adymdan ýazylan sözler dogry, protokoly okadym. *[Gol]*

*Sorag eden:* Döwlet howpsuzlygy komitetiniň oblast uprawleniýesiň derňew bölüminiň sülçüsi, leýtenant Uşakow.

## Protest

Türkmenistan SSR IIHK-niň üçlüginiň 1937-nji ýylyň 5-nji dekabrynda karar etmegi bilen ZDL-e 10 ýyllyk möhlet bilen (JK maddasy görkezilmezden) ýyl kesilen.

Derýaýew 1929-njy ýylda Daşkent şäherinde okaýan döwründe milletçiler bilen ýygy gatnaşyk saklamakda, olar bilen birlikde kontrrewolýusion hereketleri alyp barmakda, edebiýatda we öz praktiki işinde kontrrewolýusion-milletçilikli propaganda geçirmekde; 1936-njy ýylda lingwistik gurultaýyň kararlaryny redaktirlän mahalynda, bilkastlaýyn milletçilikli «ýalňyşlyklary» girizmekde, şol gurultaýyň kararlaryny çap etmek işini bökdemekde; milletçiler paş edilen mahalynda olary gorap çykyş etmekde aýyplandy.

Üçlügiň karary we işiň önümçilikde ulanylmagy şu aşakdaky esaslara laýyklykda ýatyrylýar:

Işde Derýaýewiň hakykatdan hem antisowet hereketleri edendigine şaýatlyk edýän anyk subutnamalar ýok.

Işdäki şaýatlar B-wanyň, K. T. P., S-iň görkezmeleri şeýle subutnama hökmünde ulanylyp bilinmez, çünki ol şaýatlaryň Derýaýewiň milletçilikli hereket alyp barandygy hakyndaky görkezmeleri diňe öz çaklamalaryndan we pikirlenmelerinden ybarat, üstesine-de, olar hiç zat bilen tassyk bolmadyk.

Şol maglumatlar hasaba alnyp, baryp 1940-njy ýylda işi kesileniň şikaýatyny barlamak bilen baglanyşyklykda iş ýüzünde Derýaýewiň günälidigine güwä geçýän täze hiç

hili subutnamalaryň tapylmandygy üçin iş gaýtadan derňelmäge yzyna gaýtaryldy.

*(şahsy delosy 39-40).*

Derýaýewiň günälidigi 1955-nji ýylda geçirilen derňewiň materiallary esasynda hem tassyk bolmady.

Şu görkezilenlerden netije çykaryp hem-de SSSR-iň soýuz respublikalaryň döwlet hakyndaky kanunynyň 16-njy maddasyndan ugur alyp:

Türkmenistan SSR IIHK-niň üçlüginiň Hydyr Derýaýewiň işi hakyndaky 1937-nji ýylyň 5-nji dekabryndaky kararyny üýtgetmegiňizi hem-de aýyplamalaryň subut edilmändigi zerarly işiň bes edilmegini haýyş edýärin.

SSSR-niň Baş prokurorynyň orunbasary I klasly döwlet ýustisiýa geňeşçisi Salin. 1956-njy ýylyň 7-nji marty.

Ine, hormatly okyjylar, siz bir adamyň ykbaly esasynda şol döwrüň nähili ýowuz bolandygyna özüňiz göz ýetirdiňiz. Emma, şular ýaly ajy ykballar onam däl, ýüzem, müňlerçe. Ol adamlaryň hersi hakynda gürrüň etmäge bir adam ömri ýetmez. Taryhymyzyň şular ýaly tragiki sahypalaryny biz hiç haçan unutmaly däldiris.

Hydyr Derýaýewiň soňky ykbaly özüňe mälim, hormatly okyjy. Başda 10 ýyllyk möhlet bilen zähmet-düzediş lagerine iberilen «halk duşmany» Hydyr Derýaýewe ýigrimi ýyldan soň Aşgabada dolanyp gelmek miýesser etdi. «Ykbal» romany onuň adyny bütin Soýuza mälim etdi.


enedilim.com

Ýetmişinji ýyllaryň ahyrynda ol bir gezek şo döwürde meniň işleýän «Edebiýat we sungat» gazetime geldi. Ýeke özüm kabinetimde işläp otyrdym. Men onuň bilen gadyrly salamlaşdym. (Ýalňyşmasam, megerem, ol şo wagtlar TSSR Ýazyjylar soýuzynyň prawleniýesiniň başlygynyň orunbasary bolup işleýärdi). Ozal ýaşulyny men ýygnaklarda, zat-da görýärdim. Hiç haçan ýüzbe-ýüz oturyp gürleşmändik. Hal-ahwalymy soraşdyrdy, ondan-mundan gürrüň etdik. Ol gürrüňiniň bir ýerinde ellinji ýyllaryň ahyrlarynda sürgünden dolanyp gelende pedinstitutyň direktorynyň ýüzbe-ýüz gelende özüni tanamazlyga salandygyny aýtdy. «Ýogsam, men ony otuzynjy ýyllarda pedinstitutda okadypdym» diýdi. (Soň ol adam Hydyr Derýaýewiň Hydyr Derýa wagtynda öz hormatly mugallymy hakynda göwrümli oçerk hem ýazdy. Ýeri gelende aýtsak, 1937-nji ýylda pedinstitut-da «milletçi-kontrrewolýusioner» Hydyr Derýany ara alyp maslahatlaşanlarynda ol student ilkinjileriň biri bolup, öz mugallymyny işden kowmalydygy hakdaky teklibi goldapdyr).

Şonda men Hydyr agadan otuz ýedinji ýylda ýygnalan «Ganly penjede» atly kitabynyň nädip saklanyp galandygyny soradym. Ol maňa «Bir gezek Ýakup Nasyrla duşdum. «Hydyr, alada etme. Kitabyň bir ekzemplýary mende» diýdi. Ol şunça ýyllap aşhanasynda örülip goýlan kitaplaryň iň aşagynda meniň kitabymy gizläp saklan ekeni» diýdi.

Hydyr aganyň doglan gününiň 75 ýyllygy bellenende men telewideniýede edebi-drama gepleşikler redaksiýa-


enedilim.com

synda baş redaktor bolup işleýärdim. Ýubileý gepleşigi taýýarlananda ony öz öýünde surata düşürdik. Özüniň okamagynda ýigriminji ýyllarda ýazan Amyderýa hakdaky poemasyndan bölek okatdyk. Men şondan soň Hydyr aga bilen ikiçäk gabat gelişmedim. Ýöne onuň surata düşürilen ýazgysyny hem-de mehaniki ýazgysyny öz arhiwimde aýawly saklap ýörün.

*1991.*

# MAZMUNY


| | | |
|---|---|---|
| **I** | **«Daş daşa degdi»** | **1** |
| **II** | **Ýaşuly žurnalist** | **11** |
| **III** | **«Gerdişi keç gahba pelek elinden...»** | **18** |
| **IV** | **Ömür derýasy** | **36** |
| **V** | **Balyş Öwezow** | **80** |
| **VI** | **Bir soragyň 20 ýyllyk sütemi** | **106** |

**Allaýar Çüriýew**
**Bir soragyň ýigrimi ýyllyk sütemi**
Taryhy-publisistik oçerkler
Meşrep – 1993

—

Redaktorlary *Annameret Durdymämmedow, Täzegül Ataýewa*
Suratçy *H. Agalyýew*
Tehnik redaktory *Mämmet Monaýew*
Korrektory *O. Ýazmämmedowa*

—

PDF-a geçirildi 01.12.2018.
«Enedilim.com» sahypasynyň kitaphanasy.

—

Bu kitapdaky maglumat "bolşy ýaly" esaslarda, kepilliksiz getirilýär. Bu iş taýýarlananda ähli seresaplyk çäreleri görlen hem bolsa, ne awtor(lar), ne «Enedilim.com» sahypasy bu işdäki informasiýa sebäpli çekilen göni ýa gytaklaýyn ýitgi ýa zelel üçin hiç bir adamyň ýa guramanyň öňünde jogapkärçilik çekmeýär.